TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI
Aman Kekilow adyndaky Mugallymçylyk mekdebi

# Çeper el zähmeti we konstruirleme

MUGALLYMÇYLYK MEKDEPLERI ÜÇIN OKUW GOLLANMA

TAÝÝARLAN: ZÄHMET MUGALYYMLARY
G.HOJAMUHAMMEDOWA, A.ABDULLAÝEWA

AŞGABAT | 2019ý.

**Aman Kekilow adyndaky Mugallymçylyk mekdebiniň mugallymçylyk geňeşinde tassyklandy**

# ÇEPER EL ZÄHMETI we KONSTRUIRLEME

**dersinden mugallymçylyk mekdepleri üçin okuw gollanmasy**

**Taýýarlan: zähmet mugallymlary G. Hojamuhammedowa, A.Abdullaýewa**

**Aşgabat - 20l9ý.**

## Giriş

Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň “Türkmenistanda bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakyndaky” Permanynyň (15.02.2007ý.) hem-de ”Bilim – terbiýeçilik edaralarynyň işini kämilleşdirmek hakyndaky” (4.03. 2007ý) Kararynyň talaplaryna laýyklykda, Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe, “Zähmet okuwy boýunça tejribelik” dersiniň Mugallymçylyk mekdepleriniň talyplaryna mekdebe çenli çagalar edaralarynda işlemek üçin zerur bolan döwrebap bilim bermek, olaryň tejribelik ukyplaryny kämilleşdirmek hem-de çagalary zähmet terbiýesine dogry taýýarlamak usullaryny ele almaklaryny gazanmak wajyp meseleleriň biri bolup durýar.

Mekdebe çenli ýaşly döwründen her bir çaga zähmet işine gatnaşyp başlamalydyr Onuñ çagalar bagynda we maşgalasynda ýerine ýetirýän çylşyrymly bolmadyk borçlary gündelik ýerine ýetirilýän işe öwrülmelidir. Diñe şu şertiñ bolmagynda zähmet çagalara bellibir derejede terbiýeleýji täsir edýär. Olaryñ zähmetiñ ahlak tarapyna añ ýetirmegine ýardam edýär.

Çagalar baglarynda bakja topar, kiçi topar, uly topar, mekdebe taýýarlaýyş toparlary bolup, olarda dürli sapaklaryň üsti bilen zähmet çekmek bilen tanyşdyrmaklyk maksada laýykdyr. Aýratyn hem daş-töwerek we tebigat bilen tanyşmak sapagynyň üsti bilen giň mazmunly zähmet terbiýesiniň berilmegi ata Watana, ene topraga söýgi we zähmete höwes döretmekden ybaratdyr.

Mekdebe çenli ýaşdaky çaga üçin oýun esasy iş bolup durýar. Oýnasy gelýän kiçijik çaga zähmet çekmegi öwretmek üçin terbiýeçilik-bilim işini nähili guramak gerek? Bu ýaşyna mahsus bolan oýun oýnamaga bolan gyzyklanmasyny saklap, onuñ işjeñligini zähmet çekmäge bolan islegini kemala getirer ýaly ugrukdyrmak zerurdyr.

Mekdebe çenli ýaşdaky çagalaryñ zähmet terbiýesiniñ maksatnamalaýyn wezipelerini birnäçe toparyñ çäklerinde birleşdirip bolýar.

Birinji bakja topara ulularyñ zähmetine çaganyñ oñyn garaýşyny terbiýelemek, olara güýjüniñ ýetdiginden kömek bermäge ymtylmak, zähmetiñ netijelerine gyzyklanma bildirmek ýaly wezipeler girýär. Bu wezipeler çagalar bagynyñ ähli ýaşdaky toparlarynda amala aşyrylýar.

Şunuñ bilen birlikde, durmuşda zähmet çekmegiñ zerurdygy, ulularyñ zähmetine bolan gatnaşyk, zähmetiñ jemgyýetçilik häsiýeti, zähmet çekmegiñ, biriniñ aladasyny etmegiñ, töweregindäkilere ünsli bolmagyñ nähili gowy zatdygy babatda ahlak düşünje baradaky garaýyşlar çagalarda kemala gelýär.

Zähmet endiklerini kemala getirmäge we olary mundan beýläk kämilleşdirmäge, zähmet işiniñ mazmunyny kem-kemden giñeltmäge, şeýle hem oñaýly, çeýe, ýeterlik derejede çalt depginde işlemek başarnygyny ele almaga gönükdirilen wezipeler ikinji kiçi topary düzýärler.

Ol ýa-da beýleki zähmet endiklerini çagalarda terbiýelemegiñ olary ahlak babatda ösdürmek wezipelerini çözmek üçin ýeterlik däldigi öz-özünden düşnüklidir. Ýöne şeýle terbiýäniñ ähmiýeti çaganyñ şahsyýetini kemala getirmekde az däldir. Sebäbi islendik endigi ýa-da başarnygy ele almak prosesi hemişe çagada erkiñ, tutanýerliligiñ maksada okgunlylygyñ ýüze çykmagy bilen utgaşýar. Eger kiçi ýaşly çagalar toparynda çagada haýsydyr bir endigi kemala getirmek wezipesi öñde goýulýan bolsa, onda şeýle wezipe çaganyñ ýaşy ulaldygyça hökman kem-kemden çylşyrymlaşdyrylmalydyr:

- işiñ hiline, depginine, öz-özünden guralyşyna, işewürlik, ugurtapyjylyk görkezmegine;
- zähmet boýunça gollanmalary, gurallary, predmetleri ulanyp bilmegine;

- olary arassa, degerli tertipde, belli bir ýerde saklamak endiklerine, başarnyklaryna bildirilýän talaplar ýokarlandyrylmalydyr.

Wezipeleriñ **üçünji orta topary** çagalarda käbir şahsyýetlik häsiýetlerini, zähmete yhlas etmek, jogapkärçilik, aladaçyllyk, tygşytlylyk, zähmete gatnaşmaga taýýarlyk endiklerini terbiýelemäge gönükdirilendir.

Zähmete yhlas etmek endigini kemala getirmek wezipesi çagalar bagynyñ orta toparlarynyñ maksatnamasynda göz öñünde tutulýar. Bu bolsa aýratyn borçnamalary orta toparynyñ terbiýeçisiniñ wezipesi bolup durýar we – 4-5 ýaşly çaganyñ her birinde yhlasly zähmet çekmek başarnygyny kemala getirilmelidigine çuññur düşünmegini talap edýär.

Çagalar bagyndaky meýdançada gyzykly oýunlar bilen meşgul bolmaklary we oýnawaçlardan dürli öýjagazlary gurmaklary, çagalarda fiziki endiginiň bardygyny görkezýär.

Orta toparlarynda çagalara has ýokary talap bildirilmegi bilen bu wezipe çylşyrymlaşýar, olardan ýatladylmagyna garaşman, işden gaça durman, ýerine ýetirýän wagty zerur tutanýerlilik görkezip, gerek bolan halatynda zähmete goşulmak endigini ýüze çykarmak talap edilýär.

**Dördünji uly topar** öz işiñi we umumy işi guramak endiklerini – ähli gerekli zatlary öñünden taýýarlap bilmek, zähmet işi tamamlanandan soñ ulanylan zähmet gurallaryñ hemmesini öz degişli ýerinde, ilki bilen hapadan, tozandan arassalap goýmak, iş ornuny tertibe getirmek başarnygyny – terbiýelemek wezipelerinden ybarat bolýar.

Uly toparlarda çagalar öz işiñi we umumy işi meýilleşdirmegiñ ýönekeýje endiklerini – ol işleriñ yzygiderliligini kesgitlemek, işe gatnaşýanlaryñ arasynda işleri paýlap bermek, işden soñ bilelikde arassalaýyş işlerini geçirmek barada ylalaşmak başarnygyny kemala getirmek wezipesi öñde goýulýar.

Zähmet çekmegiñ dowamynda çagalaryñ arasynda oñyn özara gatnaşyklary kemala getirmek wezipesi **bäşinji mekdebe taýýarlaýyş topara** degişli bolýar. Munda köpçülikde ylalaşykly we agzybir işlemek,

biri-biriñe kömek etmek, deñ-duşlaryñ işine hoşmeýilli baha bermek, salykatly görnüşde bellik etmek we maslahat bermek ýaly başarnyklaryñ ýüze çykmagy göz öñünde tutulýar.

Zähmet terbiýesiniñ iş tejribesinden görnüşi ýaly, çagada zähmete bolan söýginiñ başlanmagy ir kemala gelýär we ol çagalarda özbaşdaklyga, işjeñlige, oýnuñ maksadyna, zähmet boýunça berlen tabşyryga garamagy ilkinji gezek ýüze çykan wagtyndan ulularỹñ olara döredýän şertlerine bagly bolýar. Maşgaladaky uly ýaşly adamlaryñ we çagalar bagynda çaga bolan şeýle garaýşy gabat gelýän halatlarynda zähmete bolan söýgini terbiýelemek has üstünlikli bolup geçýär.

Bellenen wezipeler biri-birinden üzñelikde däl-de, ysnyşykly özara baglanyşykda amala aşyrylýar. Pedagogik işde bu wezipeleriň toplumy bir wagtyñ dowamynda amala aşyrylýar.

Çagalara zähmet terbiýesiniñ wezipeleri mekdebe çenli çagalar edaralary tarapyndan şäher şertlerinde-de, oba şertlerinde-de amala aşyrylýar. Oba ýerinde gök önümleri ýetişdirmek, miweli agaçlary ekmek we dürli öý haýwanlaryny, guşlary, towşanlaryny, geçilerini we beýlekileri saklamak üçin giň meýdançalaryň bolmagy uly ähmiýete eýedir. Şäherdäki mekdebe çenli çagalar edaralarynyň özbolușlylygy oba hojalyk zähmetine aýratyn üns bermäge mümkinçilik döretmegine ýardam berýär. Geçirilýän terbiýeçilik işiniñ netijesinde çagalar diñe bir bilim almak bilen çäklenmän, eýsem, zähmet çekmek başarnyklaryny hem ele alýarlar. Mekdebe çenli çagalar edaralary gök önüm we bag ekilen meýdançalardan, öý haýwanlaryndan hakyky önüm (gök önümler, kartoşka, pomidor, miwedir iýmiş, şeýle hem towuk ýumurtgasyny we beýleki önümleri) alýarlar. Bu bolsa zähmetiñ hakyky netijesidir.

## 1. Çagalar bagynda zähmet howpsuzlygynyň umumy düzgünleri

2.Işi diňe terbiýeçiniň ýolbaşçylygynda ýerine ýetiriň.
3.Işi diňe terbiýeçiniň rugsat bermegi bilen başlaň.
4.Düzüw däl, kütek abzallar bilen işlemäň.
5.Iş wagty gurallary terbiýeçiniň görkezişi ýaly tutuň.
6.Iş ýeriňde tertip-düzgüni we arassaçylygy saklaň.
7.Iş wagty ünsli boluň, gürrüň etme, başga işe ünsüňizi sowmaň.

## Gaýçy bilen işlenilende howpsuzlyk düzgünleri

- Gaýçynyň uçlaryny ýokary edip saklamaň.
- Nurbaty gowşan gaýçy bilen işlemäň.
- Ýöräp barýarkaň gaýçy bilen hiç bir zady kesme, hiç kimiň ýanyna barmaň.
- Açyk ýagdaýda gaýçyny goýmaň.
- Ýoldaşyňa gaýçyny ýapyk görnüşde uzat, ony uçlaryndan tutup uzatmaň.
- Gaýçyny partanyň gyrasynda goýmaň.





**Ýelim bilen işlenende howpsuzlyk düzgünleri**

1. Ýelimi diňe çotga bilen çalyň.
2.Ýelimiň göze düşmeginden ägä boluň.
3.Ýelim bilen işläp bolan soň eliňi sabyn bilen gowy ýuwuň.





**Şahsy arassaçylygyň düzgünleri:**

1.Iş ýerine ýetirilenden soň eliňizi sabyn bilen ýuwuň.
2.Eliňizi gury we arassa elýaglyga süpüriň.
3.Tejribe işlerini etmezden öň iş egin-eşikleriňizi geýiň.
4.Işi tamamlanyňyzdan soň, iş ýeriňi tertibe salyň.



## 2. Çagalykdan zähmete bolan söýgini terbiýelemek

Çagalar bagynda terbiýeçi çagalaryň gelen ilkinji gününden başlap, ata Watanyna, ene topragyna, ata-enesine, Prezidentine, il-halkyna bolan söýgini emele getirmäge çalyşmalydyr. Çagalar bagynyň meýdançasynda geçirilýän gezelençlerde terbiýeçiler çagalaryň daş-töweregi synlamaklaryna gözegçilik edýärler. Bu bolsa çagalarda oba-şäherlerimize bolan giň düşünjäni, olara bolan söýgini döretmäge mümkinçilik döredýär. Şonuň bilen bilelikde çagalara adamlaryň zähmetine bolan höwesleriniň uludygy barada düşünje bermelidir. Çagalar bagynda çagalar dürli görnüşli suratlara seretmegi gowy görýärler. Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe şäherdir obalarymyz gün-günden gözelleşýär. Köp binalar guruldy we gurulýar. Gezelenç

guralanda çagalar synlaýan zatlaryny ýakyn we elleri bilen elläp görmegi oňat görýärler. Terbiýeçi oba ýerlerinde maldarlaryň, kärendeçileriň, daýhanlaryň ýerine ýetirýän işleri bilen tanyş edýär, çagalar öri meýdanlarda goýunlaryň bakylýanlaryny görýärler. Goýunlaryň ak, sary ýüňlerini elläp görmek isleýärler. Bu ýüňler bolsa döwlet derejesinde gymmat bahaly çig mal hasaplanýar.

Terbiýeçi goýunlary bakýan çopanlaryň zähmeti barada çagalara gürrüň berýär. Gürrüňdeşligiň soňunda bolsa çagalara birnäçe soraglary berýär. Mysal üçin: Goýunlar tomus paslynda näme iýýärler? Olar gyşda nirede ýaşaýarlar?

Şu soraglary bermek bilen terbiýeçi çagalaryň aň- düşünjesini ösdürip, olaryň zähmete bolan höwesini artdyrýar. Köp çagalar öz ejeleriniň, eneleriniň goýunlara ideg edýändikleri barada uly höwes bilen gürrüň berýärler.

Çagalar goýunlaryň ýüňleriniň gyrkylyşyna syn edýärler. Çagalar goýun ýüňünden ýüň matalar dokalýandygyny, her hili joraplaryň örülýändigini bilýärler.

Munuň ýaly gezelençleriň çagalarda zähmete bolan söýgini emele getirmekde uly ähmiýeti bar, şeýle hem olarda haýwanlara söýgi döreýär. Gezelençleriň dowamynda çagalar zähmet çekýän ene- atalary we başga uly adamlary synlaýarlar. Çagalaryň içinden gezelenç wagtynda “Men hem çopan boljak” diýýänleri hem tapylýar. Terbiýelenýän çagalar bugdaýdan unuň näderejede alynýandygyna we oňa näçeräk zähmetiň siňdirilýändigine düşünýärler. Çagalar çörek bişirýänleriň çörekleri nähili ýagdaýda taýýarlaýandyklaryna gözegçilik edýärler.

Gezelençden soňra çagalarda soraglar döreýär: Biziň ene-atalarymyz nähili işleýärler? Çörek nireden gelipdir?

Öz soraglaryna kanagatlanarly jogap alan çagalarda ekin meýdanlarynda işlemäge uly höwes döreýär.

Biz elmydama çagalaryň zähmete bolan höweslerini goldamalydyrys we olary hökman zähmete ugrukdyrmalydyrys. Çünki çagalar biziň geljegimizdir.

## 3. Çagalarda zähmete we tebigata bolan söýgüni terbiýelemek

Çagalarda zähmeti söýmek we tebigata aýawly garamak duýgularyny terbiýelemek daşky gurşawy goramak boýunça umumy işiñ möhüm wezipeleriniñ biri bolup durýar. Çagany hemmetaraplaýyn ösdürmekde, onuñ şahsyýetini kemala getirmekde bu işiñ ähmiýetine düşünmek bilen, ähli ýaşly çagalar toparlarynyñ tebigat burçunda işi guramaga içgin üns berilmelidir.

Eýýäm orta topardaky çagalar berilýän tabşyryklary özbaşdak ýerine ýetirmäge höwesjeň bolýarlar.. Ýöne muña garamazdan, hat-da uly topardaky çagalaryñ arasyndan hem özüniň başlangyjy bilen işe girişmäge meýillisi az bolýar. Şeýlelikde, durmuşa geçirilen tejribelere seredip geçeliň.

1. Mysal üçin, mekdebe taýýarlaýyş topardaky çagalaryñ diñe ýedisi özüniň başlamagy bilen işe girişdiler we höwes bilen işlediler, başlan işlerini ahyryna çenli ýerine ýetirmegiñ hötdesinden geldiler. Çagalaryñ on altysy terbiýeçiniñ görkezmesi boýunça, iş etmelidigi ýatladylyp durlansoñ, işe girişdiler. Galan ýedi çaga işden her hili edip ýüz dönderip, düýbünden işlemek islemediler. Şundan görnüşi ýaly, çagalaryñ hemmesinde-de zähmete bolan gyzyklanmany döretmek, olarda öz borçlaryna jogapkärli çemeleşmegi terbiýelemek meselesiniñ zerurdygy aýdyñ ýüze çykdy.

Bu meseläni çözmek üçin, ilki bilen, çagalary tebigat bilen tanyşdyrmagyñ, olaryñ zähmet işini guramagyñ usulyýeti boýunça edebiýaty, çagalar baglaryndaky işler boýunça toplanan tejribe beýan edilýän makalalary okap öwrenmek köp babatda peýdaly bolýar. Şu

maksat bilen terbiýeçiler dürli oýunlaryň üsti bilen çagalarda zähmete bolan gyzyklanmalary döretmelidir.
Terbiýeçi nobatçylyk etmek we tebigat burçy barada çagalar bilen söhbetdeşlik sapagy geçirende:
- olara nobatçynyñ öz deñ-duşlaryna işleri nähili paýlamalydygyny;
- ösümlikleriň suwarylyşy, haýwanlaryñ ýataklarynyň arassalanylyşy we beýleki işleriň ýerine ýetirlişi barada düşünje bermelidir.

Terbiýeçiniñ görkezmesi esasynda çagalaryň işe özbaşdak çagalaryñ ünsi çekilýär.

Şeýle hem haýwanlara, ösümliklere ideg etmegiñ zerurlygy olaryñ ýaşamagy we ösmegi üçin ähmiýetlidigi düşündirilýär. Çagalara bütin ýylyñ dowamynda yzygiderli ekin ekip ýetişdirmek, guşlara iým bermek, ösümlikleri ösdürip ýetişdirmek ýaly düşünjeleriň berilmeginden ybaratdyr.

Tebigat burçunda çagalaryñ işleýşini we olaryñ özara gatnaşyklary synlananda olaryñ käbiriniñ borçlary paýlanylanda, öz borçlaryny ýoldaşlarynyñ biriniñ üstüne ýüklejek bolýan wagtlaryna duş gelinýär. Şunuñ ýaly hereket etjek bolan çagalar bilen ikiçäk söhbetdeşlik geçirilýär. Yhlasly zähmet çekmegiñ netijesinde, tebigat burçundaky haýwanlaryñ ýagdaýynyñ gowulaşandygyna, guşlaryñ arassa ketekde öñküsinden has şadyýan saýraýandygyna olara üns bermegi maslahat bermek maksada laýykdyr.

Çagalaryñ käbiri tebigat burçunda nobatçylyk etmekden ýüz döndermese-de, işi höwessiz ýerine ýetirýär. Kähalatlarda bolsa, işi tamamlaman, oýun oýnamaga gitmäge synanyşýan pursatlary hem bolýar. Şeýle ýagdaýda terbiýeçi ilkibada işiň gowy ýerine ýetirilmändigini görkezmeli bolýar. Soñra bolsa edilen işi täzeden ýerine ýetirmeklik talap edilýär. Kem-kemden çagalar terbiýeçi tarapyndan edilýän gözegçilige öwrenişip başlaýarlar. Tabşyryklary has yhlasly, talaba laýyk ýerine ýetirip ugramagyna ýardam beryär.

Degişli endikleriň bolmandygy üçin, çagalaryñ işi ýerine ýetirmekden boýun gaçyrýan ýagdaýlary hem bolýar. Olar haýwanlara we guşlara ideg etmekde gowy endikleri bar bolan çagalara berkidilýär. Işi oñarýan çagalardan heniz endigi bolmadyklara haýsy işi nähili ýerine ýetirmelidigini görkezmegi talap edilýär.

Özüne ynamsyz çagalary haýwanlara ideg etmek boýunça öz borçlaryny başardygyndan özbaşdagrak ýerine ýetirmäge meýillendirýär. Munuñ üçin işi nähili ýerine ýetirmegi gös-göni onuñ ýerine ýetirilişini görkezmek, deslapdan işleriñ yzygiderliligini ara alyp maslahatlaşmak, çaganyñ islendik işiniň başlangyjyny makullamak, onuñ öz güýjüne ynamyny goldamak ýaly usullary ulanmakdan ybaratdyr. Ösümliklere we haýwanlara ideg etmek boýunça gowy endikleri bar bolan çagalardan berlen tabşyrygy ýerine ýetirişlerini gürrüñ bermek we yhlasly ýerine ýetirlen iş üçin olary ýoldaşlarynyñ arasynda öwmek maslahat berilýär. Terbiýeçiler nobatçylyk wagtynda borçlaryñ paýlanyşy barada çagalaryñ arasynda ýygy-ýygydan gürrüñ geçirip durmalydyr. Işe yhlasly garaýyş babatda anyk mysallary beýan edilýän hereketleri, işiñ netijelerini seljerilýär. Umumy iş edilýän wagtynda biri-birine kömek bermek ýaly düşünjeler berilýär.

Terbiýeçi haýwanlaryñ gijesine hem-de dynç günleri iýmsiz we suwsuz galdyrylmaly däldigini düşündirmelidir. Her gün öýe gaýtmazdan ozal guşlaryň iýminiñ bardygyny barlap durmagy endik etmek çagalara öwredilmelidir. Ertesi irden çagalar bagyna gelenlerinde, çagalaryñ biri guşlar üçin gök önüm getirse, beýleki biri guşlar üçin niýetläp almadyr, däne getirmek ýaly düşünjeleriň döremegine getirýär.

Indi çagalaryñ hemmesiniň diýen ýaly tebigat burçunda ýaşaýan haýwanlara öñküsinden has ünsli bolmagy öwrenmegine ýardam berýär. Şu sebäpden dekabr aýynda tebigat burçunda nobatçylyk etmegiñ tertibi we düzgünleri barada gaýtadan söhbetdeşlik sapagy geçirilmelidir. Çagalaryñ tebigatda ýaşaýan haýwanlar baradaky bilimleri anyklaşdyrylýar, ösümliklere we haýwanlara näme sebäpden ünsli,

aladaly garamalydygy barada olar bilen gürrüñ geçirilip, gurallaryñ we esbaplaryñ saklanylmaly ýerleri barada olara ýene bir gezek düşündirilmegi çaganyň aňynda galmagyna täsir edýär.
Öz synlamalarynyñ netijeleri beýan edilýän gündelik ýöretmelidir. Gündeliklerine tebigat burçunda özleri üçin gyzykly gyzykly zatlary surat depderde surat görnüşinde çekmekleri barada düşünje bermelidir.

Ösümlikler babatda gyzyklanmasyny döretmek we olara aýawly garamak boýunça çagalarda degişli endikleri ösdürmäge olaryñ özleriniñ ösümlikleri ösdürip ýetişdirmegi has gowy ýardam edýär. Ýanwar aýynda köki miweli bolan ösümlikleriñ ekilişi barada olar bilen sapak geçirilýär. Onuñ öñündäki gün çagalar bilen topragy taýýarlamalydyr: daşjagazlary saýlamak, ýeri agdaryp ýumşatmak, suwarmak işleri geçirilýär. Ekin ekilýän wagty köki miweli bolan ösümlikleriñ güýzüne ekilmelidigi, şugundyryñ we käşiriñ iýmek üçin ulanylýandygy, petruşkanyñ bolsa naharyñ ýany bilen işdäaçar hökmünde äberilýändigi düşündirilmelidir. Ösümlikler gögerip çykanda, çagalar örän begenýärler, nobatçylar bolsa, syn etme albomynda ol ösümlikleriñ suratyny çekmäge höwesli bolýarlar. Çagalar hasyllary ýygnamagy, haýwanlaryñ otlaýşyny synlamaga höwesjeň bolýarlar.

2. Çagalar bagynda zähmet terbiýesiniň ähmiýeti barada aşakdaky dürli mysallara seredip geçeliň:

Bahar paslynyñ başynda hyýar ekdik. Çagalar nahallara suw berip, olaryñ düýbüni ýumşadyp durdular. Maý aýynyñ başynda hyýar gülledi. Terbiýeçiniñ çotgajyk bilen hyýar güllerini tozanlandyryşyny synlap, çagalar munuñ näme üçin gerekdigi bilen gyzyklandylar. Soñra olaryñ özleri hem meýdandaky gülleri tozanlandyrýan arylaryñ otagda ýokdugyny, şonuñ üçin gülleri çotgajyk bilen tozanlandyrmaly bolýandygyny ýoldaşlaryna düşündirip başladylar. Iýul aýynda gökje hyýaryñ peýda bolanyny görenlerinde, çagalaryñ şatlygynyñ çägi bolmady.

Mart aýynda otag ösümlikleriniñ sapmasy hem çagalaryñ gatnaşmagynda geçirildi. Diñe bir otag ösümlikleriñ köpelişi bilen tanyşdyrmagy däl, eýsem, olary ösdürip ýetişdirmäge, olara ideg etmäge çagalarda gyzyklanmany döretmegi terbiýeçiler öz öñünde maksat edip goýdular. Çagalara ösümlikleri diñe bir tohumdan däl, eýsem, sapmak arkaly hem ösdürip ýetişdirip bolýandygy barada düşünje berildi. Eger birnäçe ýaprakly şahajygy (çybygy) kesip alyp, ony toprakda oturtsañ, täze ösümlik gögerýär. Soñra terbiýeçi çagalar bilen her hili ösümlikleriñ şahajyklaryny kesip gördi. Şahalaryñ näzik, port bolýandygyny, olarda köküñ ýokdugyny, olary ekmegiñ düzgünlerini çagalara düşündirdi. Çagalaryñ hersi bir şahany kesip aldy-da, ony toprakda oturtdy. Eger ol şahajyklarda täze ýaprajyklar peýda bolsa, onda şahanyñ toprak bilen alşyp, düýp tutýandygyny çagalara düşündirmeli.

Çagalar nahallara yhlasly ideg etdiler: heniz kök almadyk nahallara Gün şöhlesiniñ göni düşmezligi barada alada etdiler, olary suwaryp we tozanladyp durdular. Ilkinji ýaprajyklaryñ peýda bolmagyny uly şatlyk bilen garşyladylar. Nobatçylar surat depderde ýaprak çykaran ösümlikleriñ suratyny çekdiler. Biraz ösüp ulalan nahallary soñra küýzejiklere göçürdik we olary öz tebigat burçumyzda ýerleşdirdik, olaryñ belli bir bölegini bolsa beýleki toparlara berdik.

Çagalarda zähmete we tabigata bolan söýgini terbiýelemekde çagalar bagynyñ we maşgalanyñ alyp barýan işinde yzygiderli utgaşyklylyk bolmalydyr. Çagalarda zähmete bolan söýgini terbiýelemekde ene-atalaryñ biziñ kömekçilerimiz bolmagyny gazanmak, olary bu iş bilen gyzyklandyrmak maksady bilen, şahsyýetiñ ahlak häsiýetlerini ösdürmek we terbiýelemek üçin tebigatda zähmetiñ uly ornunyñ bardygyny, çagalaryñ zähmet çekmäge ukyplydygyny olara açyp görkezmek, bu barada içgin gürrüñ bermek zerurdyr.

Otag ösümlikleri maşgalalaryñ köpüsinde bar, ýöne çagalaryñ mümkinçiliklerini bilmänsoñlar, olara ideg etmäge çagalara rugsat bermeýärler. Netijede bolsa, çagalar bagynda zähmete bolan

gyzyklanmany çagalarda kemala getirmek we ösdürmek babatda edilýän iş dowamsyz bolup galýar. Şu sebäpden hem, çagalaryñ çagalar bagynda işleýşini ene-atalara görkezmeli diýlen netijä gelindi.
“Terbiýe zähmetden başlanýar“, «Tebigatyñ özi terbiýeleýär“ ýaly diwarlyklarda çagalaryñ işleýşi şekillendirilen suratlary görüp, ene-atalar hakykat ýüzünde çagalaryñ näme edip bilýändikleri bilen içgin gyzyklanyp başladylar. Maralyñ ejesi gyzynyñ ösümliklere nähili ideg edip bilýändigi, onuñ bu işi başaryp bilýändigi barada sorady. Biz bu gyzjagazyñ otag ösümliklerini örän gowy görýändigini, olara suw bermegi, ýapraklaryndaky tozanlary süpürişdirmegi, topragyny ýumşatmagy başarýandygyny gürrüñ berdik. Gyzjagazyñ ejesine bu zatlary eşitmek ýakymly boldy, ol bu işleri başarýan däldir öýdüp, öýde heniz oña munuñ ýaly işleri tabşyrmaýandygyny aýtdy.

Birnäçe gün geçenden soñ, Maral çagalar bagyna gelip, indi oña öýünde-de ösümliklere ideg etmegi ynanýandyklary barada gürrüñ berdi.

Amanyñ ejesine bolsa, biz onuñ oglunyñ höwes bilen işleýändigini we ýoldaşlaryna kömek berýändigini gürrüñ berdik. Ýöne Amanyñ ejesi bize birbada ynanmady, sebäbi ol öýde bar bolan haýwanjyklara ideg etmek babatda hiç hili gyzyklanma bildirmeýär eken. Ejesi bilen bolan gürrüñdeşlikden belli bolşy ýaly, Amana öýde tabşyrylýan işleriñ hemmesini onuñ yzyndan täzeden etmeli bolýar eken, ejesi hem oña işleri nähili etmelidigini düşündirmegi kyn görüp, hemme zady özi edenini gowy görýär eken. Şonuñ üçin hem öýde edilmeli işlere kömekleşmek höwesi bolmansoñ, oglanjyk hiç bir işe goşulman geziberipdir. Biz Amanyñ ejesine topar işleýän wagty gelip görmegi maslahat berdik. Aman ýoldaşlary bilen guşjagazlaryň ketejiklerini yhlasly arassalap, olara iým berişdirdi. Biz oglanjygyñ yhlasly işländigini onuñ ýoldaşlarynyñ arasynda aýratyn tapawutlanýandygyny belledik. Şundan soñ öýünde-de haýwanlara ideg etmek öwredilip, edýän işleriniñ endiklerini ele alýança,  ony höweslendirip başladylar. Ol bu barada çagalar bagyna gelen wagty gürrüñ berdi.

Käbir maşgalalarda tebigat burçunyñ öýde saklanylmagyna gereksiz zat hökmünde garalýar. Şeýle maşgalada ýaşaýan çagalar çagalar bagynda-da guşjagazlara ideg etmäge kän bir höwes bildirmeýärler. Biz şol maşgalalardaky ene-atalara öýlerinde tebigat burçuny gurnamagyñ zerurdygyny düşündirdik. Olar bilen ýörite taýýarlanyp, gürrüñdeşlik geçirdik. “Otag ösümliklerine nähili ideg etmeli?“, “Akwariuma we onda ýaşaýan jandarlara nähili ideg etmeli?“ ýaly temalardan göçme bukjalary taýýarladyk.

Biziñ işimiz boş bolmady. Çagalaryñ terbiýelenýän maşgalalarynda otag ösümlikleri, her hili haýwanjykly ketejikler, balyjakly akwariumlar peýda bolup başlady. Indi ene-atalar çagalary bilen bilelikde olara ideg edýärdiler. Gözeljigiñ gürrüñ bermegine görä, ol ejesine güljagazlary ekmäge, olary suwlamaga kömekleşipdir. Sapar kakasy bilen ösdürip ulaldan gyzyl reñklije balyjygyny çagalar bagyna getirdi, ol kakasy bilen indi bu ýerde hem şeýle balyk bolmaly diýen netijä gelipdir. Çagalaryñ zähmete bolan garaýşynyñ üýtgeýändigini görmek bizi begendirýärdi. Olaryñ köpüsinde işe gyzyklanma we jogapkärli garaýyş döretdi, çagalar höwes bilen başarnyklaryny görkezip başladylar. Tebigata bolan söýgi söz bilen däl-de, adamyñ ony bilmegi, onda zähmet çekmegi söýmegi, tebigaty gowulandyrmaga ymtylmagy, oña aýawly garamagy bilen terbiýelenýär.

## 4. Zähmetde özbaşdaklygy terbiýelemek

Zähmet boýunça edebiýat, abraýly terbiýeçileriñ iş tejribesi bilen tanyşmak terbiýeçi üçin örän peýdalydyr. Kiçi topardan başlap, çagalar başarýan zähmet işlerini ýerine ýetirmäge işe çekilýär. Kem-kemden olaryñ zähmet borçlarynyñ çägi giñeldilýär. Zähmet çekmegi öwretmegiñ dowamynda çagalarda jogapkärçilik, özbaşdaklyk ýaly ukyplar terbiýelenýär, olaryñ beýleki deñ-duşlary bilen ylalaşyp bilmek, köpçülik bolup çekilýän zähmetde borçlary paýlaşmak, işi agzybir ýerine ýetirmek, biri-biriñe kömek bermek ýaly häsiýetleri ösdürilýär.

Dürli häsiýetli çagalaryñ terbiýelenişine seredip geçeliñ.

I. Mekdebe taýýarlaýyş toparyna ýylyñ başynda terbiýelenmäge gelende, çagalar köp zady bilýärdiler we bellibir işleri ýerine ýetirmegi başarýardylar. Olaryñ köpüsi işjeñlik, zähmetsöýerlik, guramaçylyk häsiýetlerini görkezip bilýärdiler. Ýöne olaryñ arasynda ynjyk, oñşuksyz, gödek häsiýetlileri hem bolýar. Şeýle çagalar tabşyrylan işe beýlekiler ýaly jogapkärçilikli garamaýarlar.

Çagalaryñ hususy aýratynlyklaryny göz öñünde tutmak bilen olary şertleýin üç topara bölmek bolýar.

Birinji topara ylalaşmagy başarýan, bilelikde işlenilende borçlary paýlaşmaga ukyply, özbaşdak, iş başarnygyny görkezip bilýän, tabşyryklary çalt we yhlasly ýerine ýetirýän çagalary alynýar. Ýoldaşlaryna kömek bermek we öz edýän işleriniñ hilini gowulandyrmak babatda olaryñ endiklerini ösdürmek boýunça geçirilmeli işleri meýilleşdirilýär.

Ikinji topara özüne ynamsyz, çekinjeñ, diñe terbiýeçiniñ ýa-da has işjeñ ýoldaşynyñ ýolbaşçylygynda höwes bilen işleýän çagalar alynýar. Olar bilen iş geçirilende çagalaryñ zähmet endiklerini, kämilleşdirmek, olaryñ özbaşdaklygyny höweslendirmek, özlerine bolan ynamy terbiýelemek zerur diýlip bellenilýär.

Zähmet endikleri bar bolan, iş başarnygyny görkezip bilmeýän we edýän işini doly tamamlap bilmeýän çagalary üçünji toparda jemlenýär. Olarda zähmete bolan gyzyklanmany ösdürmek, özbaşdaklygy, jogapkärçiligi zähmet çekmek islegini, yhlaslylygy, edýän işlerini gowy we doly ýerine ýetirmek endiklerini terbiýelemek maksada laýyk diýlip bellenilýär.

Bellenen wezipeleri durmuşa geçirmäge ýylyň başyndan başlanylýar. Tebigat burçundaky nobatçylyk wagty birinji we ikinji toparyň çagalaryny bile goşup, iş geçirmäge çalşylýar. Olaryň diňe bir işe bolan ukyby, iş depgini däl, eýsem, başarnygyny görkezip bilişleri, ýoldaşlaryna kömek bermäge taýýardygyny göz öňünde tutulýar. Çagalary iki-ikiden goşup, biz iki maksady öz öňümizde goýýarys:

1. Çagada ýoldaşlyk duýgusyny terbiýelemek.
2. Tebigat burçunda nobatçylyk etmek üçin zerur bolan zähmet endiklerini we başarnyklaryny berkitmek.

Naharhanada nobatçylyk edilýän wagty « Stoluň üstündäki zatlary dogry goýuşdyryp, stoly kim gowy bezäp biler?“ atly bäsleşik görnüşli çäre geçirilýär. Şunuň bilen birlikde, nobatçylar bilen stoly nähili bezemelidigi barada gürrüňdeşlik geçirilýär. Olara öz borçlaryny gyzyklanma we höwes bilen ýerine ýetirmäge ýardam berýär. Ýerine ýetirýän işlerine jogapkärli çemeleşýärler. Şunuň ýaly tärleriň ulanylmagy aýratyn hem kiçi we orta topardaky çagalara oňyn täsir edýär. Olarda öz mümkinçiliklerine bolan ynam, edýän işlerine gyzyklanma, olary doly we beýlekileriňkiden pes bolmadyk derejede ýerine ýetirmek höwesi döredýär.

Ýerine ýetirilen işlere baha bermäge, adatça, hemme toparlardan çagalar çagyrylýar. Olara işiň hili barada öz pikirlerini aýtmak öwredildi. Jemalyň nobatçylygyna (birinji topar) ýokary baha berdiler, sebäbi ol gowy işläp, hemme zady ýerbe-ýer goýuşdyrmagy başarypdyr. Myradyň nobatçylygynda (üçünji topar) eden işini çagalar halamadylar, ol çarşajygy diňe özi üçin goýupdyr. Çagalar muňa ýaramaz iş hökmünde

baha berdiler. Diñe bir özüñ barada däl-de, eýsem, ýoldaşlaryň barada alada etmegiñ gerekdigini belläp geçdiler.

Edilen işlere baha berşini terbiýeçi çagalaryñ pikirini diñläninden soñ aýdýar. Ol nämäniñ şowly, nämäniñ şowsuz bolandygyny belläp geçýär, çagalara kemçilikleri düzetmek barada maslahat berýär. Çagalaryñ hemmesiniñ arasynda edilen işlere baha berlende, ýerine ýetiren işlerine gowy baha berilmegine, hususan-da, ikinji toparyñ çagalary ýeňiji bolmak isleýärler.

Çagalaryñ nobatçylara bolan garaýşy üýtgäp başlady, çagalarda olaryñ zähmetine sarpa goýmak, nobatçynyñ ähmiýetini bilmek duýgusy peýda boldy. Soñra çagalar öz nobatçylyk etmeli gününe sabyrsyzlyk bilen garaşyp başladylar, şol gün irräk gelip, nobatçylyga ykjam taýýarlanyp ugradylar.

Zähmet, oña gatnaşmak we ony meýilleşdirmek meselelerinde biz çagalaryñ özbaşdaklygyny gazanmaga ymtylmalydyrys. Köp ýagdaýlarda bu meseleler çagalar bilen bilelikde ara alyp maslahatlaşmalydyrys. Haýsy serişdäni we ony näçe mukdarda almalydygy, ony nirede we nädip ýerleşdirmelidigi, zähmete gatnaşýan çagalaryñ arasynda borçlary nähili paýlamalydygy baradaky çözgütleri çagalaryñ özlerine tapmagy öwredilmelidir. Nähili işe başlamalydygyny we ony nähili çalt tamamlamalydygyny köpçülik bolup maslahatlaşmagy başarmalydyr.

Mysal üçin, toparyñ bolýan otagynda arassalaýyş işlerini geçirmek üçin bir gün öñünden ýygnanyşýarys-da, näme edilmelidigini maslahatlaşýarys. Kimiñ kim bilen işleşmelidigini we näme etmelidigini çagalar özbaşdak ylalaşýarlar. Çagalar şeýle zähmet çekilmegini halaýarlar, sebäbi köpçülik bolup zähmet çekmek hem lezzetli hem gyzykly bolýar. Iş tamamlanandan soñ onuñ netijelerini we hilini özleriniñ seljermeli boljakdygyny çagalar öñünden bilýär. Şonuñ üçin işi biri-birinden gowy ýerine ýetirmäge çalyşýarlar. Her bir çaga öz ýoldaşlarynyñ ýanynda ýüzi gyzarmaz ýaly yhlas edip işleýär.

Biz çagalaryñ zähmet çekmegini olaryñ oýun oýnamagy bilen ysnyşykly baglanyşykda guramaga çalyşýarys. Mysal üçin, daşardaky gary aýyrmaly bolanda, işçiler toparyny döretmek teklip edildi. Çagalar bu teklibe höwes bilen seslendiler. Iki topara bölünip, olara-da ýolbaşçy belledik. Iki topar ýolbaşçynyň ugrukdyrmagynda biri-birinden gowy işlemäge çalyşdy. Netijede, çagalar bu işden uly lezzet aldylar. Soñra çagalar şeýle toparlary özbaşdak gurap işe girişmegi öwrendiler.

Bir gezek Bossanjygyñ gurjagynyñ ýerde bulaşyp ýatandygyny gören terbiýeçi, munuñ gowy däldigini, gyzjagazyñ gurjagyny eline alyp, onuñ köýnejigini düzedişdirmelidigini sypaýylyk bilen oña düşündirdi. Bossan eden işini beýleki çagalara-da gürrüñ berdi.
Eger ol ýa-da beýleki bir işi çaga özbaşdak edip bilmeýän bolsa, onda oña işiñ tärini, ony nähili ýerine ýetirmelidigini görkezmek netijeli bolýar. Şu sebäpden hem, ulularyñ özleriniñ görelde görkezmegi çagalar üçin uly ähmiýete eýedir.

Çagalarda özbaşdak zähmet çekmek ukyplaryny ösdürmek terbiýeçiniñ ene-atalar bilen ýakyndan hyzmatdaşlykda bolmagyny hem talap edýär. Çagalar bagynda öwredilen endiklerdir başarnyklar çaganyñ öz öýünde hem ösdürilmelidir.

Çagalarda özbaşdak duýgusyny terbiýelemek bilen terbiýeçi olaryñ ýoldaşyna kömek bermek, başga birine hemaýat etmek ýaly isleglериniñ kemala gelmegine mümkinçilik döredýär.

Bitertipligiñ gowy däldigini we ony hökman düzetmelidigini terbiýeçi hemişe çagalara öwredip durmalydyr.

Adatça, ene-atalar bilen «Zähmet bilen terbiýelemek“, «Maşgalada çaganyñ zähmeti hakynda“, «Çagalaryñ zähmeti we olaryñ akyl taýdan ösüşi“ atly temalardan gürrüñdeşlikler geçirilmelidir.

Ýylyñ ahyrynda haýsydyr bir işi çagalaryñ özleriniň başlangyç iş başarnyklaryny görkezmeklerinde ýerine ýetirmäge höwes bildirmegi bolsa bu ugurda geçirilen terbiýeçilik işiniñ miwesidir.

## 5. Ulularyň zähmeti bilen tanyşlyk

Nazary we tejribede mekdebe çenli kiçi ýaşly çagalarda zähmet barada düşünjäni emele getirmek zähmetiň adamlaryň durmuşyndaky orunlaryny çagalaryň aňyna ýetirmäge uly üns berilýär. Çagalar bagynda berilýän terbiýäniň ilkinji wajyp meseleleriň biri hem köpçülikleýin zähmetiň ähmiýetini düşündirmekdir.

Çagalar bagyndaky 5-6 ýaşly çagalar aýry- aýry hünärler, kärler boýunça azajyk düşünjä eýedirler. Olar bu barada bilseler hem zähmetiň adam durmuşyndaky ornuna doly derejede düşünmeýärler. Zähmetiň jemgyýetiň durmuşyndaky ähmiýetini çagalara düşündirmek kyndyr. Sebäbi bu düşünje köptaraplydyr. Çagalara zähmet barada düşünje bermezden öň, terbiýeçi olara her bir edilýän işiň belli bir maksadyny we belli bir talap edilişini düşündirmelidir. Predmet ýa-da başga bir zat barada çagada ýeterlikli düşünje bar bolsa, ol şol zadyň emele gelmegi üçin çekilen zähmetiň, edilen işiň ähmiýetine düşüner. Gap-gaçlary ýuwmak, nahar taýýarlamak, egin- eşikleri ýuwmak we ş.m-ler çagalaryň gündeki görýän,ýaşaýan ýerinde ulularyň edýän belli bir zähmetine, onuň näme üçin edilýändigine düşünmek arkaly zähmet barada ýuwaş-ýuwaşdan umumy düşünje emele gelýär. Meselem: Çagalar bagyndaky eneke gap – gaçlary ýuwdy, gap – gaçlar arassalandy. Günortanlyk saçagyny ýazdy – naharlar taýýar edildi. Çagalaryň düşeklerini ýatmaga taýýarlady.

Körpeler ulularyň zähmetini görenden soňra, zähmet çekmäge söýgi döreýär we ulular dan zähmet çekmegiň tärlerini öwrenýär. Şonuň üçin körpeler aşakdaky berilýän maglumatlarda görkezilişi ýaly, ulularyň ýerine ýetirýän işlerine syn edýärler we olara öýkünmegi gowy görýärler.

Terbiýeçi ene-atasynyň ýok ýerinde çagalaryň aladasyny edýär. Aşhanaçy çagalaryň garny dok bolar ýaly nahar taýynlaýar. Tikinçi köýnek, palto we ş.m. tikýär. Ol adamlaryň hemmesinde egin-eşik bolar

ýaly alada edýär. Terbiýeçi çagalaryň ünsüni şular ýaly hünär eýeleriniň işine çekse, çagalar edilen işiň netijesine gowy düşüner. Şeýdip ýuwaş-ýuwaşdan çagalara has çylşyrymlyrak hünärler bilen tanyşdyryp durmaly. Bu düşünjeleri diňe uly ýaşly mekdebe taýýarlaýyş topardaky çagalara düşündirmek maksada laýykdyr. Görşümiz ýaly, köpçülikleýin zähmet düşünjesini çagalarda dogry emele gelmegi üçin ony yzygider alyp barmaly.

1. Terbiýeçi çagalar iş edip durkalar, şol işiň netijesini görmegini, işiň maksadyna düşünmegini we onuň näme üçin gerekdigini öwretmelidirler.
2. Terbiýeçiler çagalara zähmet barada köp maglumatlar bermegi başarmalydyrlar.
3. Zähmetiň netijesine çagalaryň ünsüni çekmelidirler.
4. Kiçi ýaşly çagalarda zähmet düşünjesi emele gelenden soň, olar ulanýan zatlarynyň gadyr- gymmatyna düşünýärler.
5. Çagalar ele alan zähmet endikleriniň esasynda öz aralarynda tejribeçilik geçirmelidirler.

Bu bolsa çagalarda zähmete bolan höwesleriniň artmagyna getirýär we olar eden işleriniň netijesini görýärler.

## 6. Öz-özüňe hyzmat etmek

Öz-özüňe hyzmat etmek boýunça zähmet çylşyrymly bolmasa-da, takyk guramaçylygy talap edýär. Zähmet işiniň özi şahsy islegleri kanagatlandyrmak bilen bagly, olara çagalaryň öz borçlaryny gündelik, dowamly we ulgamlaýyn ýerine ýetirmäge gatnaşmagy ýaly görnüşde guralmagyny talap edýär. Olaryň ýerine ýetirilmegi üçin çagalar terbiýeçiniň we deň-duşlarynyň öňünde jogapkärçilik çekýärler. Öz-özüňe hyzmat etmek boýunça şol bir tabşyrygyň dowamly wagtda ýerine ýetirilip durulmagy ony amala aşyrmagyň usulyny, çaltlygyny we hilini özleşdirmegi üpjün edýär. Diňe şundan soň öz-özüňe hyzmat etmek boýunça borçlaryň gerimi giňeldilýär we çagalara has ýokary talaplar bildirilip başlanýar.

Işiň öz wagtynda edilmeginiň we hiliniň hasabatyny ýöretmek öz-özüňe hyzmat etmek boýunça işiň çagalar bagynda-da, öýde-de üstünlikli guralmagynyň aýrylmaz şerti bolup durýar.

Mekdebe çenli ýaşdaky çagalaryň öz-özüňe hyzmat etmegini guramakda pedagogik - jemagat tarapyndan bildirilýän talaplaryň bitewi bolmagy zerurdyr.

Mysal üçin, birinji kiçi ýaşly çagalar toparynyň terbiýeçisi çagalary ukudan soň geýindirýär. Ol howlukmaýar-da, arasyny üzmän, gürleşip durýar: «Ine, häzir köwüşjagazlarymyzy geýeris, ilijiklerimizi dakarys. Hany, göreli, seniň özüň köwşüňi nähili edip geýersiň? Örän gowy. Men häzir seniň ökjejigiňi düzedeýin, bolmasa ol birazajyk eplendi. Indi bolsa, köýnejigiňi geý, men bolsa Myrada geýinmäge kömek edeýin“. Maksat zähmet çekýär, ýöne hemme zat ugruna bolup hem duranok. Terbiýeçi oňa biraz kömek edýär, soňra bolsa oňa özbaşdak işlemäge (hereket etmäge) mümkinçilik berýär. Haçan-da şu toparyň beýleki bir terbiýeçisi çaltrak geýindirsem bolýar edip, işi mehaniki tertipde ýerine ýetirýän bolsa, onda muňa gowy hem diýip bolmaz, onuň

netijesi hem bolmaz. Terbiýeçiniň (uly adamyň) şeýle etmeginiň netijesinde çagalar öz-özlerine hyzmat etmegi kyn görüp başlaýarlar. Berk bellenen düzgüniň, ýuwunmak, geýinmek, naharlanmak ýaly durmuş işleriniň yzygiderliliginiň çagalaryň durmuşynda berjaý edilmegi olaryň öz-özüne hyzmat etmegini guramakda aýratyn ähmiýete eýe bolýar. Durmuşyň takyk, yzygiderli tertibi çagalarda olaryň kiçiliginden terbiýelenmegi gerek bolan medeni endikleriň biri bolup durýar.

Ýörite maddy binýadyň döredilmegi öz-özüňe hyzmat etmek endiklerini berkitmäge ýardam edýär. Toparda we eşik çalşylýan ýerlerde çaganyň tertibi saklap durmagy üçin gerekli bolan enjamlar ýerleşdirilmelidir. Mekdebe çenli uly ýaşly çagalar hemişe ulanar ýaly dürli reňkdäki we ululykdaky ilikler toplumly guty, dürli reňkli sapaklar, köwüş üçin kremler, eşik üçin çotga olara elýeterli edilip goýulmalydyr. Öz-özüňe hyzmat etmek boýunça zähmeti terbiýeçiniň düzgünleşdirmegi (normalaşdyrmagy) möhümdir.

Bäş ýaşly Sapar ilkinji gezek çagalar bagyna geldi, ol zähmet çekmäge öwrenişmedikdi. Ukudan oýanan badyna, terbiýeçi ondan ýorgan-düşegini ýygnaşdyryp, tertibe getirmegi bada-bat talap etdi. Oglanjyk muňa garşylyk görkezdi, işi ýerine ýetirmäge höwessiz girişdi we ahyrky netijede-de, ol işi edip bilmedi. Çagada heniz iň ýönekeýje endikler hem ýokdy. Ol telpejigini, paltosyny nädip geýmelidigini hem oňly bilmeýärdi, oňa bolsa, «Geýim!“ diýip aýdýarlar. Şunuň ýaly çylşyrymly işiň hötdesinden gelmegiň oňa kyn boljakdygy öz-özünden düşnükli bolsa gerek. Onuňky hiç ugruna bolmaýar, onsoň ol öz güýjüne, ukybyna ynamy ýitirýär. Ine, hut şunuň üçin hem, iň ýönekeýje, ýeňil tabşyryklary bermekden başlap, çagalara hemişe öz-özüňe hyzmat etmek boýunça zähmeti öwredip durmak zerur bolup durýar. Şunuň bilen birlikde, bu işleri çagalaryň gowy ýerine ýetirmegine başdan gözegçilik edip durmaly. Oýnawaçlary ýöne bir aýryp goýanyň gowy däl, bu işi gowy, dogry we çalt ýerine ýetirmegi öwrenmeli.

Öz-özüñe hyzmat etmegi guramak bilen, terbiýeçiler arassaçylyk talaplarynyñ berjaý edilişine ýeterlik derejede we oýlanyşykly gözegçilik etmelidirler. Bu halatda berk gözegçilik gerek bolýar: eşik geýmek, iligi tikmek uzak dowam etmeli däldir, bolmasa, çagalaryñ özleri añmasa-da, birmeñzeş işden olar irip başlaýarlar; mekdebe çenli uly ýaşly çagalaryñ gaýçy, iññe bilen işlemegi üçin ýeterlik derejede ýagtylyk bolmalydyr we bu predmetler çagalaryñ añsat baryp bilýän ýerlerinde saklanylmalydyr.

## 7. Kagyzyň taryhy

Kagyz, esasan, öz arasynda ýapyşma güýçleri bilen saklanýan owradylan örümleýin süý**ü**mlerden ybarat bolan ýuka sahypa görnüşindäki süýümli serişdedir.

Gadymyýetde ýazgylar daşyñ ýüzine oýulyp, palçykdan ýasalan tekiz bölekler köwlenip ýazylypdyr. Gadymy Russiýada hat ýazmak üçin beresta – agaç gabygy ulanylypdyr. Kiçi Aziýada – özboluşly usulda gaýtadan işlenilen guzy, göle, geçi derisinden ýasalan serişde-de ýazgy ýazypdyrlar. Gadymy Müsürde ot şekilli suw ösümligi – papirusyñ gysylyp ýelimlenen şahalaryndan hat ýazmak we zat dolamak üçin ulanylypdyr.

Ilkibada kagyzy bambugyñ şahalaryndan we tut agajynyñ ýuka gabygyndan taýýarlanypdyr. Şeýle çig mal köýdürilen hek bilen gaýtadan işlenilipdir, agaç çekiçler bilen ýençgilenilipdir we suw bilen garypdyrlar. Suwuk kagyz erginini ownuk gözli tordan süzüp, susup alypdyrlar. Suw toruñ gözeneklerinden aşaklygyna damyp gurapdyr. Toruñ üstünde bolsa öl hem port sahypalar galypdyr, olary soñra gysyp saklapdyrlar we guradypdyrlar.

Ýewropada kagyzy X-XI asyrlarda taýýarlap başlapdyrlar. Adatça kagyz kärhanalaryny derýalaryñ kenarlarynda gurupdyrlar. Beýikden aşak akýan suwuñ energiýasy ilkibada garyjyny, soñra kagyz hazaryny – herekete getiripdir.

Russiýada ilkinji kagyz harazlary XVI asyrda peýda bolýar. XX asyra çenli Russiýanyñ kagyz senagaty, esasan, zat dolanylýan kagyzy we çap edilýän, hat ýazylýan kagyzlaryñ käbir görnüşlerini öndüripdir.

Häzirki wagtda dünýäniñ kagyz senagaty kagyzyñ örän köp görnüşini we adamlaryñ isleglerini kanagatlandyrýan möçberde öndürýär.

Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan hem öz milli kagyz senagatyny ösdürmek barada uly işleri amala aşyrýar. Ýurdumyzda öndürilýän ýokary hilli kagyz önümleri çap edilýän gazet-žurnallaryñ, kitaplaryñ hiliniñ dünýä derejesinde bolmagyna mümkinçilik berýär. Ýurdumyzda gazetleriñ reňkli çap edilmegi doly ýola goýuldy. Žurnallar özüniñ neşir edilişi boýunça dünýäniñ öñdebaryjy ýurtlaryndakydan pesde durmaýar. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň taýsyz tagallalary bilen neşirýatlardyr çaphanalar häzirki zaman tehniki enjamlar bilen doly enjamlaşdyryldy. Ýerli çig mal hökmünde sypal we gowaça çöpi ulanylýar. Kagyz önümçiliginiñ döwrebap tehnologiýasynyñ işe ornaşdyrylmagy bolsa çykarylýan önümleriñ ýokary hilli bolmagyny gazanmaga mümkinçilik berýär.

## 8. Kagyzyñ we gaty kagyzyň taýýarlanylyşy

Kagyzy taýýarlamagyñ tehnologik prosesinde dört tapgyr bolýar: agaçlary kesip taýýarlamak; kesilen agaçlary tokaýdan alyp gitmek; agaçlary suw arkaly akdyryp ýa-da dürli ulaglarda daşap, olary gaýtadan işleýän kärhanalara eltmek; agaçlary owratmak; kagyz polotnosyny (dürli kagyz önümlerini taýýarlamak üçin ulanylýan galyñ tekiz serişde ) almak.

Kagyzy taýýarlamak üçin esaslyk çig mal agaç we sellýuloza bolup durýar.

Sellýuloza - esasy ösümlik kletkalary bolup, ony agaçdan we şepbikden (smoladan) taýýarlaýarlar. Owradylan agajy ýörite gazanlarda himiki reaktiwleriñ we buguñ täsirine sezewar edýärler. Gaýnadylan sellýulozany ýuwýarlar, uşadýarlar we agardýarlar. Taýýar bolan sellýuloza kino we surat plýonkasy üçin çig mal bolup hyzmat edýär, ondan emeli ýüpek we beýleki serişdeleri taýýarlaýarlar

**Makulatura diýlip** atlandyrylýan, öñ ulanylan kagyz we kagyz galyndylary gaýtadan kagyz we gaty kagyz öndürmek üçin ajaýyp çig mal bolup durýar. Makulaturanyñ gaýtadan işlenilmegi millionlarça tokaý agaçlaryny tygşytlamaga mümkinçilik berýär. Şu sebäpden hem kiçi ýaşly çagalaryñ işjeñ gatnaşmagynda makulatura ýygnalmagy döwlet derejesinde höweslendirilýän peýdaly jemgyýetçilik işidir.

Kagyz önümçilik toplumy gelýän çig maly (ütüli, sellýulozany, agajy we sypal massasyny, makulaturany) mehaniki taýdan gaýtadan işleýärler. Kagyzy suwda ezip, goşundylardan arassalaýarlar we ýörite harazlarda üweýärler. Şunuñ ýaly gaýtadan işlenilmeginiñ netijesinde süýümler dargaýar. Üwelen süýümlere goşundylary, ýelimleýji we reñk beriji maddalary goşýarlar. Goşundylar bolan kaolin, hek, talk (ýumşak poroşok), gips, titan beýleki maddalar – kagyzyñ galyñlygyny, düzüminiñ dykyzlygyny üpjün edýär. Onuñ üst tarapyny gowulandyrýar we beýleki gerekli häsiýetleriniñ bolmagyna mümkinçilik berýär. Çyg geçirmez ýaly käbir kagyz görnüşlerini ýelimleýärler. Kagyzyñ arasyny ýelimlemek üçin sintetiki şepbik, krahmal we parafin ulanýarlar. Kagyza her hili reñk bermek üçin dürli görnüşli reñk berijiler ulanylýar.

Kagyz fabriginde kagyz taýýarlamak işi ilki bilen kagyz massasyny taýýarlamakdan başlanýar. Agaç massasy we sellýuloza ýörite hazarda tozga görnüşine öwrülýänçä gaýtadan işlenilýär. Şunuñ bilen birlikde, süýümleriñ uzynlygyny zerur möçbere çenli ýetirýärler. Owradylan süýümlere goşundylar, reñk berijiler, ýelim, suw goşulýar. Soñra kagyz massasy kagyz ýasaýjy maşyna eltilýär. Massa garylýan basseýnde garyjynyñ üznüksiz aýlanyp durmagynda döküjiden we düwün tutujydan akyp durar ýaly kagyz massasy emele gelýär. Syçradyjynyñ astynda ol massa deñ tekizlikde tükeniksiz toruñ (setkanyñ) üstüne ýaýradylyp, ýuka süýümli gatlak emele getirilýär. Toruñ titredilip durulmagynyñ hasabyna süýümler biri-birine ýelmeşýärler. Tekizleýji walik massanyñ gapyrgalaryny we zerur bolan halatynda suw belgilerini içine tarap basýar. Süýümli gatlak öl gysyjylaryñ basyşy astynda bölekleýin suwdan saplanýar we begres bandažly «öl“ gysyjynyñ astyna berilýär. Pres - basgyç bilen guradyjy silindrleriñ arasynda kagyz guradylýar. Şunlukda, pürli agaçlaryñ süýümlerindäki şepbik ereýär we süýümleri biri-birine ýelmeşdirýär. Disk görnüşindäki pyçagyñ kömegi bilen kagyz polotnosyny uzynlygyna kesýärler. Zerur bolan halatynda keseleýin kesýän pyçak kagyzy sahypalara bölüp kesýär.



Häzirki zaman kagyz taýýarlaýjy maşynlar ägirt uly enjam (agregat) görnüşinde bolýar. Olar bir minudyñ dowamynda örän köp kagyz öndürip bilýärler. Şunuñ bilen birlikde, massany guýmak, guratmak we

ony gerekli möçberde çykarmak awtomatik usulda işleýän enjamlar arkaly amala aşyrylýar.

Gaty kagyzy maşyn usulynda öndürmek hem, hakykatynda, kagyzyñ öndürilişinden tapawutlanmaýar. Bir kwadrat metriniñ agramy 250 gram bolan süýümli serişde gaty kagyz diýlip atlandyrylýar. Maşynlar, adatça, gaty kagyzyň iki görnüşini öndürýärler: bir gatly we köp gatly gaty kagyz.

Kagyz belli bir fiziki, mehaniki we tehnologik häsiýetlere eýedir. Kagyzyñ fiziki häsiýetlerine – onuñ agramy, reñki, büdür-südürligi, suw ýylylyk geçirijiligi, tok geçirijiligi; mehaniki häsiýetlerine – ýyrtylma, döwülmä, sürtülmä durnuklylygy; tehnologik häsiýetlerine bolsa dürli görnüşde gaýtadan işlenilmäge sezewar edilmek ukyby degişli bolýar.

## 9. Kagyzyñ we gaty kagyzyň görnüşleri

Kagyz önümçilik toplumy tarapyndan öndürilýän kagyzyñ we gaty kagyzyň ägirt köp sanly görnüşlerinden zähmet okuwy boýunça sapaklarda diñe birnäçesi ulanylýar. Kagyzyñ we gaty kagyzyň görnüşleri bilen tanyşdyrmak üçin bu serişdeleriň nusgalyklaryndan kolleksiýa (toplum) taýýarlaýarlar. Mundan başga-da ýönekeýje barlaglary geçirmek üçin kagyzyñ we gaty kagyzyň ýörite nusgalyklaryny taýýarlaýarlar.

**Çyzgy çyzylýan we surat çekilýän kagyz** ütülden we ak sellýulozadan işlenip taýýarlanýar. Ony massadaka üstünden ýelimleýärler. Has zerur tablisalary we suratlary taýýarlamak üçin ulanýarlar. Surat çekilýän, çyzgy çyzylýan we müşdüklik kagyzlar bu görnüşe degişli kagyzlardyr.

**Surat çekilýän kagyzy** tutuşlygyna sellýulozadan ýa-da sellýulozanyñ düzümine onuñ 25% tutýan ütül goşulan massadan

taýýarlaýarlar. Bu kagyzyñ üsti büdür-südür, ol reñki özüne alýar. Tablisalary, geometriki şekilleri, ülňüleri, nusga şekilleri ýasamakda ulanylýar.

**Adaty çyzgy kagyzy** sellýulozadan we ütülden taýýarlanýar. Hili boýunça bu kagyz surat çekilýän kagyza ýakyndyr. Surat çekilýän kagyzyñky ýaly maksatlar üçin ulanylýar.

**Ýazuw kagyzy** «sarp edilýän kagyz“ ady bilen satuwa çykarylýar. Ýazuw kagyzynyñ dört görnüşi öndürilýär: ütülden we sellýulozadan agardylan sellýulozadan we agardylmadyk sellýulozadan we agaç massasyndan taýýarlanýar. Ýazuw kagyzy çyzyklanan we çyzyklanmadyk görnüşde bolýar. Ol tablisalaryñ, kartoçkalaryñ daş gyrasyny ýelimlemek, eplemli zatlary ýasamak üçin ulanylýar, göwrümli predmetleriñ daşyny ýelimlemek üçin hem ulanylyp bilner.



**Reñklenen kagyz** tekiz, ýalpyldawuk, ýygyrtly (gofrirlenen görnüşlerde bolup biler. **Ýalpyldawuk kagyzy** ýazuw kagyzyndan taýýarlarlar, ony bir tarapyndan reñkleýärler we krahmallap ýalpyldadýarlar; **ýygyrtly kagyzy** iki tarapyny hem reñkläp, papiros kagyzyndan taýýarlaýarlar; **tekiz köp gatly kagyzy** bir ýa-da iki tarapyndan reñkläp, daşlyk kagyzdan taýýarlaýarlar; ony bir tarapyndan

reňkleýärler we oňa deri keşbini berýän görnüşde nagyş salýarlar. Reňklenen kagyzy tablisalary, gutulary, jäheklikleri ýasap bejermek, şeýle hem gurama ýasamak üçin ulanýarlar; tekiz reňkli kagyzdan halyçalary, sebetleri örüp ýasaýarlar, sahypalaryň arasyna goýulýan aralyklary (zakladkalary) ýasaýarlar; gofrirlenen reňkli kagyzdan gülleri we täze ýyl bezeglerini ýasaýarlar.



**Dolaglyk kagyz** biri-birnden agramy, dykyzlygy, reňki boýunça tapawutlanýan dürli görnüşde satuwa ýollanýar. Döwlet standartlaryna laýyklykda dolaglyk kagyzyň 25 görnüşi tapawutlandyrylýar, olar, adatça, tablisalaryň gyralaryny ýelimläp ýasamak, suratlaryň arka tarapyny ýelimläp ýapmak we papýe-maşe bilen işlenilende ulanylýar.

**Çap kagyzynyň** dürli görnüşleri bolýar. Çap kagyzynyň iň gymmatly görnüşleri assiganasiýalary (hümmetli kagyzlary), lotereýa biletlerini, kitaplary, gymmaty pesräkleri bolsa, kitapçalary we gazetleri çap etmek üçin ulanylýar. Papýe-maşe üçin hem gazet kagyzy iň gowy serişde bolup durýar

.



**Diwarlyk (oboý)** kagyzlaryň durmuşda dürli görnüşleri bolýar. diwarlyk kagyzlary jaýlary bezemekde giňden ulanylýar.





**Süpüriji kagyz** ýumşak gurluşly bolýar. Ol, esasan, artykmaç ýelimi, reňkli tegmilleri süpürip aýyrmak, elleri süpürmek üçin ulanylýar.



Ýokarda garalyp geçilen kagyz görnüşlerini ulanyp bolýar. Kagyzyñ şu görnüşleriniñ hemmesi bar bolan halatynda, maksatnamada göz öñünde tutulan tejribeleriñ we synag geçirmeleriñ ählisini, ýagny kagyzy galyñlygy, berkligi, tekizligi, reñki, çyga gatnaşygy boýunça deñeşdirip görmek, umuman, onuñ eplenmäge, kesilmäge, ýelimlenmäge, tikilmäge, reñklenmäge sezewar edilmek ukybyny deñeşdirip görmek üstünlikli amala aşyrylyp bilner.

Gaty kagyz (karton) öndürmekde, edil kagyz önümçiligindäki ýaly işlerden kän bir tapawutlanmaýan guýma, basyp gysma, guratma ýaly esasy tehnologik işler ýerine ýetirilýär. Esasy tapawut kartony öndürmek üçin has gödek we süýümi gaty çig malyñ – goñur agajyñ, ýarym sellýulozanyñ we beýleki serişdeleriñ ulanylmagyndan ybarat bolýar. Şeýle-de, köp gatly gaty kagyz hem öndürilip, onuñ içki bölegi arzan çig maldan, daşky gaty bolsa, has berk we gymmatly süýümlerden guýlup taýýarlanýar.

Zähmet okuwy sapaklarynda kartonyñ dürli görnüşleri ulanylýar.
**Goñur agaçdan öndürilýän** dürli maksatly, tekiz we göwrümli önümleri, şeýle hem daşlyklyk gapaklaryny taýýarlamak üçin ulanylýar.

**Ak agaçdan öndürilýän gaty kagyz** maýyşgaklygy, berkligi pes we näzik (port) bolýandygy üçin, esasan, tablisalary, planşetleri we jiltleri (papkalary) taýýarlamak üçin ulanmak  maksada laýyk hasaplanýar.

**Sary sypaldan öndürilýän gaty kagyzyň** düýpli bir kemçiligi bar. Ol açyk reňkli ýelimlenýän serişdelerde ulanylanda özünden sary tegmilleri galdyrýar. Şonuň üçin ony diňe goýy (gara ýa-da garamtyl) reňkli serişdeleriň daşyny ýelimläp ýapmaly bolanda ulanmak maslahat berilýär.

Sary makulatura gaty kagyz hem edil goňur kartonyň ulanylýan maksatlary üçin ulanýarlar. Ýöne dykyzlygy ýokary we gaýtadan işlenilmegi kyn bolandygy üçin makulatura kartonyny has berk önümleri, mysal üçin, serişdeleriň toplumy üçin gutulary ýasamakda ulanýarlar.

**Daşlyklyk kagyzy** uly dykyzlyga we berklige eýe bolýar. Ony makulatura massasy bilen sellýulozanyň garyndysyndan taýýarlaýarlar. Onuň owadan ýaldyrawuk üsti bolýar. Ony islendik önümi ýasamak üçin ulanýarlar.

Käbir halatlarda zat ýasamak üçin mata, guty, gaplyk we gurluşyk gaty kagyzyny ulanyp bolar.

Gaty kagyzyň dykyzlygy we agramy boýunça belgileýärler. Belgini gaty kagyzyň 1 kwadrat metriniň agramyny aňladýan sany 100-e bölmek arkaly kesgitleýärler. Mysal üçin, 1 kwadrat metriniň agramy 400 gram bolan gaty kagyz belgisi bilen belgilenýär.

Ýokarda görkezilip geçilişi ýaly, çagalary kagyzyň we gaty kagyzyň dürli görnüşleri bilen tanyşdyrmak üçin okuw otagynda olaryň nusgalyklaryndan taýýarlanylan görkezilýän toplumyň (kolleksiýanyň) bolmagy zerurdyr. Kagyzyň we kartonyň dürli görnüşleriniň nusgalyklarynyň ýanynda olardan ýasalan önümleriň nusgalarynyň utgaşykly bolmagy has hem peýdalydyr. Şunuň ýaly toplum zähmet sapaklarynda we önümçilik şertlerinde bu serişdeleriň ulanylyşy bilen çagalary tanyşdyrmaga mümkinçilk berýär.

## 10. Kagyzyñ süýümli gurluşy




Kagyzyñ ýyrtylan ýerini lupanyñ (ulaldyjynyň) kömegi bilen synlasañ, onuñ ownuk süýümlerden ybaratdygyny görmek bolýar. Kagyz ýasaýjy maşynda kagyz massasy hereket edýän wagtynda süýümleriñ aglaba bölegi toruñ (setkanyñ) hereketiniñ ugruna görä ýerleşýär. Netijede, kagyzyñ ýyrtylma garşy berkligi, maýyşgaklygy ýaly käbir mehaniki we fiziki häsiýetleri dürli hili bolýar.

Kagyz süýüminiñ ugurlaýyn ýerleşmegini iki görnüşi tapawutlandyrylýar: maşynlaýyn ugur – munda süýüm kagyz polotnosynyñ kagyz ýasaýjy maşyndaky hereketiniñ ugruna laýyk gelýär. Keseleýin ugur – bu görnüşde süýüm kagyz polotnosynyñ hereketine keseleýin ugra uzaýar. Adatça, maşynlaýyn ugry uzaboýuna ýa-da esasy ugur diýip atlandyrýarlar. Kagyz sahabynda (listinde) esasy ugry kesgitlemegiñ birnäçe usuly bar.

Kagyz listini biri-birine keseleýin (perpendikulýar) tarapa ýyrtýarlar. Esasy ugra tarap ýyrtym oña keseleýin ýyrtylan ugurdan has göni bolýar.

Sahypanyň uzynlygyna we keseligine hersi 20X200 ölçegde bolan iki zolagy kesip alýarlar we bir çetinden tutup, ýokarlygyna galdyrýarlar. Keseligine kesilen zolak uzynlygyna kesilen zolakdan has köp egreler.

Sahypanyň gyralaryny çotgajygyň kömegi bilen ölleýärler. Guradylanda uzynlygyna kesilen kagyzyň gyrasy egrem bolup togalanýar. Keseligine kesilen gyra bolsa, tolkunly bolup galýar.

## 11. Kagyzyň gaýtadan işlenilişi

Okuw görkezme esbaplary, oýnawaçlar, geometriki şekilli zatlar we beýleki önümler taýýarlanýan wagtynda kagyza mahsus bolmadyk häsiýetleriň bolmagyny gazanmak zerurlygy ýüze çykýar. Adatça, kagyzy reňklemeli bolýar. Reňkli kagyzy taýýarlamagyň birnäçe usuly bar.

**Kagyzy anilin reňkleýjiler bilen reňklemek**. Nah matalary reňklemek üçin ulanylýan anilin reňkleriň suwdaky ergini guýlan giň gabyň içine kagyzy batyrýarlar. Kagyzy ergine çalt batyrylar ýaly onuň üstünden metal steržen goýýarlar. Reňklenen kagyzy çekdirilgi ýüpleriň üstünden asyp guradýarlar, soňra bolsa ony gysyjynyň astynda goýýarlar (agyr ýük bilen üstünden basýarlar).

**Reňkli kleýster bilen reňklemek**. Krahmal kleýstere suwda eredilen akwarel ýa-da guaş goşýarlar we alnan massany ýasy çotga bilen kagyzyň ýüzüne çalýarlar. Soňra onuň ýüzüni gerekli ugra çotga ýa-da darak bilen tekizleýärler. Daragyň dişleri nagyş görnüşinde yz galdyrýar. Kleýster näçe goýy bolsa, şonça-da şekil tapawutly bolup, kagyzyň ýüzünde galýar. Daraga derek ştamplary hem ulanyp bolýar. Ýaldyrawuklygyny gazanmak üçin reňklenen kagyzy guradylandan soň, mumlanan pres (mawut) bilen sürtüp tekizleýärler ýa-da lak bilen örtýärler.

**Reñki sepip reñklemek**. Suwuk reñki kagyzyñ üstüne tüýli çotganyñ, ýönekeý çotganyñ ýa-da pürküjiniñ kömegi bilen sepip çykýarlar. Sepip reñklenilende, adatça, trafaret ulanýarlar. Dürli reñkleri we trafaretleriñ birnäçe görnüşini ulanmak arkaly kagyz üstünde köp reñkli suratly şekil edilýär.




**«Mermer şekilli“ reñklemek**. Nebide ýa-da benzine garylan ýag reñklerini giñ gaba guýlan suwuñ ýüzüne sepişdirýärler. Reñki tutuşlaýyn mermer örtük (plýonka) emele gelýänçä ýeñillik bilen garyşdyryp durýarlar. Şu emele gelen örtüge kagyz sahypasyny ýatyryp görýärler-de, ony çaltlyk bilen aýyrýarlar. Edil şonuñ ýaly edip beýleki sahypalary hem goýup we aýryp çykýarlar. Guranyndan soñ kagyz sahypasyny reñksiz lak bilen örtmek maslahat berilýär.

Suwda çümmeýän nusgalary ýasamak üçin suw (çyg) geçirmeýän kagyzy ulanmak zerurdyr. Şeýle kagyzy taýýarlamak üçin adaty kagyza

gyzgyn mumy ýa-da mumyň parafinli garyşygyny siňdirýärler. Mum ýa-da parafin siňdirilen kagyzy gaýtadan işlemek kyndygy sebäpli, mum bilen ýasalyp taýýar edilen önümleri (zatlary) örtmek maksada laýykdyr. Kagyzy suw geçirmez ýaly etmek üçin, ony ýag reňkleri bilen reňkleseň hem bolýar.

Baýramçylyk bezeglerini, ýolka oýnawaçlaryny ýasamak, sahnany bezemek üçin niýetlenen kagyza ýangyna durnukly maddalary siňdirmek zerur bolýar. Kagyzy düýbünden ýanmaýan etmek mümkin däldir.

## 12. Kitabyň abatlanylyşy



Uly topardaky çagalar topary bilen kitaplary bejermeli bolanda, ilki bilen bejergä mätäç kitaplary saýlap almaly. Soňra olary tertibe getirmek üçin sahypalaryny ýelimlemelimi, daşlyk düýbüni täzelemelimi, daşlygynyň burçlaryny berkitmelimi, garaz, näme etmelidigini kesgitlemeli. Şundan soň gerekli serişdäni taýýarlamaly, reňkine laýyk gelýän kagyzy, gaty kagyz bölejiklerini saýlap almaly, ýelimi, çotgalary, gaýçyny alyp goýmaly. Işiň özüni-de edilmeli hereketleriň

yzygiderliligini göz öňünde tutup gurnamaly: bejerilmeli kitaby (ýa-da kitapçany) gözden geçirmeli, ýyrtylan sahypany ýelimlemek üçin gerekli kagyz zolagynyň inini we uzynlygyny göz çaky ýa-da çyzgyjyň kömegi bilen kesgitlemeli, galam bilen bellik edişdirip çykmaly, soňra kesmeli we diňe şundan soň ýelmemeli.

Eger çaganyň hereketleri ugrukdyrylmaýan bolsa, onda ol birnäçe gereksiz hereketleri amala aşyrýar, islenilýän netijäni gazanmaga mümkinçilik bermeýän yzygiderlilikde (tertipde) işi ýerine ýetirýär. Bu aýdylanlary şeýle bir mysaly ýagdaý bilen beýan edeliň:

**6 ýaşly Maral kitaby eline aldy,** onuň daşlyk düýbüne ýelim çaldy, daşlyk düýbe kagyz sahypasyny ýelmedi, kagyz sahypasy uly boldy, ol daşlykdaky suratyň ýüzüni ýapyp duruberdi, gyralarynda-da kagyzyň çykyp duran bölejikleri galdy. Kitap daşlygynyň ýyrtylan we eplenen burçlary bejerilmän galdy. Gyralaryndaky artykmaç kagyzy Maral kesişdirip aýyrdy, ýöne ony göni kesip bilmedi. Terbiýeçiniň ýene bir kitaby tertibe getirmek baradaky teklibine Maral höwes bilen seslendi. Ýene-de öňküsi ýaly tärden peýdalanjak boldy welin, terbiýeçi nähili işlemegiň tertibiniň bardygyny, her işi nädip etmelidigini, kitaby nädip ýelimlemelidigini ýatlamagy teklip etdi. Maral kagyz sahypasynda kitabyň möçberini ölçemäge synanyşdy, ýöne muny hem çyzgyçsyz nädogry etdi. Muňa garamazdan, eýýäm göz çaky bilen ölçäp kesmegi hem öz netijesini berdi. Maral kitabyň daşlyk düýbüni däl-de, kagyz sahypasyny ýelimledi. Ol birinji gezekde öňürti kitaby ýelimleseň, onuň sahypalarynyň biri-birine ýelmeşýändigini we soň olaryň arasyny açmagyň kyndygyny görüpdi. Indi işiň netijesi öňküden has gowudy.

## 13. Kagyzdan we gaty kagyzdan ýasalan sowgatlyklar

Çagalar bagynda, ýagny mekdebe taýýarlaýyş toparyň çagalary bilen dürli sowgatlyklar, bezelen gutujyklaryň içinde güljagazlar, täze ýylda arçany bezemekde dürli reňkli baýdajyklar, kitabyň arasynda goýulýan yzarlawaç (kitaby okaňda setiri yzarlap okamakda peýdalanylýar), iňňe sünjülýän ýassyjygyň dürli görnüşlerini taýýarlamak bolýar. Olary matadan, kagyzdan ýelimlemek arkaly hem taýýarlap bolýar. Iňňe sünjülýäniň matadan dürli şekillerde ýelimlemek arkaly taýýarlap bolýar. Çagalar bagynda terbiýeçiniň ýolbaşçylygynda iňňe sünjülýäniň kagyzdan, matadan dürli şekiljiklerini ýelim bilen ýelimläp taýýarlamagy öwretmegi talaba laýykdyr.





Çagalar bagynda terbiýeçi myhmanlar üçin çagyryş hatlar, gutlaglar, 8-nji mart Halkara aýal - gyzlaryň güni, doglan günleri bilen ýakynlaryny gutlamak üçin dürli şekilleri taýýarlap sowgat bermegi ündeýär.

Sowgatlyk taýýarlamak üçin gaty kagyz, dürli reňkli kagyz, mata gerek bolýar. Dörtburç gaty kagyzy iki eplemeli we oňa görä sähelçe kiçiräk matany gaýçy bilen gyrkyp almaly.Taýýar bolan kagyz bilen matanyň böleklerini dört gyrasyny ýelim bilen ýelimlemeli. Soňra bolsa sowgatlygyň daş ýüzüni islege görä bezemek bolýar.

Kagyz, mata, ýelim bilen işlemekde çagalaryň pikirleniş ukybyny, eliniň hereketini, daş- töwerege bolan garaýyş duýgusyny, başarnykendigini ösdürýär.

**Sowgatlyklary taýýarlamagyň nusgalary.**
**Ýumuşlar:**

1. Kagyzyñ öndürilişi we ulanylyşy baradaky diafilmler we kinofilmler bilen tanşyñ.
2. Köpçülik bolup, kagyz we gaty kagyzyň nusgalarynyñ görkezilýän kolleksiýasyny (toplumyny) taýýarlañ.
3. Kagyzy reñklemek we süýümleriñ esasy ugruny kesgitlemek boýunça barlag işini geçiriñ.







## 14. Kagyzyň we gaty kagyzyň işlenilip bejerilişi.

Nusgalar, ülňüler köp dürli gaýtalanýan suratlary ýa-da harplary, sanlary köpeltmek üçin ulanylýar. Olar kärhanalarda, gurluşyklarda, kitaphanalarda, çaphanalarda ulanylyp bilner. Nusgalyk bilen dürli suratlary alyp bilerler.

Ülňüler bilen dürli zatlary ýa-da belli bir suratlaryň şekillerini, nusgalaryny alyp bolýar.

Tagmalar kagyzlary, gaty kagyzlary tagmalamakdan ulanylýar. Ýagny tagmalaryň üsti bilen dürli şekillerde ülňüleri ýasamak bolar. Çagalar baglarynda kagyzlardan ýasalýar.

Alnan nusgalyklary, ilki bilen, reňksiz laklar bilen reňkläp, olary guradyp, soňra nusgalyk alsaň has gowy bolar. Nusgalygy ak kagyzyň üstüne goýup, ýönekeý galam bilen çyzmaly. Biz ol kagyzy gyrkmazdan öň, onuň nähili görünjekdigini kesgitlemelidiris. Şol bir alnan nusgalyk her dürli reňkde reňklenip bilner. Her bir surat üçin täze nusgalyk ulanmalydyr. Ülňüler çagalar baglarynda, esasan hem agaçlardan ýasalýar. Ülňüler pyçaklar bilen kesip alynýar. Has gowy ülňüleri bolsa fanerlerden alyp ulanyp bolýar.

Çagalar baglarynda tagmalar gaty kagyzlardan, rezinlerden ýasalýar. Has gowy tagmalar dykydan ýasalýar. Ýöne tagmany almak kyn bolýar. Sebäbi işlän wagtyň dykylaryň owranmagy mümkin.

Aňyrdan gelýän terbiýeçilik işi durmuş bilen baglanşykly bolmalydyr. Şolar ýaly terbiýeçilik işi üçin mugallymlaryň hem-de terbiýeçileriň şekile geçirilen görnüş arhiwleri bolmalydyr.

Mugallymçylyk mekdebinde okaýan talyplar bilim berijiligiň hemme tarapyny bilmelidir. Esasan hem tehnikanyň dürli usullaryny bilmelidir. Talyplar tehnikanyň dürli usullaryny bilmek bilen, mehaniki işler bilen ýa-da kartonlary, kagyzlary, matalary, metallary ulanmak bilen el maşynlarynda özleriniň ukybyny barlap bilerler. Olar ýasalan zatlary täzeden ýasamaga uly ukyp döréderler.

Okuw terbiýeçilik işleriniň, ussahanalaryň, guramalaryň düzümleriniň bir bölegi bilen tanyşýarlar. Olaryň birinji bölegi kagyzdan, gaty kagyzdan, matadan dürli zatlary ýasamaga çalyşýar. Ikinji bölegi metallardan ýasamak, üçünji bölegi mekdebe çenli ýaşly çagalarda oýnawaçlar ýasamaklyk. Tejribeçilik işlerini geçirende, terbiýeçi mekdebe çenli ýaşly çagalar şeýle ýagdaýda taýýarlap biler:

a) terbiýeçi çagalara daş-töwerekleri barada giň düşünje bermelidir;
b) kagyzlaryň dürli reňklerdigini, gaty kagyzdygyny, matalaryň bolsa dürli kärhanalarda öndürilýändigini aýtmalydyr;
ç) her bir ýasalýan zatlaryň ýönekeý zatlardygyny düşündirmelidir;
d) dürli zatlaryň çagalara elde ýasalýandygyny düşündirmedir.

## 15. Tekiz önümleriň reňkli kagyz bilen jäheklenilişi.

Çagalar baglarynda ulanylýan görkezme esbapdyr gollanmalaryň, suratlaryň, tablisalaryň, soragnamalaryň gyralaryna reňkli kagyzlardan gyrkyp ýelimlemek arkaly jäheklemek işleri ýerine ýetirilýär.

Taýýar edilen şekiliň gyrasyny owadanlamak üçin reňkli kagyzdan inçejik görnüşde aýlanan kagyz bölejigine ***jäheklemek diýilýär***.

Bu işleriň berkligi, gözelligi esasy ähmiyetli iş bolup durýar.

Terbiýeçi okuw - görkezme esbaplaryň, ir-iýmişleriň, gök-önümleriň suratlaryny görkezmek bilen ýa-da sorag-jogap alyşmak arkaly çagalaryň sözleýiş dillerini ösdürip biler.

**Gerekli gurallar:** çyzgyç, üçburçluk, gaýçy, ýelim.
**Ulanylmaly serişdeler:** gaty kagyz , reňkli we gara kagyz,ýelim**.**

**Işiň gidişi:**

1. Gaty kagyz taýýarlamak.
2. Reňkli kagyzdan iki sany zolak kesmeli.
3. Iki zolagy goýmak.
4. Iki zolagy görkezilişi ýaly kagyzyň ýüzüne ýelmemek.
5. Ýene-de reňkli kagyzdan iki sany zolak kesmeli.
6. Zolaklary  görkezilişi ýaly kagyzyň ýüzüne ýelmemek.
7. Reňkli kagyzdan 4 sany dörtburçluk taýýarlamak.
8. Dörtburçluklary gurama bilen bezemek.
9. Önümiň taýýar görnüşi.




Terbiýeçi guramalaryň atlaryny aýtdyryp, çagalara düşündirmelidir.

## Täze ýyl oýnawaçlarynyň taýýarlanylyşy

Täze ýyl arçasyny bezemeklik gadymdan gelýän däpleriň biridir. Ýaşyl şaha - bu baky şaha, agajyň ýaşaýyş nyşanydyr, ol jadyly güýçler bilen ýaman zatlardan öýi we öýüň içindäkileri betbagtçylyklardan goraýar. Gadym döwürler Polşada oba jaýlarynda täze ýyl baýramçylygynda agaç başaşak goýberlip, jaýyň içinde ýokardan asylyp goýlupdyr. Adatça, ýokarda asylýan agaçlar pugta ýa-da arça agaçlary bolup, köplenç, ol almalar, hozlar, kökeler bilen bezelipdir. Ýagny 19-njy asyrda Germaniýada täze ýylda agaç bezemek däbi gelipdir. Ony ýanyp duran şemler, her hilli oýnawaçlar bilen bezemek ýörgünli bolupdyr. Ol oýnawaçlaryň içine gadymy milli oýnawaçlar hem degişli bolupdyr. Arça agajyny bezemek halk arasynda gadymy däpleriň biri bolany üçin terbiýeçiniň ýolbaşçylygynda çagalaryň arça agajyny bezemek üçin öz elleri bilen ýasan bezegleri hem milli däp-dessurlarymyza ýugrulandyr.
Olar ýaly bezegler ýasalanda ulanylýan serişdeler şulardyr: sypal, reňkli kagyz, ýelek, we ş.m. Iş ýerine ýetirlende tebigy ýelim has amatly bolýar. Bezegleriň ululygy arçanyň göwrümine seredip saýlanylýar. Ýasalan bezegleri arça agajynda dogry, ýerbe-ýer goýulmagyna uly üns berilmelidir. Arça agajynyň şahalarynda guşjagazlar, dürli görnüşdäki




şekiller, sebetjikler asylmalydyr. Birnäçe bezegleri, ýagny jaýlaryň, gurjaklaryň, haýwanjyklaryň şekilleri arça agajynyň şahasynda oturdylýar. Çagalar baglarynda arça agajynyň bezeglerini ýasamak çagalara uly şatlyk getirýär. Çagalar arça agajynyň bezeglerini uly höwes bilen ýasaýarlar. Çünki çagalaryň arça agajy bilen bagly ajaýyp ýatlamalary galýar. Täze ýyl baýramyna taýýarlyk döwründe çagalaryň estetiki duýgusynyň köpçülikleýin iş etmäge we halk döredijiligine gyzyklanma döretmegi terbiýelemegi ýatdan çykarmaly däldir. Bezeg ýasamak üçin ulanylýan gurallar: gaýçy, iňňe sapaklar, reňkli kagyzlar, ýelim. Ýagny sypaldan bezeg ýasalanda, ol bir gün öňünden suwa salnyp goýulýar. Şonda ol ýazgyn we işlemäge amatly bolýar. Ýumurtganyň gabygy bilen işlenende ony gowy edip ýuwmaly we ýelegi taýýarlamaly.



Milli ýasama oýnawaçlarda, köplenç, ýelekden peýdalanylýar, olary dürli reňklere boýap ulanýarlar. Ýelekleri ulanmazdan öň mylaýym suwda sabyn bilen ýuwmaly. Sabyn ýelekdäki ýagy aýyrýar. Ondan soň olary durlap, reňklemek üçin birnäçe sagatlyk reňkiň içine salmaly. Ýelekleri reňke batyryp alansoň, olary kagyzyň üstüne ýazyp goýmaly we guratmaly. Ýelekleri reňklemek üçin gerek bolan reňkleri ulanmaly. Sebäbi olary gyzdyrman



ulansaň bolýar. Reňki gutujygyndan mylaýym suwly gaba guýmaly we gowy garyp almaly. Ýurdumyzy has hem gözelleşdirmek maksady bilen Türkmenistanda arça agaçlary ösdürilip ýetişdirilýär. Arçalar ýylyň her paslynda özüniň öwüşginini ýitirmeýär. Her ýylyň 31-nji dekabrynda ýurdumyzyň paýtagty bolan Aşgabat şäheriniň merkezinde baş arçamyzyň baýramçylygyny uly dabara bilen bellenip geçilýär. Arçanyň dabarasy hormatly Prezidentimiz tarapyndan açylýar. Bu ýerde çagalary ertekileriň gahrymanlarynyň eşigini geýen sungat işgärleri we Aýazbaba, Garpamyk gelip, çagalaryň şatlygyny paýlaşyp, olara sowgat paýlap, has hem begendirýär. Her bir Täze ýyl baýramçylygynda ýurdumyzyň asudalygy, jebisligi, maşgala agzybirligi, rysgal döwletiň kän bolmagy arzuw edilip uly şatlyk-şowhun bilen bellenip geçilýär.



Täze ýyl baýramynyň öň ýanynda her bir maşgalada kiçijek arça getirilip, öýüň aýratynrak ýerinde oturdylýar. Ony çagalar dürli oýnawaçlar bilen bezeýärler. Ajaýyp öwüşginli çyraglary dakýarlar. Soňra çagalar el tutuşyp arçanyň daşynda goşgudyr aýdym aýdyp begenişip tans edýärler. Her bir maşgalanyň arçasynyň aşagynda Aýazbaba çagalara baýramçylyk sowgadyny goýup gidýär. Arça baýramy

bütindünýä boýunça bellenilýän baýramçylykdyr. Ol maşgala baýramçylygydyr.

***Işiň gidişi:***

1. Arça bezegi iki görnüşde ýasamak bolýar: zynjyr we baýdajyklaryň görnüşinde. Sapakda çagalaryň ele alan eplemek, gyrkmak, ýelimlemek ýaly endiklerini ulanyp ýasatmak bolýar.
2. Iş ýerinde gerekli esbaplary, serişdeleri ýerbe-ýer ýerleşdirmek — aşagyna goýulan kagyz, gutujyk, ownuk bölejikleri salmak üçin çalaja suwlanan mata bölegi. El bilen işlenilende ýasaýan zadymyz göwnejaý, talabalaýyk bolýar.
3. Berlen nusgalygy üns bilen synlamaly, öwrenmeli. Terbiýeçi tarapyndan edilen nusga we kitapdaky suratyny ýasaýan zadynyň näçe bölekden durýandygyny anyklap almaly (Zynjyryň bir tegelegi bir elementden durýar; zynjyr özara nähili birikdirilýär).
4. (Halkajyk edip biri-biriniň işinden geçirilip ýelmenýär). Zynjyryň alnan taýýar bir ülňüsini alyp, ak kagyza goýup, galam bilen çyzyp almaly.
5. Ülňi boýunça gyrkyp almaly. Gyrkylyp taýýar edilen ülňini



keseligine we bölekleýin bir elementiň ýarty bölegini beýleki bir bölegine ýelmemeli. Tegelegi gyrkyp alan kagyzlarymyzdan asylyp goýulýan arça bezegini ýasamak bolar. Iki detaldan ýasalan zatlary harp bilen belgilemeli. A-A, B-B, Ç-Ç we ş.m. Gerekli ülňüler gyrkylyp bolandan soň, iki şaý

(detal) biri-biri bilen ýelmenende ortasyna kagyzdan tutawaç ýelmäp goýmaly.

Bütewi tegelejige ýelim çalyp, birinji ýerine ýetirenimizde doly görnüşde ýelimlemeli. Taýýar bolan oýnawajy arça agajymyzdan asyp goýmak bolar. Şular ýaly usulda güljagazyň, jüýjäniň we ş.m. şekilleri taýýarlap arça agajyny bezemek bolar. Galyndy kagyzdan ýasalan her ýyldyzjygy otagda asyp goýmaly.

6. Has gowy, owadan, gyzykly edip ýasalanlary belläp geçmeli. Baha berlende reňkleriň sazlaşygyna hem üns bermeli.

Terbiýeçiniň ýolbaşçylygynda çagalaryň öz elleri bilen dürli kagyzlardan ýerine ýetiren oýnawaçlaryny otaglaryny bezemek üçin ulanmak bolar.

## 16. Hereketlendirilýän oýnawaçlar

Iki adamyň dostlugy diýmek – bu ol iki adamyň biri-birini sylamagy, biri–birine hormat goýmagy, öz dostuňy özünden belentde goýmak, onuň isleglerini özüňkiden ilerde tutmakdyr.

Oýnawaçlar çagalaryň durmuşynda esasy orny eýeleýär. Çaga ilkinji günlerinden başlap, olaryň kömegi bilen durmuş hakykatyna düşünip başlaýar. Dürli hereketli oýnawaçlary bilen bilelikde olarda agzybirlik, dostluk – doganlyk gatnaşyklary ösýär.

Gadym zamanda iki dost bar eken, olaryň biriniň diňe garryja kakasy bar eken. Ol günlerde bir gün söwda kerweni bilen uzak ýurtlara gidipdir. Şonda ol ýesirlige düşüp, ençeme wagt öýüne dolanyp bilmändir. Kakasynyň bolsa ýeke hossary ogludy. Ol hem ýok bolansoň kakasyna hiç bir ýakyny kömek etmändir. Ol mahal oglanyň dosty giden oglan gelýänçä onuň kakasyna edil öz kakasyna seredişi ýaly hossarlyk edipdir. Ondan oglan gelenden soň, onuň dosty hakyky dostdugyny görüpdir. Ol kyn günde dostunyň dadyna ýetişipdir. Dostluk diňe uly adamlaryň

arasynda bolman, eýsem, dostluk çagalykdan başlanýar. Çagalaryň dostlugy has kiçilikden başlansa, olaryň dostlugy dogana hem öwrülýär.



Çagalara biri-biri bilen dost bolmagy, diňe adamlaryň üsti bilen däl-de, olara reňkli kagyzlardan, gaty kagyzlardan hereketlendirilýän oýnawaçlary ýasap olaryň terbiýeçilik ähmiýetini düşündirmek bolar. Meselem: «Adam we aýy» oýnawajynyň üsti bilen adam we haýwanlaryň arasynda dostlugyň bolýanlygy barada düşünje bermek bolýar. Oýnawaçlaryň terbiýeçilik ähmiýeti örän uludyr. Terbiýeçi oýnawaçlaryň üsti bilen çagalarda agzybirligi, dostlugy, doganlygy biri-birini sylamagy, hormaty, zähmete bolan söýgini terbiýeläp biler.



**Döredijilik oýunlary**

Çagalar baglarynda terbiýeçilileriň ýolbaşçylygynda döredijilik oýunlaryny geçirmeklige aýratyn üns berilýär. Oýun çaganyň esasy başarjaňlygydyr. Ol beden, akyl taýdan başarnygy ösdürýär. Terbiýeçiniň ýolbaşçylygynda çagalary

hemme taraplaýyn terbiýelemekde oýnuň görnüşlerinde esasy meseleler emele gelýär.

Döredijilikli oýunlar tematiki taýdan dürli we baý mazmunlydyr. Şonuň üçin hem çagalar baglarynda oýunlar üçin oýnawaçlaryň dürli görnüşleri gerek bolýar.

Oýnawaçlary ýasamak üçin dürli hilli serişdeler gerek bolýar. Mysal üçin: tagta bölegi, bajyklar, mata bölekleri we ş.m.

Terbiýeçileriň käbiri tarapyndan ýasalan oýnawaçlar ýörite ýasalan oýnawaçlar bilen bäsleşmäge ukyplydyr. Käbir ýagdaýlarda terbiýeçiler çagalar bilen bile ýasap bilerler. Mysal üçin: Satyjynyň öňlügi, kellä geýilýän gabyny we ş.m.

Uly toparyň çagalary, köplenç, ertekileriň gahrymanlarynyň ýüzüni ýasaýarlar. Mysal üçin: tilki, aýy, towşanjyk, möjek. Bular ýaly keşpleri ýasamak işleri çagalar bagynda ýerine ýetirilýär.

Gerekli serişdeleriň görnüşleri we ýönekeýje iş gurallary, ýagny çekiç, gaýçy ýaly gurallar her bir toparda bolmalydyr. Bular ýaly gurallar üçin bolsa gutyjyklar ýasamalydyr.Geýimleriň böleklerini, kellä geýilýän gaplary,oýnawaçlary dürli hilli galyplaryny ýasamak çylşyrymly zähmeti talap etmeýär.Köp dürli geýimleriň çagalar üçin niýetlenenleri, dürli görnüşe boýalan matalardan tikilýändir.Gerekli serişdeleri gowy guradylan agaçlardan we gowy arassalanan mata böleklerinden, eger mata öň ulanylyp hapalanan bolsa, ondan peýdalanmakaň matany gowy edip ýuwmaly. Işe gerekli kagyz bilen gaty kagyz arassa we eplenmedik bolmaly.

Haýwanlar bilen guşlaryň ýüzüniň şekilini ýasamak kynrak bolýar.Taýýar bolan şekiller hiç wagt çagalaryň ýüzlerini doly ýapmaly däldir.Olar kellä geýilýän gap görnüşinde ýasalmalydyr.Taýýar bolan görnüşleri synlanyňda olary 2 topara bölmek bolýar.

Olaryň birinjisi gerek bolan ölçegler boýunça gaty kagyzdan gyrkyp ýelmemek arkaly, ikinjisi, kagyzlary böleklere bölüp göwrümli görnüşlerini ýasamak.

Ikinji  görnüşdäki ýüze örtgüjiň (maskalaryň) agramyny azaltmak üçin, ondaky goýulýan kagyzlaryň gatlaklaryny mümkin boldugyça azaldýarlar. Şekiller berk bolar ýaly onuň daşyndan we iç tarapyndan hasa ýelimlenýär.

Gaty kagyzdan ýasalýan görnüşi bolsa ýönekeý bolýar. Olary bezemek çagalara aňsat düşýär.

### Kagyzdan oýnawaçlaryň eplenip we kesilip ýasalyşy

**Uçaryň we paraşýutyň ülňüleri, nusgalary**. Howada uçýan ulag beýleki ulaglardan has tiz hereket edýär we adamyň wagtyny tygşytlaýar. Soňky döwürlerde tehnologiýanyň ösmegi netijesinde has kämil enjamlar bilen üpjin edilen uçarlar uçýarlar.



Uçarlaryň, paraşýutlaryň görnüşlerini ýasalanda, olaryň suratlary görkezilende çagalarda has-da höwes döreýär. Geliň, paraşýutlara mysal alyp göreliň: elimize arassa depderiň ýa-da surat depderiň listini  alyp, birnäçe metr beýiklikden aşak goýberenimizde, ol öz agramyna görä ýere düşer. Eger



gaty kagyz bolsa, onda ol haýal aşak düşer. Ine, şular ýaly hem paraşýutlar deň agramlykda uçýarlar.



Indi bolsa çagalary uçarlaryň birnäçe görnüşleri bilen tanyşdyralyň. Ilki bilen uçarlary ýasamak üçin oňa her dürli kagyzlar gerek bolýar. Uçaryň şekilini taýýarlanylanda, esasanam onuň kiçi, uly ganatlaryny ýasanymyzda gaty kagyzlardan ýasamaly. Nähili şekilleri ýasanymyzda hem olaryň esasy ýasalyş görnüşlerini ilki bilen terbiýeçi çagalara görkezip düşündirmeli.

Uçarlaryň adamyň durmuşynda ähmiýeti örän uludyr. Uçarlar uzak aralygy geçip bilýärler. Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen daşary ýurtlardan getirilen “Boing” kysymly häzirki zaman uçarlary halkymyzyň hyzmatynda. Uçaryň şekilini ýasamak üçin gaty kagyz, çyzgyç, burçlyk hem – de gaýçy gerek bolýar. Şekiliň çyzgysy we belgilenişi boýunça onuň suduryny gaýçy bilen gykyp almaly. Belgi iki gatlanan gaty kagyzdan edilýär. Gyrkylyp alnandan soň, onuň ýazgysy emele gelýär.





Degişli ýerler eplenilip, nusga emele getirilýär. Şekili emele getirmek üçin suduryny tertip boýunça eplemeli.

Uçaryň nusgasyny tutup bat bilen göni uçarmaly. Onuň uçuşyny üns berip synlamaly. Eger- de nusga göni uçman, saga ýa-da çepe gyşarsa, onda öwrüji ruluny göneltmeli.

Eger-de nusga göni uçman, ugrundan aşak ýa-da ýokary bolsa, onda beýiklik ruluny sazlamaly. Eplemek (**origami**) - dürli reňkli kagyzlardan eplenip, müň ýyl mundan ozal Ýaponiýada döräpdir. Ýöne onuň döreýiş taryhy hakynda hiç hili taryhy maglumat ýok. Ýagny wagt geçmegi bilen origami ýaponlaryň bezegine öwrüldi. Baýramçylyklarda bu bezeg işleri diňe ulular däl-de eýsem, ýaş kiçileri hem gyzyklandyrýar. Ol eýýäm öz watanynda çykyp beýleki ýurtlara ýaýrapdyr. Ýagny kagyzdan guwlar watançylyk urşunyň nyşany boldy . Çagalar şol guwlary asmana uçuryp, öz watanlarynyň asuda bolmaklaryny isläpdirler. Her ýyl Ýaponiýanyň milli baýramçylyklaryň birinde däp bolan birnäçe ak guwlary asmana uçýarlar. Urşuň öňüni almagyň nyşany bolan bu guwlara «Mira Hirosima“ parkynda ýadygärlik dikildi. Dürli kagyzlardan ýasalan gyzykly, peýdaly zatlar, mekdebe taýýarlaýyş toparyň çagalar üçin taýýarlanylýar. Çagalar kagyzy diňe surat çekmek üçin ulanman, eýsem, ondan dürli zatlar hem ýasap bilýärler. Çagalar dürli zatlary ýasap, olary her hili oýunlary oýnamakda ulanyp ýa-da öz deň- duşlarynyň doglan



günlerini, tebiýeçisini, öz ene - atalaryny baýramlaryny gutlamaga höwesli bolýarlar . Çagalar öz elleri bilen ýasan zatlaryna diýseň begenýärler. Ýagny olaryň ýasan zatlary: ýelpewaç asmanda ýelpenýär, gaýykjagazlar suwda ýüzýärler, uçarlar uçurýar. Çagalar öň ýasan zatlary täzeden ýasamaga

berende olara öňden bolan şekilleri has-da gowy ýasaýarlar. Şekilleri ýasanlaryndan soň çagalaryň dünýägaraýyşlary giňelip ýasajak şekillerine nähili reňk gerekdigini saýlap bilýärler. Şekil ýasan ýerlerini arassa saklamak bilen arassaçylyk endiklerini öwrenýärler. Çagalaryň söýgüli oýnawaçlary bolan elde ýasalan gaýykjagazlar, uçarlar, ýelpewaçlar, telpejikler gazetlerden hem-de ak kagyzdan ýasalýar. Ak kagyzlardan ýasalan telpejikler tomsuň yssy günlerinden goraýar.

Açyk reňklerden ýasalan şekiller çagalaryň ünsüni özüne çekýär. Çagalar ol şekilleriň üstüni dolduryp täzeden owadanlamaga çalyşýarlar. Bir wagtda hem çagalar şekillere bolan höwesini artdyryp, şol şekilleri beýleki oýunlar üçin hem aýap saklaýarlar. Çagalaryň terbiýeçisini we olaryň ene - atalary her hili kitapçalardan dürli reňklerden ýasalan kagyz şekiljikleriň üsti bilen çagalaryň her biriniň aýry - aýrylykda başarnyklaryny barlamalydyr. Şekilleri ýasamak üçin gerekli esbaplar açyk reňkli kagyzlar hem-de kagyzlaryň dürli görnüşleri gerekdir. Ýagny dürli reňkdäki kagyzlar çagalaryň ýasaýan şekiljikleriniň her dürli görnüşde bolmagyna uly kömek edýär. Şekil ýasamaga gerekli okuw görkezme esbaplar: reňkli kagyzlar, pyçajyklar, ýelim, çotga, arassa elýaglyk hem-de gaty kagyz, ýagny kagyzyň reňkini ýasaýan şekiliňe kybapdaş edip almalydyr. Bu bolsa şekiliň owadan bolmagyna kömek edýär. Meselem: tilkiniň şekilini alanymyzda, oňa goýy sary reňk, towşanyň şekilini alanymyzda mele reňk ýa-da ak reňk alyp bolar, eger-de gülüň, jüýjeleriň, kebelegiň şekilini alanymyzda, olary akwarel reňklerde ulanmaga çagalara mümkinçilik döretmeli. Şekil ýasamak üçin kagyzyň görnüşlerinden gaty kagyz , ýuka kagyzlar gerek. Olar arassa, gury eplenilmedik bolmalydyr. Suwda ýüzýän oýnawaçlar ýasalanda gurşun kagyzlary ýa-da suwa çümmeýän kagyzlar bolmalydyr.

## 17. Dürli serişdeler bilen işlemek
## Toýun we plastilin bilen işlemek

Halk döredijiligi elmydama düşnükli we köpçülikleýin söýülýän sungatdyr. Gadymy döwürlerde adamlar öz öýlerini owadan halylar, surat çekilen tabaklar, elde ýasalan birnäçe şekiller bilen bezemäni gowy görüpdirler. Adamlar öz öýlerini bezemek bilen gadymy döredijilik sungatyna golaýlaşýarlar. Halk döredijiligini döretmek bilen ussa her gezek şol bir şekili ýerine ýetirende-de onuň ýasan heýkelleri biri-birine kän meňzeş bolmaýar. Sebäbi ussa öz ýasan heýkelini öz döredijiligi bilen döreýändir.



Toýun we plastilin mekdebe çenli çagalar edaralarynda çagalary terbiýelemekde uly rol oýnaýar. Skulptur (heýkeltaraş) Ginsburgyň aýtmagyna görä, çagalaryň durmuşynda beýleki sapaklaryň zerur bolşy ýaly, toýun, plastilin bilen işlemek örän zerurdyr.Ýagny toýundan we plastilinden şekil ýasamak sapaklaryň üsti bilen göz öňüne getirmek ukyby ösdürýär. Surat çekmek bilen çagalaryň dünýägaraýyşlary ösýär we öz çeken suratlarynyň ýüzüni toýun, plastilin bilen bezäp bilýärler.

Heýkel, şekil ýasamaklygyň dürli görnüşleri bolup, gadym döwürdäki adamlar birnäçe asyr mundan öň öz ýasan ajaýyp heýkellerini, şekillerini döredipdirler. Heýkel, şekil ýasan ussatlarymyz janly tebigatymyzy, gelin-gyzlarymyzy, parahat ýurdumyzy wasp etmek bilen öz ýasan heýkellerinde janlandyrýarlar. Ýagny dürli zatlary ýasamaklyk, olardan peýdalanmaklyk biziň durmuşymyzda örän uly rol oýnaýar.
Beýleki predmetler ýaly heýkel, şekil ýasamak, şol heýkele, şekile görä materýallary saýlamak zerurdyr. Heýkel ýasamak üçin toýnuň dürli

görnüşleri gerek bolup durýar. Gaty toýunlary suwa salyp, ony suwda ýumşatmalydyr. Toýundan heýkel ýasamaklyk has-da yssy öýlerde gowy ýerine ýetirilýär. Sebäbi toýunlar yssy howada gatamaýarlar. Suwa salynan toýnuň arasynda birnäçe hapa bölejikleri toýundan aýrylyp suwuň düýbünde galýarlar. Galan suwy bolsa heýkeldäki şekilleri biri-birine ýelimlemek üçin ulanylýar.

Heýkel ýasamazdan öň, ilki bilen, ulanyljak suw belli bir temperaturada bolmalydyr. Suwa toýun atylanda, ony tagta bölekleri bilen garmalydyr. Toýundan ownuk işleri ýerine ýetirilende toýun eliňe zeper ýetirmez ýaly, nah süýümden ýasalan ellikleri geýse bolar, ýa-da bolmasa toýuna azajyk ösümlik ýagyny guýsa hem bolar.




Ak toýundan çagalar gap-gaçlaryň, çäýnekdir käseleriň şekilini ýasap bilerler. Dürli serişdeler bilen işlenende çäge, toýun, daş, sapakly ýumak, gamyş, sazak, selin ýeken, tohum, çigit, plastilin guradylan ösümlik ýapragy, guran agaç şahajyklary we ş.m. zatlar gerek bolýar. Dürli serişdeler bilen işlenende gaýçy, galam, çotka, gerek bolýar. Esasan hem çagalar baglarynda çagalar plastilinden terbiýeçiniň ýolbaşçylygynda dürli şekilleri ýasamaga höwesjeň bolýarlar. Plastilin we toýun bilen işlenilenden soň; terbiýeçi çagalara elini sabyn bilen ýuwmagy we howpsuzlyk düzgünini berjaý etmegi elmydama ýatladyp durmalydyr. Plastilinden we toýundan birnäçe şekilleriň ýasalyşyny öwreneliň.

Plastilin we toýun palçyga meňzeş bolup, ondan dürli oýnawaçlary, şekilleri ýasamak üçin peýdalanylýar. Plastilin zolak-zolak edilip, dürli

reňkli ýasalandyr. Ol gutynyň içinde ýerleşýär. Plastiliniň dürli reňkli zolaklardan ýasalmagy, ondan dürli reňkli oýnawaçlary ýasamaga mümkinçilik berýär. Dürli oýnawaçlar bilen birlikde kiçijik haýwanjyklaryň, gap-gaçlaryň we başga-da birnäçe zatlaryň şekillerini ýasamak hem amatlydyr.



Plastilinden miweleriň şekilini ýasap bolýar. Ilki bilen bir bölejik plastilin alyp, ony eliň aýasynda togalap, almanyň şekiline getirmeli. Soňra almanyň iki tarapyny oýujak etmeli. Plastilinden bir bölejik alyp kiçijik taýajyk ýaly edip eliň aýasynda eýläk-beýläk ýaýyp, inçe çybyjaga meňzetmeli. Soňra ony almanyň oýujak ýerine birikdirmeli. Şahajygy, ýapragy hem plastilinden ýasamaly. Eger-de almanyň reňki gyzyl bolsa ýapragyny ýaşyl, şahajygy mele reňkde taýýarlamaly. Plastiliniň ýaşyl reňkinden bir bölejigi eliň aýasynda gowy ýasaşdyryp ýaprak şekiline getirip, daş töweregini eliň bilen kertik-kertik etmeli. Mele reňkdäki plastilinden taýajyk ýasap,ýaňky ýaprajygy şahajyga birikdirmeli.

Kömelekleriň dürli görnüşleri bolup, olar meýdan kömelekleri hem-de tohumyny ekmek arkaly ösdürilýän kömeleklerdir. Kömelekleriň iýilmeýän görnüşleri hem bar. Iýilýän kömeleklere telpekli kömelekler, gelin kömelegi we domalan hem-de tohumy ekilýän kömelek degişlidir.
Iýilmeýän zäherli kömeleklere ak ýylan kömelegi degişlidir. Ýylan kömelegi gelin kömelegine meňzeşräkdir. Ýöne gelin kömeleginiň

telpejiginiň aşak ýüzi gyzgylt reňkde bolýar. Ýylan kömeleginiň telpejiginiň aşak ýüzi ak reňklidir.

Kömelegiň şekilini ýasamak üçin ilki bilen toýny suw bilen garyp, taýýar palçyk görnüşine getirmeli. Soňra ony gowy eýlemeli. Näçe eýledigiňçe, işlemek üçin şonça-da amatly, ýumşak bolýar. Öňürti ýasajak zadyňy göz öňüne getirmeli ýa-da suratyna seredip ýasamak ýeňil bolýar. Kömelek ýasamak üçin bir bölejik toýny alyp, tagtanyň üstünde ýasap, tegelek görnüşe getirip, telpege meňzedip, telpegiň ortasyny oýtagrak edip ýasamaly. Soňra ýene bir bölejik toýundan taýajyk ýasamaly. Esasy bölekler taýýar bolansoň, telpejigiň oýtak ýerine taýajygy birikdirmeli. Soňra ýasalan kömelegi kölegede guratmaly.



Gap-gaçlar adamyň durmuşynda gündelik ulanylýan zatlaiyň biridir. Olaryň dürli görnüşleri bolýar. Gap-gaçlar agaçdan, alýuminden, polatdan, çoýundan, çüýşeden, toýundan jäçden, plastmasdan ýasalýar. Toýundan küýzeler, gap-gaçlar ýasalanda, kölegede guradylyp, kürede bişirilipdir. Toýundan çanak, tabak, çemçe we ş.m. zatlary ýasamak üçin ilki bilen bir tokga toýun almaly. Soňra bir gaba salyp üstüne suw guýmaly. Suw bilen toýny gowy garyşdyrmaly. Palçyk taýýar bolandan soň, ýuka tagtanyň üstünde bir bölek toýny alyp, oňat eýlemeli. Soňra

ýasajak tabagyňa meňzedip, düýbüni çukurrak edip ýasap başlamaly. Tabagyň daş-töweregini oňaryşdyryp, tabak şekiline getirmeli. Soň olary kölegede guratmaly. Çäýnegiň şekilini ýasamak üçin palçygy gowy eýlenen toýundan bir bölek almaly

Toýun bilen işlenende ýuka görnüşli tagta işlemäge amatly bolýar. Ilki bilen çäýnegiň göwresi ýasalýar, soňra jümögi, gulpy, gapagy şeýle yzygiderlilikde taýýarlanýar.

Ata-babalarymyz toýundan küýzeleri, tabaklary ýasap, kölegede guradyp, kürede bişiripdirler. Toýundan ojak edipdirler.
Goýna, geçä dowar diýilýär. Goýnuň, geçiniň eti adam üçin iň süýji et hasaplanýar. Geçiniň eti, ýagy, süýdi adam üçin dermandyr. Dowarlaryň hojalyk ähmiýeti uludyr.

Goýnuň, geçiniň şekilini toýundan ýasamak üçin ilki bilen toýny bir gaba salmaly we üstünden suw guýup eliň.bilen garyşdyrmaly. Taýýar bolan palçygy gowy eýlemeli. Bir bölek toýny alyp, goýnuň, geçiniň göwresini ýasamaly. Soňra aýaklaryny ýasap, göwrä birikdirmeli. Ýene-de bir bölek toýny alyp, kellesini ýasap, göwreden çykarylan boýna birikdirmeli. Soňra göwreden guýrugy çykarmaly. Taýýar bolan şekili ýylmamaly, gulak, göz etmeli. Iş ýerine ýetirilende şahsy arassaçylyk we seresaplylyk çärelerini berjaý etmeli. Oba hojalyk guşlaryna ördek, towuk, gaz, hindi towugy degişlidir. Olaryň eti, ýagy, ýumurtgasy iýilýär, ýelegi ýorgan-ýassyk üçin peýdalanylýar. Towugyň, ördegiň şekiliniň ýasalyşy: bir bölek toýny almaly. Boýun, guýruk çykarmaly. Ördegiň, towugyň kellesini ýasamaly. Aýaklaryny ýelmemeli we timarlamaly. Iş ýerine ýetirilende şahsy arassaçylyk we seresaplylyk çärelerini berjaý etmeli.

Üzümiň, naryň adamyň durmuşynda ähmiýeti uludyr. Olardan mürepbeler we şerbetler taýýarlap bolýar. Olaryň dermanlyk ähmiýeti uludyr. Üzümiň dürli görnüşleri bar. Olardan gelinbarmak, monty, ak kişmiş, gara kişmiş, Aşgabat gara üzümi we başgalar degişlidir. Üzümiň we naryň şekilini çyzga geçirmeli. Soňra plastilinden birnäçe togalajyk

ýasamaly. Soňra togalajyklary çyzgynyň üstünde ýerleşdirip, üzümiň bir salkym ýa-da bir hoşa şekilini taýýarlamaly. Naryň şekili bolsa togalagyny ulurak edip taýýarlamaly. Soňra plastilinden edil gül açylan ýaly 3-4 sany kiçijik ýaprajyk ýasap, taýýar togalagyň üstünde ýerleşdirmeli.

Bakja önümlerine gawun, kädi, garpyz degişlidir. Bakja önümleri adamyň bedeni organizmi üçin derman hasaplanýar. Türkmenistanda her ýylyň awgust aýynda Türkmen gawunynyň baýramçylygy bellenip geçilýär. Türkmen gawunlary ýakymly ysy, üýtgeşik tagamy bilen bütin dünýäde tanalýar.

Plastilinden gawuny ýasamak üçin ilki bilen bir tokga plastilini alyp, eliň aýasynda togalamaly, soňra süýnmegräk görnüşe getirmeli. Gawunyň bir tarapyndan sapagyny çykaryp goýmaly .
Gök önümlere pomidor, hyýar, badamjan, bolgar burçy, ajy burç, kelem, gök otlar degişlidir.

Köki miweli gök önümlere käşir, sogan, kartoşka, şugundyr degişlidir. Olaryň oba hojalyk ähmiýeti uludyr. Gök önümler adam üçin peýdaly. Adam bedenini witaminler bilen baýlaşdyrýar. Plastilinden pomidoryň şekilini taýýarlamak üçin gyzyl reňkli plastilini alyp eliň aýasynda togalap, pomidoryň şekiline getirilenden soň, bir tarapyny oýtagrak etmeli. Soňra ýaşyl reňkli plastilini güle meňzeş edip ýasap, pomidoryň oýtak ýerine birikdirmeli.

Küýzeleriň görnüşlerinden gor, suw, bezeg küýzeleri bolýar. Olaryň hojalykda şeýle hem bezeg üçin ulanylýan görnüşleri bar.

Ata-babalarymyz geçmişde küýzeleriň dürli görnüşlerini ulanypdyrlar. Küýze ýasalanda hem ilki bilen toýundan palçyk taýýarlanylýar. Soňra küýzäniň göwresini ýasamaly. Göwräniň ýokary tarapyny inçeldip, timarlap, bokurdak ýasamaly. Indiki nobatda küýzäniň gulpy ýasalýar. Ýasalan gulp göwrä birikdirilýär.

## Simden dürli şekilleriň taýýarlanylyşy

Türkmenistanyň gözel çöllerinde towşanlar we keýikler örän köp, şeýle-de olar dag gerişlerinde köp duş gelýär.




Keýik goşa toýnakly haýwanlaryň toparyna girýär. Ol goňur reňkli bolýar. Onuň derisinden kendirik edilýär, sebäbi keýigiň derisi halal zat hasaplanýar. Keýigiň eti örän tagamly bolýar. Şonuň üçin awçylar çölde süri – süri bolup gezýän keýikleri awlaýarlar. Emma bu indi biziň ýurdumyzda gadagan edildi. Sebäbi keýiklere ýitip gitme howpy abanýar, olary goramak, olaryň tohumyny köpeltmek üçin ýurdumyzyň «Gyzyl kitabyna» girizildi. Olar çöl ösümliklerini iýip oňýarlar.

Gyş pasly olar üçin örän agyr we kyn pasyldyr. Olar özlerine we çagalaryna iýmiti dürli ýoll ar bilen agtarmaly bolýarlar.

*Men çöldäki beýik – beýik*
*Depeleri gören keýik.*
*Alaňlardan böküp bilýän,*
*Ymgyr çöli söküp bilýän,*
*Tüweleý  dek atylaryn,*
*Awçylardan gutularyn.*

**Simden keýigiň şekiliniň taýýarlanyşy**

***Gerekli esbaplar***: sim, nah, ýüň sapaklar, gaýçy, keýigiň suraty.

***Işiň gidişi***:

a)Suratda görkezilşi ýaly keýigiň şekilini taýýarlamak üçin simi epläp, keýigiň göwresini emele getirmeli.

b)Keýigiň göwresine simden aýaklaryny we şahyny ýasap birikdirmeli.

ç)Taýýar şekiliň daşyna sapaklary saramak üçin, simiň daşyna sapagy daňmaly. Soňra sapaga simiň daşyndan aýlap, sapagyň içinden çykarmak arkaly tutuş şekiliň daşyna aýlamaly.

d) Şondan soňra taýýar şekil emele gelýär.

Towşan örän mylaýym we näzik jandardyr. Öý we çöl towşanlary hem bolýar. Çölde ýaşaýan towşan gök otlar bilen iýmitlenýär. Ol goňur we çal reňkli bolýar. Onuň uzyn iki gulagy bar we örän çalt ylgaýar. Onuň derisi örän mylaýym bolup, ondan telpek, gulakçyn we paltolaryň tüýleri edilýär.

Towşanlary hem möjek we beýleki ýyrtyjy haýwanlar iýmit hökmünde awlaýarlar. Olar hinlerde ýaşaýarlar.

Gaty kagyzdan towşanyň şekilini hem ýasap bolýar. Onuň göwresini ýasamak üçin uly zolak kagyzy alyp, iki gyrasyny biri-birine deňläp, ýelim bilen ýelimlemeli. Şeýle görnüşde towşanjygyň kellesini hem taýýarlamaly.

Gönüburçly kagyzyň üstünde towşanjygyň aýaklaryny ýasamaly. Ýasalan aýaklary gyrkyp almaly hem-de towşanjygyň göwresine ýelimlemeli. Soňra gönüburç kagyzy iki gezek epläp, gulagynyň şekilini almaly. Taýýar şekili towşanjygyň kellesiniň ýokarsyna ýelimlemeli.

*Towşan, towşan, towşan,*
*Öýlerine gowşan towşan.*
*Ygyp ýörkä ýowşan, towşan,*
*Çal möjege duşan towşan.*

## 18. Simden çopantelpegiň we bägülüň şekilleriniň taýýarlarlanylyşy

**Bägülüň taryhy.** Bägül ynsan söýgüsiniň, umyt arzuwlarynyň nyşany bolan gülleriň biridir. «Bägül“ sözüniň manysy latyn dilinde «roses“ diýlip atlandyrylýar.

Biziň häzirki guwanýan al reňkli bägüllerimiz bolsa, 1867-nji ýylda ilkinji sapar ýörite tohumlandyrmak usuly arkaly köpeldilip başlanypdyr.

Hindistanda, gadymy Siriýada we Müsürde bägüle ybadat edilendigi hakynda maglumatlar bar.

Bägülüň dürli reňkli görnüşleri bolup, her reňki aýry-aýry many aňladýar diýen ynanç bar. Häzirki döwürde tohumlandyrmak usuly arkaly bägülleriň 10.000 - den hem köpräk görnüşleri ösdürilip ýetişdirilýär.



Dürli gülleriň arasynda adamyň iň gowy görýän güli bägüldür. Ol özüniň owadanlygy uzak wagtlap gülleýänligi bilen beýleki güllerden tapawutlanýar. Bägül güýz hem ýaz aýlarynda oturdylýar.Şonda mes toprakly açyk ýer saýlanyp alynýar. Şeýle edilende bägül oňat ýerde ösýär, we köp gül getirýär. Türkmenistanyň şertlerinde bägül nahallary güýz oturdylsa, has oňat ösýär. Ýaza çenli kök urýar we täze ýere uýgunlaşýar. Ýazda güýçli ösmäge başlaýar. Ýaz oturdylan bägül nahallary, ilkinji ýylda çydamsyz bolýar we haýal boý alyp, az gunçalaýar. Ýaz aýlarynda bägül her 8-10 günden suwarylýar we düýpleri ýumşadylýar. Bägül nahallary oturdylanda hatar aralygynyň giňligi 80-100 sm bolmalydyr. Güýz

oturdylan nahallary bir gezek suwarylýar we ýaza çenli olaryň düýpleri ýumşadylyp goýulýar.

Bägül pyntyk sapmak, çybyk ýatyryp, kök urdurmak we tohum arkaly köpeldilýär.

Bägülüň oňat ösmegi üçin oňa zyýan berýän mör-möjeklere garşy göreş çäreleri alnyp barylýar.

Häzir ýurdumyzda bägülüň dürli görnüşleri ösdürilip ýetişdirilýär. Olaryň has oňatlary köpeldilip, ilat arasynda ýaýradylýar.

Çopantelpek hem dermanlyk ösümliklere degişli bolup, onuň şekiliniň ýasalşy bägüliň şekiliniň ýasalyşy ýaly ýasalýar.

**Simden bägüliň şekiliniň taýýarlanylyşy**

***Gerekli esbaplar:*** ýumşak sim, dürli nah, sapaklar, gaýçy.

***Işiň gidişi:***

1)Ilki simi alyp, steržiniň daşyna saramaly.

2)Soňra saralan simi steržiniň daşyndan aýyrmaly.

3)Aýrylan sim tolkun görnüşde bolýar.

4)Şol tolkunly simden bägüliň açylyp oturan hem-de ýapragynyň şekilini ýasamak bolýar.

5)Soňra tolkunsyz simden gülüň baldagyny güle we ýapraklaryna birikdirmeli.



6)Bägüliň taýýar edilen şekilini sapaklary her tolkunynyň arasyndan bezemeli.

## 19. Tebigy serişdeler bilen işlemek

Çagalary ajaýyplyklar dünýäsine näçe ir aralaşdyryp bilseň, olara gülleriň, dürli ösümlikleriň miweleriniň, güýz ýapraklarynyň, deňiz balykgulaklarynyň we suwasty dünýäniň beýleki ýaşaýjylarynyň ýtgeşik owadanlygyna haýran galmagy öwredip bilseň, şonça-da gowudyr. Her gülüň, her haýwanyň daşky görnüşiniň - göwrüminiň, reňkiniň, üstüniň we ş.m. özboluşlylygyny görüp bolýar. Şonuň üçin hem, tebigy serişde





bilen işlenilende bularyň hemmesini göz öňünde tutmak gerek.

Tebigy serişde bilen işlenilende ony taýýarlamak işiň möhüm tapgyry bolup durýar. Çagalary tebigy serişde bilen tanyşdyrmagy we onuň taýýarlanmagyny bir wagtyň özünde çagalarda tebigat dünýäsine aladaly hem-de aýawly garamagy kemala getirmek bilen utgaşdyrmak zerurdyr. Türkmenistanyň Hormatly Prezidenti tebigaty goramaga uly üns berýär. Hormatly Prezidentimiziň bilim-terbiýe baradaky sargytlarydyr pentlerinden ugur alyp, her sapakda, tebigata her gezek gezelenç edilýän wagty çagalara tebigata eýeçilik gözi bilen garamagy, gülleri, gyrymsy agaçlary, islendik ösümligi dereksiz ýok edilmeden

goramagy ýatladyp durmak gerekdir. Terbiýeçiler (ýa-da ene-atalar) gezelenç mahaly serişdeleri ýygnamaga we seçip almaga gatnaşmalydyrlar hem-de bu işe gözegçilik etmelidirler. Çagalarda tebigata we gözellige bolan söýgini döretmelidir.

Ýygnalan serişdäni gowusy seksion şkaflarda goýlan ýörite taýýarlanan gutularda ýa-da zähmet burçunda, ýa-da otagynda saklamak gerek. Serişdeleriň görnüşleri we möçberleri boýunça ýerleşdirip goýmak amatly bolýar.

Tebigy serişde bilen işlenilende hereketleriñ hemmesi stoluñ, möçberi 20x20 santimetr bolan iş tagtasynyñ (has gowusy, plastikden ýa-da fanerden ýasalan tagtanyñ) başynda ýerine ýetirilmeldir.

Çagalar bagynda dürli zatlary ýasamakda has ýygydan ulanylýan ösümlik serişdesiniň käbir görnüşlerine garap geçeliñ.

**Şişkalar** — arçanyň, sosnanyň gozalary. Pürli agaçlaryñ miwesi bolan şişkalar göwrümli oýnawaçlary we gyzykly zatlary ýasamak üçin ajaýyp serişde bolup durýar.

Şekili boýunça olar haýwanlaryñ we adamyñ göwresine meňzäp duran ýaly bolýar. Şişkalar biri-birine gowy ýelimlenýär, şekili, ululygy we görnüşi boýunça olar örän köpdürlüdirler: kiparis, arça, ýel, sosna agaçlarynyñ şişkalary bolýar. Zat ýasamak üçin işleşmesi ýeňil bolýandygy üçin açylmadyk şişkalary ulanmak has gowy bolýar.



Haýal gurallary we usaik wagtlap şekilini saklar ýaly arça gozalary çygly toprakdan ýygnamak gowudyr. Ýygnalandan soňra olar görnüşi, şekili, ululygy boýunça aýyl-naýyl edilip, uýratyn gutularda goýulýar.

**Hozlar**. Çagalar bagynda oýnawaçlar ýasalanda tokaý, grek hozlaryny, pisseleri ulanyp bolýar,

Tokaý hozlary. Olary oýnawaç şekilli adamjyklaryň kellesini ýasamakda (mysal üçin, «şadyýan adamjyk»), haýwanlaryň şekilleri ýasalanda (horazyň, towşanyň we beýlekileriň kellejikleri) ulanýarlar. Tokaý hozlaryny awgust aýynda olar bişen wagty üstüniň telpejigi bilen bilelikde ýygnap atýarlar, ol telpejigi hem oýnawaçlar ýasalanda ulanyp bolýar. Hozlary tagtajyklaryň üstünde goýuşdyryp guradýarlar, saklanlarynda gutujyklara salyp saklaýarlar,

Tokaý hozlaryny gabygy gaty bolýar. Ony pyçak bilen kesmek ýa-da temen bilen deşmek örän kynlyk bilen başardýar. Owradylan hozlar bilen işlemek has hem kyndyr, şonuň üçin olary işde ulanmak (maslahat berilmeýär.)



Hozlaryň gabygy (ýarym bölek görnüşinde) gaýyjak, tirkegjik, pyşdyljyk, tomzajyk, balyjak, jüýjejik we şular ýaly zatlar ýasalanda ulanylýar. Bu hozuň gabygynyň iki bölegi hem Aýaz ba-banyň kellesi ýaly zat ýasalanda ulanylýar.

Pyçagyň üstünden çekiçjik bilen emaý bilen urup, hozuň gabygyny iki sany deň bölege bölüp bolýar. Şeýle edilende lioz sypyp gitmez ýaly, ony gysgyç ýa-da atagzy bilen gysyp saklaýarlar. Bu işi diňe terbiýeçi ýerine ýetirmelidir.

Hozlaryñ gabygyndan oýnawaçlary ýasamak örän amatly bolýar, gabygy ýeňil bolany üçin olary ýeñillik bilen degip, kesip bolýar. Ýer hozlaryndan haýwanlaryň (itiñ, pişigiñ we beýlekileriñ) özboluşly şekillerini ýasaýarlar. Bu hozlary gury howaly jaýlarda saklasañ hem bolýar, sebäbi guraýan wagty olaryñ gabygy gatamaýar.

**Dub agajynyñ gozalary.** Dub agajynyñ miwesi bolan gozalaryñ şekili we ululygy dürli-dürli bolýar. Bir çetinden olar ösümligi - plýuska bilen örtülendir. Dub gozalary giç - sentýabr, oktýabr aýlarynda ýetişýär. Olary bişip, agaçdan gaçandan soň ýygnamak maslahat berilýär. Oýnawaçlary ýasamak üçin bu gozalary myssyk we çüýrän gömüşinde ýygnamak bolmaýar. Gozalary olary saklap duran gabyjygy bilen bilelikde ýygnamaly. Gozalaryñ üstüni ýe- tirýän gowy serişde bolup, olar dürli zatlary ýasamakda ulanylýar. Gozalaryñ dürli göwrümdäkilerini we görnüşdäkilerini ýygnamaly. Oýnawaçlar ýasalanda tämiz dub gozalaryny ulanmak gerek, sebäbi olar uzak wagt saklanýarlar we olar bilen işlemek hem añsat bolýar (guran gozalar gaýtadan işlenilende, adatça, döwülýärler).

Dub gozalary gelşiklije adamlaryñ, haýwanlaryñ şekillerini ýasamaly bolanda, beýleki tebigy serişdelerden oýnawaçlar ýasa¬landa olaryñ detallaryny taýýarlamak üçin örän amatly bolýar. Uzyn süýrümtik gozalardan žiraf, gotan, atjagaz, eşejik ýasaýarlar, özi hem olaryñ göwresini süýri gozadan ýasap bolýan bolsa, kellelerini kiçi- jik togalak gozadan ýasaýarlar. Hereketli, gelşiklije adamjyklaryñ şekilleri ýasalanda (munuñ üçin egreldilen şahajyklar, taýajyklar we ş.m. ulanylýar), plýuskalary olaryñ papajyklary hökmünde ulanyp bolýar. Dub gozalaryny hem salkyn we çygly ýerde saklaýarlar.

**Agaç gabygy.** Bu serişde daşky görnüşi (reñki, galyñlygy, üstüniñ häsiýeti) boýunça tapawutlanýar. Sosna, dub, beryoza (orta galyñlykdaky) gabyklary tebigy serişdelerden dürli sahnajyklar we oýnawaçlar ýasalanda üstünde zat goýulýan hökmünde ulanylýar. Mundan başga-da, ol oýnawaçlar ýasalanda goşmaça serişde hökmünde

ulanylyp bilner. Ondan saz çalýan adamjyk oturar ýaly tößňejik, ýönekeýje tekiz gaýyjaklar ýasap bolýar.

Lak bilen örtseň, gabykdan ýasalan zat goýulýanlar we oýnawaçlar örän owadan bolup görünýär, sebäbi bu halatda agaç gabygynyň mele reňki aýratyn owadan öwüşgine eýe bolýar. ` Berýoza gabygy oýnawaçlary ýasamakda ulanylýan iň owadan we berk serişdeleriň biridir. Russiýanyň halk döredijili- ginde berestadan ýasalan önümler gadymdan bäri meşhurlyga eýedir. Işlemek üçin guýy toprakda ösüp ýetişen berýozanyň gabygyny ulanmak maksada laýykdyr, sebäbi ol has dykyz, berk we çeýe bolýar.



Agaçlardan (agaç kesijileriň kesen ýa-da tupan sebäpli ýere ýykylan) täze gatlara bölünýär we gaýtadan işlenilýär. ony gyzgvn suwa ýatyryp goýsaň, gaýtadan işlemek has hem ýeňil bolýar. Gyzgvn suwa ýatyrlandan son. gatlaryny emaýlyk bilen tagtanyň aşagynda üstünden ýük basdyrvp goýsaň. ol tekizjek bolýar.

Berýozanyň gabygy gury we salkyn ýerde saklanýar, sebäbi ol Gün şöhlesiniň astynda çeýeligini ýitirip, towlam bolup ýygrylýar. Berýozanyň gabygynyň bu häsiýetini käbir oýnawaçlar taýýarlamakda ulanyp bolvar. Berýozanyň gabygy egrem bolar ýaly, ony birnäçe minut gyzgyn suwa ýatyryp guratmak gerek. Guradygyça gabyk egrem bolup başlaýar.

Berýoza agajynyň gabygyndan dürli şekilleriň ýasamak amatly bolvar.

**Şahalar**. Ýasalýan önümleriň böleklerini, mysal üçin, elleri, aýaklary, boýunjyklary we ş.m. ýasamakda dürli görnüşdäki şahalar ulanylýar. Dürli önümleri ýasamak üçin sosna, area, siren agaçlarynyñ şahalar has ýaramlydyr. Olaryñ şahalary çeýe bolup, garalanda añsat döwülmeýär.



Şahalary ýygnamak ýeñil iş däl. Bu iş wagty, sabyrlylygy we seresaplylygy talap edýär. Özem bu işiñ dowamvnda agaçlary aýa-malydygyny we oýnawaç ýasamak üçin gury, ýöne gurap gatamadyk şahalary ýygnamalydygyny hemişe çagalara ýatladyp durmak gerekdir.

**Kökler.** Her hili oýnawaçlary ýasamak üçin kökler hem ulanv-lvp bilner. Olar özüniň haýran galdyryjy keşpleri bilen kähalatlarda dürli haýwanlary, guşlary ýa-da olaryñ beden agzalaryny ýatladyp durýar. Bu halatda çagalara zerur bolan keşpli syn etmegi öwretmek möhümdir. Egrem-bugramja kök şekillerinde çagalaryñ fantaziýasy arkaly sekizaýagyñ, möýüñ, taýçanagyñ kellesiniñ keşplerini görüp bolýar. Köne kökleriñ ýa-da olaryñ ösüntgileriniñ köpüsini derýalaryñ kenarlaryndan tapyp bolýar. Bu serişde ýygnalanda ýaşap omran agaçlaryñ kökleriniñ eldegirmesizdigini çagalara ýatladyp durmaly. Ýygnalan kökleri ýuwmaly we aram çygly jaýlarda saklamaly.

**Ýapraklar**. Oýnawaçlar taýýarlananda ýapraklar gyzykly hem gerekli goşmaça serişde bolup durýar. Olar şekil we reñk babatda örän köpdürli bolýarlar. Dubuñ, kerkawyñ (klýonyñ) iri ýapragyny çagalar saljagaz, gämijik üçin ýelkeh hökmünde ulanýarlar. Şeýle hem ýapraklary

kebelekleriñ ganatlaryny, balyklaryň ýüzgüçlerini (bu oýnawaçlary gozlardan we ýapraklardan ýasaýarlar) ýasamak üçin ulanyp bolýar.

Ýapraklary saklamak we soñra ulanmak üçin olary dogry taýýarlamak zerurdyr. Munuñ üçin ösümlikleriñ ýygnalan ýapraklaryny kagyz sahypalarynyñ arasynda goýup, çalarak gyzan ütük bilen ütükleýärler, şondan son olary galyñ kagyzy ýa-da ýuka gaty kagyzy arasynda goýup, üstünden agyrja ýük basdyryp goýýarlar.



**Tohumlar.** Tohumlar güýzde ýygnalýar. Agaçlaryñ, gülleriñ, mysal üçin, kerkawyñ, dagdan agajynyň tohumlary tebigy serişdeden ýasalýan oýnawaçlar üçin gymmatly goşmaça serişde bolup biler. Olar çagalara ganatjyklar ady bilen bellidir. Olardan teneçiriñ ganatjyklaryny, towşanjygyñ gulajyklaryny, balyklaryñ ýüzgüçlerini ýasap bolýar. Garpyzyň, gawunyñ, günebakaryñ çigitlerinden, gülleriñ iri tohumlaryndan dürli şekilleri ýasap bolýar.



Itburnuň miwelerinden her dürli we gelşikli oýnawaçlary ýasap bolýar. Bu serişdäniñ işde ulanylmagynyñ elýeterli

bolmagy onuñ gymmatly häsiýetleriniñ biridir. Itburnuň miwelerinden dürli oýnawaçlary taýýarlamagyñ ähmiýeti uludyr.

**Itburnuň** miwelerini uzak wagt saklap bolmaýar, sebäbi guran halatynda olar gataýarlar we şekilini ýitirýärler. Itburnuň miwelerinden dürli oýnawaçlary -kiçijik adamjyklary, güjüjekleri, kebelekleri, açyk reñkli monjuklary we beýlekileri ýasap bolýar.

**Mekgejöwen başlary**. Oýnawaçlary ýasamak üçin mekgejöwen başlaryny hem ulanýarlar. Mekgejöwen iýmit hökmünde peýdalanylýar. **Eger çagalar öz meýdançalarynda mekgejöweni ösdürip ýetişdirseler, onda bu serişde bilen hem işi gurap bolar. Mekgejöweniň dänesi aýrylyp ulanylýar**.

Olardan guşlaryñ, atjagazlaryñ, we beýlekileriñ şekillerini ýasamak bolýar. lşlemek üçin mekgejöwen bişip barýan döwründäki başlary ulanmak gowudyr. Bu halatda uly adamlaryñ kömegine mätäç bolmazdan. ähli amallary çagalar özbaşdak ýerine ýetirip bilerler (kesim etmek. kesmek. deşmek, ýelimlemek we ş.m. işler). Guranyndan soñ bu serişdäni gaýtadan işlemek kyn bolýar, şonuñ üçin ony guran görnüşinde oýnawaçlary ýasamak üçin ulanmak maslahat berilmeýär.

Başlardan aýrylan mekgejöwen ýapraklary hem işde ulanylýar. Olar ýumşak bolup, gaýtadan işlenilende aňsatlyk bilen diýeniñi edýär. Olardan towşanjyklary. syçanjygy, teneçirleri, gurjajyklary, şeýle hem dürli görnüşdäki sumkajyklary, gurjagyñ köýnejiginiñ bezeglerini, kitap sahypalarynyñ arasyna goýulýan ýuka zolak şekilli önümleri ýasap bolýar. Işe başlamazdan ozal ýapraklary guradýarlar, öllügine sykylan matanyñ arasyna 2-3 sagatlap dolaýarlar (özem şunlukda ýapraklary ýuka gatlygyna goýuşdyrýarlar), mundan soñ oýnawaç ýasamaga gerekli mukdaryny öl matanyñ arasyndan çykaryp alýarlar.

**Sypal**. Sypal bilen işleşmek ýakymlydyr ol ýylmanakdan tekiz, çeýe, yslyja bolýar. Oýnawaçlary (gurjaklary, atjagazlary we beýlekileri) ýasamak üçin diñe bir bugdaýyñ däl, eýsem şüläniñ, tüwüniñ sypalyny hem ulanýarlar. Işlemek üçin niýetlenen sypal baldajyklary döwüm-

döwüm bolmaly däldir. Ulanyp bolmaýan we kesilip aýrylýan bogunjyklaryna görä, olary böleklere kesişdirip bölýärler. Sypaly uzynlygyna, ýogynlygyna görä saýlaşdyrmak gerekdir. Olary şoniugyna-da indiki möwsüme çenli saklaýarlar. Işlemezden ozal sypal gaýnag suwda ýatyryp ölleýärler we ony bir gije-gündizläp ýapyk gapda. suwda goýýarlar, şundan soñ saman çeýe we maýyşgak bolýar.

Oýnawaçlary sypaldan bogdaklygyna daňyşdyryp we tikişdirip, tutuş zolakdan örüp, ýylmanak, tekizlenen samandan örüşdirip we ýelimleşdirip ýasaýarlar. Gurnama üçin sypaly buglanandan soñ, uzynlygyna ikä bölýärler we kagyzyň üstüne ýelmeýärler. Dürli öwüşginli bolmagyny gazanmak üçin ýelmenen sypaly dürli gyzgynlyga ýetirilen ütük bilen ütükleýärler. Sypaly seresaplylyk bilen ýelmeýärler. Netijede tutuş sypal toplumlaryny emele getirýärler. Olaryň üstünden galam bilen şekiliň (guşuň, haýwanyň, gülleriň we beýlekileriň) keşbini çekýärler we kesip alýarlar, alnan görnüşlerini haýsydyr bir matanyň ýa-da kagyzyň, tagtanyň (bolsa garamtyl reňkdäkisiniň) üstüne ýelmeýärler. Bu usul sypal bilen işlemegiñ iň ýönekeý usulydyr. Çeper keşp döretmegi gazanmak üçin saýlanyp alnan görnüşiñ çyzgysyny kagyza geçirýärler. Şundan soň esasy güberçek çyzyklaryñ hasaba alynmagynda şekili bölekleri boýunça birikdirýärler, muny bolsa sypalyñ ugurlarynyñ dürlüliginiñ hasabyna gazanyp bolýar (Terbiýeçiniñ kömegi bilen çagalar işlertö ähli görnüşlerini ýerine ýetirýärler).



Eger sypalda dürli öwüşgin bar bolsa, onda onuñ diñe bir ugur- laryny däl, eýsem, dürli öwüşginlerini hem göz öñünde tutmak gerek.

Sypaly dürli reñkler bilen reñkläp bolýar. Ol ýelim bilen hem gowy ýelimlenýär. Sypaldan gurjaklar, haýwanlar ýaly özboluşly, owadan we özüne çekiji oýnawaçlar ýasalýar.



**Ýeken.** Günorta ülkelerde ýaşaýan adamlar açyk ösüp oturan ýaşyl reñkli, guranda mele reñkli, ýumşak we näzik ýekenleriñ toplumynyñ bardygyny bilýändirler, olar ösüntgi ot şekilli bolup, kölleriñ, derýalaryñ kenarlarynda ösýärler. Ýekeniñ gülleri oýnawaç ýasamak üçin örän gowy serişdedir. Ony ýeñillik bilen gaýtadan işläp bolýar. Ýekenden dürli görnüşdäki oýnawaçlar ýasalýar.

Ýekeniñ (inçeden uzyn) ýapraklaryny gaýtadan işlenilenden soñ, oýnawaçlary ýasamakda ulanýarlar.

**Bezeglik kädiler.** Bu kädiler dürli görnüşde we reñkde bolýarlar. Olar dürli görnüşli şekilleri ýasamakda ulanylýar. Bu serişdäni ýeñillik bilen ulanyp bolýar, ol guran görnüşinde-de gowy saklanýar.



**Ot**. Ýasalýan önüm üçin dürli görnüşdäki otlar ulanylyp bilner. Ýöne guran halatynda otuñ port bolýandygyny unutmaly däldir. Otlar ýasalýan önümleriñ böleklerini birikdirmek üçin ulanylýar.

**Guş ýelekleri.** Oýnawaçlar ýasalanda dürli ölçegdäki, dürli öwüşginli we islendik hilli (ördek, gaz, serçe, kepderi we beýleki guşlaryñ) ýelekler ulanylýar. Işe başlamazdan ozal ýelekleri ýuwýarlar, guradýarlar we adaty görnüşine getirmek üçin daraýarlar.

## Goşmaça serişdeler

Oýnawaçlar ýasalanda, adatça, goşmaça serişdeler ulanylýar.

**Kagyz.** Kagyzyň ýazmak we çap etmek, plakatlyk, süzgüçlik, hat bukja, albomlyk, barhat, daşlyk, aboýlyk, bildiriş ýazylýan, nusga alynýan, zat dolanýan ýaly gömüşleri tapawutlandyrylýar. Kagyzyň bu görnüşleriniň hemmesi biri-birinden galyňlygy, dykyzlygy, reňki, niýetlenilişi boýunça tapawutlanýarlar. Çagalar ýeňillik bilen kesilýän, eplenilýän, ýelmenilýän dürli öwüşginli reňkli kagyzlar bilen işlemegi gowy görýärler.

**Folga.** Ýuka metal plastinalary şeýle at bilen atlandyrýarlar (olar reňkli metallardan ýa-da garyndylardan - gurşundan, galaýydan, alýuminden ýasalýar). Bu serişde ýasalan zatlary, daşlyklary bezemek üçin ulanylýar.

**Plastilin.** Bu serişde çylşyrymly bolmadyk oýnawaçlaryň böleklerini birikdirmek, şeýle hem işiň başlangyç tapgyrlarynda ýasalýan önümleriň käbir böleklerini ýasamak üçin ulanylýar (tebigy serişde bilen çagalar bagynda işlenilende bu maksat üçin adatça ýelim ulanylýar).

**Sim.** Oýnawaçlaryň böleklerini birikdirmek, hususan-da sypal-dan ýasalýan oýnawaçlar dan adamyň şekilini ýasamak üçin we beýleki maksatlar bilen ulanylýar. Diametri 0,35, 0,29 mm bolan mis sim munuň üçin has amatlydyr. Adam şekilini ýasamak üçin has ýogyn - diametri 1 ýa-da 1,5 mm bolan sim gerek bolýar.

**Sapaklardan.** Ýogynlaryny, reňklilerini ulanmak gowudyr.

**Ýelimleriň** - dürli görnüşleri - ak PWA ýelimi, «Mars» ýelimi, BF we beýlekiler gerek bolýar. Mekdebe çenli ýaşly çagalar bilen işlenilende, adatça, PWA ýelimini ulanmak maslahat berilýär.

**Reňkli mata bölekleri** - dürli matalardan alnan kesindiler bolup, olar hem ýasalýan önümleri bezemekde ulanmaga ýaramlydyr.

Goşmaça serişdeleriň her görnüşini ulanmak çagalaryñ döredijiliginiñ ýüze çykmagyna, oýlanylan meýillere, olaryň ussatlygyna, başarnygyna hyýallanmasynyñ ösüş derejesine bagly bolýar.

## Gurallar

Zat ýasamak üçin tebigy serişdelerden başga-da, ýönekeýje gurallaryñ bolmagy hem zerurdyr. Gurallar bilen terbiýeçi çagalara oýnawaçlary ýasap görkezende düşündirmek arkaly howpsuzlyk düzgünlermi hem öwretmegi hökmandyr.

**Biz.** Biziñ sapynyñ uzynlygy 5-7 sm, diametri -1,5-2 sm, deşiji bölegini uzynlygy - 3 - 3,5 sm bolmalydyr. Biz şeýle bir ýogyn bol- maly däldir, ýöne ol berk serişdeden ýasalan bolmalydyr.

**Gaýçy.** Işlemek üçin çagalara uly bolmadyk, ujy kütek, çagalaryñ barmaklarynyñ ýogynlygyna laýyk halkalary bolan gaýçy gerekdir.

**Pyçak.** Ujy kütek, kesgijiniñ uzynlygy 13-15 sm bolan kiçi pyçagy ulanmak maslahat berilýär.

**Iññe.** Uly tikin iññesi bolmalydyr, ony salfetka ýa-da iññe san-jylýanda sapagy dakylan görnüşde saklaxnaly.

**Ýönekeý galam** önümi taýýarlamak üçin meýilleşdirilen oýnawajyñ sudury kagyza geçirlende gerek bolýar. Mysal üçin, Aýaz babanyñ eşigi we ş.m. Galamlaryñ dürli ýumşaklykdakylary (has gowusy 2 M belgilisi) ulanylýar.

**Reñkler** oýnawaçlaryñ aýry-aýry böleklerini reñklemek üçin ge-rek bolýar (gurjak üçin öñlügi, Buratino üçin köýnek ýakajygyny we ş.m.), ýörite toplumlardaky ýa-da aýratyn gapdaky guaş (üsti ýapýan) reñkleri ulanmak maslahat berilýär. Bu reñk goýy bolansoñ, ony surat çekmezden ozal suw bilen garmak gerek.

**Çotgajyklar** (surat çekmek üçin ýumşajyklary, ýelimlemek üçin bolsa gatyraklary). Surat çekmek üçin ýumşak (4 we 6 belgili) çot-gajyklary ulanmak has gowudyr. Işe başlamazdan ozal iş tärlerini

ýasamak gerek: çotga reñki gowy edip siñdirmeli; çyzyklary bir gezekde çyzmaly; çotgany diñe onuñ tüýleriniñ ugruna ýöretmeli, bolmasa ol tokgaryp başlar. Surat owadan bolar ýaly çotgany wagtly- -wagtynda reñke batyryp durmagy unutmaly däldir; hususan-da şeýle edilmegi balykgulaklardan ýasalýan zatlaryñ böleklerini birikdirmek üçin zerurdyr.

**Stek** - palçykdan ýa-da plastilinden ýasalýan önümiň üstüni gaýtadan işlemekde ulanylýan gural. Ol dörli ölçeglerde bolup bilýär; çagalar üçin 10 -12 sm uzynlykdakysy ýeterlikdir. Mysal üçin, steki ulanylmaga ýaramsyz bolan çotgadan hem ýasap bolar: onuñ bir ujuny ýiteltmeli, beýlekisini bolsa iki tarapyndan kesip, kütek aýlawlyja etmeli.

**Atagzyjyk**. Manikýur atagzyjygy ýa-da öñ bölegi egreldilip Ýanaşdyrylan atagzyjyk bolsa has gowudyr. Olar sypaldan we beýleki işdelerden oýnawaçlar ýasalanda simjagazlary towlamak üçin ula- ýar.

**Atagzylardan, gysyjylardan, deşijikden** diñe terbiýeçi peýda- ýandyr.

Balykgulaklardan şekil ýasamak üçin umumy gurallardan başga- bu serişde bilen işleşer ýaly ýörite gurallar - **ige, byçgyjyk**, hemmelerdäki **guaş, açyk reñkli ýag lagy** bolmalydyr. Terbiýeçi tebigy serişdeden oýnawaç ýasalanda has köp ulanylýan gurallaryñ aýratynlyklaryny gowy bilmelidir we olar bilen çagalary tanyşdyrmalydyr.

## Işi nähili guramaly?
## Çagalaryñ işine ýolbaşçylyk etmek

Tebigy serişde bilen mekdebe çenli ýaşdaky çagalaryñ işini gu- ramagyñ usulyýeti didaktiki ýörelgelere - ýönekeýden çylşyrymly ýetmek ýörelgesine esaslanýar. Şunuñ bilen birlikde, hereketleriñ gaýtalanmak ýörelgesi möhüm ähmiýete eýe bolýar (mysal üçin, täze zatlary ýasamaly bolanda, terbiýeçi çagalardan öñ talap edilip, kemala getirilen başamyklära daýanýar).

Ýönekeýje gurallar we serişdeler bilen işlemegi ñ endikleri ni dogry kemala getirmekde terbiýeçiniñ olary görkezmegi we düşündirmegi, ýerine ýetirilýän işiñ dogrudygyna uly ýaşdaky adamyñ gözegçilik etmeginde çagalaryñ belli bir amaly hereketleri etmegi we degişli endikleriñ kemala gelmegi zerurdyr.

Oz toparyndaky çagalaryñ zähmete nähili garaýandygyny, olaryñ zähmet çekmek isleýändigini we zähmet çekip bilýändigini terbiýeçi gowy bilmegi zerurdyr. Uly adamyñ tabşyrygyny çagalaryň nähili kabul edýändiginden, näderejede öz öňlerinde iş maksadyny özbaşdak goýup bilýändiklerinden, ol işi nähili delillendirýändiginden («Näme üçin biz bu işi edýäris?») terbiýeçi netije çykarmalydyr.

Çagany höweslendirme, onuň işini makullama tebigy serişdeden oýnawaçlar ýasalanda, olaryñ döredijiliginiň ýüze çykmagynyñ höweslendirmesi bolup durýar.

Çaga eli bilen taýýarlanan şekilleri çagalara uly täsir edýär. Bu zatlar çagalarda zähmete bolan gyzyklanmanyñ kemala gelmegine ýardam edýär, tebigy serişde bilen işlenilende gerekli endikleri kämilleşdirmekde olaryñ başlangyç görkezmegini höweslendirýär. Şu maksat bilen toparda çagalaryñ ýasan zatlarynyñ sergisi guralýar.

Çaganyñ zähmete ugrukdyrylmasynyñ doly ösüşini gazanmak üçin onuñ ene-atasynyñ, uly ýaşly ýakynlarynyñ zähmeti bilen tanyşdyrmak gerek. Onda uly adamlaryñ zähmetine hormat goýmagy, gyzyklanma bildirmegi, beýleki adamlar üçin peýdaly bir zat etmek islegini, öz zähmeti bilen beýlekileri şatlandyrmak (mysal üçin, ejesine, enesine 8-nji mart baýramyna sowgat etmek, kiçijik çagalar üçin oýnawaç, topar otagyny bezemek üçin dürli şekilleri ýasamak) islegini terbiýelemeli, ýagny zähmet işine jemgyýetçilik meýillendirmesini terbiýelemelidir.

Zähmet çekmegiñ dowamynda (hususan-da, el zähmetiniñ dowamynda) çaga özüni uly adam kimin duýýar, uly adam ýaly işleýändigine, zähmet çekýändigine añ ýetirmegi oña şatlyk getirýär, onuñ zähmete bolan gyzyklanmasyny we söýgüsini goldap durýar.

Terbiýeçi oýnawaçlary ýasamak boýunça işi agzalan ýörelgeleriñ göz öñünde tutulmagynda guraýar. Şunuň bilen birlikde, çagalaryñ gerekli gurallar we serişdeler bilen üpjün edilmegine, howpsuzlyk düzgünleriniň berjaý edilmegine gözegçilik edilmelidir.

Eger işleriñ beýleki görnüşlerinde hem çagalar üçin oýnawaç ýasamak işi bilen meşgul bolmaga mümkinçilik bolsa, onda tebigy serişdeden oýnawaç ýasanlarynda iş çagalar tarapyndan has üstünlikli, höwesli ýerine ýetirmeklerini gazanmalydyr. Mysal üçin, palçykdan ýa-da plastilinden heýkeljikleri ýasamak boýunça sapaklarda tebigy serişdäni - dürli tohumlary, hoz gabyklaryny, dub gozalaryny, olaryñ gabyjaklaryny we beýlekileri ulanyp bolýar. Kädi çigitlerinden, guradylan ýapraklardan guramalary ýasamagy çagalar gowy görýärler. Çagalar guramany ýelmemegiñ täze usuly bilen tanyşdyrylmalydyr. Plastilin bilen örtülen tagtalaryñ üstünde syýa bilen dürli reñklere reñklenen ösümlikler tohumlardan owadan nagyşlary taýýarlamagyň usullaryny öwretmelidir.

Döredilmegi meýil edilen oýunjagy ýasamakdan ozal ep-es- li deslapky iş geçirmeli bolýar. Şekil ýasamakdan öň çagalar bilen tebigata gezelenç edilýär (seýilgähe, derýanyñ boýuna, tokaý zola- gyna we beýleki ýerlere barlyp görülýär). Şunuñ ýaly gezelençlerde çagalara tebigata üns bilen syn edip, onuñ gözelligini görmegi, arça agaçlarynyñ, otlaryñ ygşyldysynyñ ajaýyplygyny duýmagy öwretmelidir.

Gezelenç mahaly Watanymyzyň tebigy baýlyklary, ondaky baý tebigy gorlar barada gürrüñ bermelidir.

### Haçan we nähili işlemeli?

Çagalar bagynda tebigy serişde bilen işlemegi günüñ ikinji ýarymynda (gowy yşyklandyrylan) topar otagynda ýa-da tebigat burçunda çagalar toparçasy (6-7 adamdan ybarat) ýa-da çagalaryñ hemmesi bilen (işiñ görnüşine we tapgyryna baglylykda) hepdede bir gezek guramak

bolýar. Teneçiri, balyjagy, tilkijigi, gap-gaçlary ýasamak olaryñ gurnalyşy we birikdirilişi boýunça ýönekeýjedir. Şonuñ üçin olary taýýarlamaga çagalar hem gatnaşyp bilerler. Oýnawaç ýasalýan wagty işiñ täze täri bilen tanşylanda bolsa, çagalary toparçalara bölmek gerek. Şunlukda, oýlanylýan meýil boýunça sapak geçmek, hususan-da ilkinji döwürde, haçanda çagalar oýlanylan meýillerini öz mümkinçilikleri bilen deñeşdirip görmegi öwrenmänkäler, olaryñ amaly endikleri kämil däl, geljekki işi seljermek başarnyklary ýeterlik derejede ösmedik döwründe sapak geçmek gerek däldir. Çagalaryñ zähmetini toparçalar bilen gurap, terbiýeçi her çagany görüp durýar we oña her çaga kömek bermek, olaryñ hereketlerine gözegçilik etmek ýeñil bolýar.

Gabykdan oýnawaç ýasamagyñ üstünde bir wagtyñ özünde tutuş topar bolup işläp bolar, sebäbi terbiýeçi, esasan, oýnawaç ýasamak işine başlamazdan ozal, hususan-da serişdäni taýýarlamak işini (gabygy, ýekeni kesişdirmek) ýerine ýetirýär.

Sypaldan we balykgulajyklardan oýnawaç ýasamagy topar- çalar boýunça guramaly, sebäbi bu oýnawaçlar has çylşyrymlydyr we terbiýeçä çagalaryñ hemmesiniñ hereketlerine gözegçilik etmegi zerurdyr.

Jemleýji baha bermek çagalaryñ hemmesiniñ gatnaşmagynda we toparçalar boýunça, olarda agzybir işleşmek endigi, işi paýlaşmakda öz aralarynda ylalaşmak başarnyklary kemala gelendigine baglylykda geçirilýär. Isleglerini we endiklerini göz öñünde tutup, terbiýeçi çagalary toparçalara bölýär. Toparçanyñ düzümi üýtgäp biler. Aýratyn depderde terbiýeçi üstünlikdir şowsuzlyklaryñ hasabatyny ýöredýär we öz işinde bu ýazgylardan ugur alýar.

Oýnawaç nähili döredilýär? Ony döretmek üçin nähili işleri ýerine ýetirmeli?

Oýnawajyñ böleklerini birikdirmek ýaly iñ ýönekeý we elýeterli usul plastiliniñ kömegi bilen ýerine ýetirilýär. Mysal üçin, tilki oýunjagynyñ kellesini we göwresini birikdirmek üçin diametri 2 sm bolan plastilinden ýasalan şarjagaz ulanylýar, onuñ aşagyndan arça gozasyndan

edilen göwre, ýokarsyndan bolsa kelle birikdirilýär. Birikdirme berk bolar ýaly plastiliniñ gyrasyndan süýem barmak bilen kellä tarap ýokarlygyna we göwrä tarap aşaklygyna tekizleýärler. Oýunjagyñ böleklerini birikdirmek üçin ulanylýan plastilini tebigy serişde bilen işlemek endigi heniz çagalarda kemala gelmedik halatynda-da oýnawaçlary ýasamak üçin hem ulanýarlar.

## Tebigy serişdelerden oýnawaçlary ýasamagyñ usulyýeti

Uly toparda tebigy serişdeler oýnawaçlary ýasamak boýunça iş çagalarda işiñ bu görnüşine gyzyklanmany döretmegi, dürli serişdeler bilen işleşmek endiklerini we ýönekeýje gurallardan peýdalanmak başarnyklaryny kemala getirmäge ýardam etmegi, işiñ bu görnüşini çaganyñ şahsyýetiniñ sazlaşykly ösüşi üçin ulanmagy maksat edin- ýär. Işi ýeñil gurnamalardan başlamaly, çagalaryñ el zähmetiniñ endiklerini ele aldygyça, has çylşyrymly şekili ýasamaga geçmelidir.

Ilki bilen çagalary döredijilik işiniñ mazmuny bilen gyzyklandyrmak, meýillenýän oýnawaçlary olaryñ edip biljekdigi barada olarda ynam döretmek. tebigy serişde bilen işlemegi öwretmek möhümdir. Sapagyñ dowamynda terbiýeçi beýleki meseleleri hem çözýär, mysal üçin: çagalaryñ gözýetimini giñeltmek, ösümlikleriň dürli görnüşleri bilen olary tanyşdyrmak, tebigata, watana bolan söýgüni, köpçüligiñ düzüminde bolmak duýgusyny, iş wagtynda biri-biriñ bilen ylalaşmak, biri-biriñe kömek bermek başarnygyny kemala getirmekdir.

Oýnawaçlardyr dörli şekilleri ýasamak üçin çagalar diñe **ösümlik gozalaryny** ulanýarlar.

Oýnawaçlary kem-kemden çylşyrymlaşdyrmak bilen ýasamak maslahat berilýär. Olaryñ ilkinjileri gurluşy boýunça çylşyrymly däldir. Oýnawajy ýasamagyñ yzygiderliligini özleşdirmek üçin taýýar nusganyñ seljermesini we seljermäniñ dowamynda çagalar bilen bilelikde onuñ gaýtadan ýasalmagyny ulanylýar.

Ýeñil gurnamaly oýnawaçlar serişdäniñ sähelçe mukdaryny talap edýär, seljerme wagty ol oýnawajyñ böleklerini birikdirmek üçin bolsa berkitmek üçin çagalara iñ elýeterli serişde bolan plastilini ulan- mak bolýar.

Eger oýnawajyñ bölekleri, mysal üçin, eşejigiñ kellesi onuñ göwresine bir arça gozasy beýlekisine) şahajyklaryñ kömegi bilen birikdirlende, biz bilen deşik deşilýär. Munuñ üçin tämiz serişde ge-rekdir, şonuñ üçin hem deşikleri deşmek ýeñil bolýar. (Işiñ bu tap-gyrynda biz bilen edilýän hereketleriñ hemmesini terbiýeçi ýerine ýetirýär).

**Ilkibada ösümlik gozalaryndan sadaja oýnawaçlary ýasamak maslahat berilýär:** teneçir, gap-gaç, kebelek, owlak, pişik, guşlar, sugunjyk.



Çagalar ýönekeý gurnamalar boýunça oýnawaçlary- ýasamagy öwrenenlerinden soñ olara has çylşyrymly, köp hereket talap edýän we dürli görnüşdäki ösümlik gozalary bilen oýnawaç ýasamagy teklip edip bolýar. Oýnawaçlar başda terbiýeçiniñ taýýarlan nusgalary boýunça ýasaýarlar. Ýöne çagalar oýnawaç üçin gerekli serişdäni özbaşdak saýlap alyp we işiñ dowamynda olaryñ birini beýlekisi bile çalşyp bilerler.

## Ösümlik gozalary bilen işlemek

## Teneçir

Ösümlik gozalaryndan oýnawaç ýasamagy, oýnawajyñ bölekleri-ni birikdirmek üçin plastilini ulanmagy çagalara öwretmek; çagalarda zähmetiñ bu görnüşine gyzyklanma döretmekdir.

**Işiň gidişi.** Her stolda gerekli tebigy serişde bar. Terbiýeçi çagalara teneçir barada matal aýdyp berýär we ýasalan oýnawaç - teneçiri görkezýär. Soñra ony üns bilen synlamagy we onuñ nämeden ýasalandygyny aýtmagy teklip edýär.

Teneçiriñ garnynyň süýnmegräkdigine, onuñ ýuka ganatlaryna, uly pökgerip duran gözlerine çagalaryñ ünsüne çekýär.

Nusgalyk oýnawaç gözden geçirilenden soñ, terbiýeçi oýnawajyñ nähili ýasalýandygyny görkezýär. Çagalar bilen bilelikde terbiýeçi işiñ yzygiderli tertibini anyklaşdyrýar, Plastilinden (ýa-da palçyk-dan) süýnmegräk garynjygyny we togalagrak kellesini ýasamaly, almanyñ ýa-da ösümlik tohumlaryndan gözlerini ýasap, olary kellesiniñ ýokary böleginde ýerleşdirmelidir. Teneçiriñ guýrugyny gury şahajykdan ýasap, ony garynjygynyñ yz tarapyndan birikdirip berkit- melidir. Dagdany (ýa-da kerkawyñ) miwelerinden ýasalan teneçiriñ ganatlaryny onuñ garynjygynyñ gapdal taraplaryndan birikdirmeli; murtjagazlaryny we aýajyklaryny inçe simden ýasamalydyr.

Terbiýeçi tarapyndan oýnawaç ýasalandan we işiň yzygiderliligi anyklaşdyrylandan soň, her çaga oýnawaç ýasaýar. Netijede hem ýerine ýetirilen işler seljerilmelidir we olara baha berilmelidir.



## Kebelek

**Maksat**. Çagalara kebelek şekilli oýnawajyny ýasamagy we onuñ böleklerini ölçegi boýunça deñeşdirip bilmegi öwretmek; çagalaryñ hyýaly pikirlenişini, olaryñ oýnawajy owadan ýasamaga islegini ösdürmek.

**Serişde**. Dub gozasy (bolsa uly bolmadyk möçberdäki, süýrümtigräk şekillisi gowudyr), agaç ýapraklary, itburunuň iýmişleri, şahajyk ýa-da sim, plastilin ýa-da ýelim.

**Işiň gidişi**. Kebelegiñ bölekleriniñ ählisini belli bir tebigy serişdelerden ýasaýarlar: göwresi üçin dub gozasyny; kebelegiñ ganatjyklary üçin islendik agajyñ kiçijik (aşaky ganatlar üçin) we uly (ýokarky ganatlary üçin) ýapraklaryny ulanýarlar. Bu bolsa kebelek şekilli oýnawajyñ dürli görnüşdäki we dürli reñkli ganatlysyny ýasamaga mümkinçi 1 ik berýär, ýöne şunlukda, dub gozasynyñ (göwräniñ) we ganatlaryñ (ýapraklaryñ) ululygynyñ ölçeglermi deñeşdirmeli bolýar.



Ýapraklary ganatlar görnüşinde goýup, olaryñ düýbünden berk gysýarlar we göwrä birikdirýärler, munuñ üçin gozanyñ gapdal gyralaryna (ganatlaryñ göwre bilen birikdirilýän ýerlerine) plastiliniñ ýa-

da ýelimiň ýuka gatyny çalyp goýýarlar. Kebelegiň kellesini itburnuň tämizje miwesinden ýasaýarlar. Oňa şahajykdan ýa-da simjagazdan murtjagaz ýasap goýýarlar we göwre bilen birikdirýärler.

Eger kebelejigiň ganatlary üçin dürli agaçlaryň ýapraklary saýlanyp alynsa, kebelekler hem dürli görnüşli bolar, netijede bolsa, çagalaryň ýasan zatlaryny «Kebelekleriň tans edýän topary» ýa-da “Kebelekleriň tansy» atly umumy at bilen bir topluma jemläp bolýar.




Sapagyň ahyrynda oýnawaçlara baha berilýär, çagalar belli bir netijä gelýärler: “Bulary biziň özümiz ýasaýarys” atly sergide ýerleşdirmeli diýip höwes döretmegi gazanmalydyr.

**Owlajyk**

**Maksat**. Çagalara şol bir serişdeden dürli oýnawaçlary ýasamak üçin ulanmagy öwretmek: oýnawajy ýasamagyň yzygiderliligini saklamak endigini berkitmek; çagalarda işde ünsli bolmak başarnygyny terbiýelemekdir.

**Serişdeler we gurallar**. Itburnuň miweleri, kerkawyň ýa-da dagdanyň pyntyklyja ösüntgileri, agaçlaryň şahajyklary, taýajyklar, ýelim ýa-da plastilin; çotgajyk.

**Işiñ gidişi**. Terbiýeçi haýsy oýnawaçlar ýasalanda itburnuň, dagdanyň, kerkawyň ulanylandygy we näme edilendigi barada çagalar bilen gürrüñ geçirmelidir. Eger çagalar onuň soraglaryna jogap bermekde kynçylyk çekýän bolsalar, onda terbiýeçi öň şol serişdelerden ýasalan oýnawaçlary görkezýär. Soň bolsa, täze oýnawajy – owlajygy ýasamalydygy aýdýar. Taýýar edilen – owlajygy, pişigi görkezýär we çagalar bilen ony taýýarlamagyň yzygiderliligini seljerýär, bu bolsa çagalary hereketleriň yzygiderliligine özbaşdak aň ýetirmäge kömek edýär.

Owlajyk onuň göwresini ýasamakdan döredilip başlanýar, munuň üçin itburnuň iki sany iri miwesi alnyp, olar kiçijik taýajygyň üstünde oturdylyp, biri- biri bilen ýanaşyk birikdirilýär. Sonra göwrä ugurdaş ýerleşen dört sany şaha dakylýar – olar aýajyklar bolýar (her miwejige iki şahajyk dakylýar). Owlajygyň guýrugyny hem şahajykdan ýasap bolar. Owlajygyň  kellejigi üçin itburnuň kiçiräk miwesini alýarlar. Dubyň ýa-da dagdanyň ýaprajyklaryny oňa dakyp gulak ýasaýarlar, soňra kelläni aýak bilen birikdirýärler. Gözjagazlaryny almanyň çigidinden ýasaýarlar. Iki sany kellä dakylan şahajyk bolsa, owlajygyň şahlary bolup hyzmat edýär. Aýaklarynyň, kellesiniň, gulaklarynyň birikdirilişi berk bolar ýaly, olaryň birikdirilýän ýerlerine öňünden ýelimiň ýa-da plastiliniň ýuka gatyny çalýarlar.

Işiň dowamynda terbiýeçi çagalara işiň yzygiderligini dogry berjaý etmäge kömek berýär.

Iş tamamlanandan soň gazanylan netijeler seljerilýär we olara baha berilýär.

## 20. Gurnamanyň taryhy

Gurnama henize çenli hem ulanylyp gelinýän gadymy usullaryñ biri bolup durýar. Gurnama gadymy döwürlerde döräpdir we onuñ döremegi haýwanlaryñ derisinden tikilýän eşiklerde tikiniñ we sepiñ peýda bolmagy bilen baglydyr.



Aziýanyñ, Ýewropanyñ, Amerikanyñ gadymy siwilizasiýalarynyñ sungat ýadygärliklerindäki şekiller, edebi çeper çeşmeler, şeýle hem dürli döwürleriñ we halklaryñ saklanyp galan gurnama nusgalary boýunça gurnamanyň ösüş ýoluny yzarlap bolýar. Soñra gurnama, edil amaly sungatyñ beýleki görnüşleri ýaly, täze durmuşy şertleriñ täsirini özüne siñdiripdir. Adamlar üçin niýetlenen keşdeler, şekilleriniñ çylşyrymlylygy boýunça-da, serişdeleriň gymmatlylygy boýunça-da beýlekilerden tapawutlanypdyr.

Köp ýüzýyllyklaryñ dowamynda gurnama diñe bir Aziýada däl, eýsem, Ýewropanyñ Italiýa, Ispaniýa, Germaniýa, Fransiýaly ýurtlarynda hem has giňden ýaýrapdyr we köpçülikleýin ulanylypdyr.

Her hili uraşlar, rysarlaryñ arasynda geçirilýän bäsleşikdir ýaryşlar aýry-aýry atly nesilleriñ maşgala nyşanlarynyñ - gerbleriñ (tugralaryñ) döremegine getirýär. Gerbler iki tarapyndan hem aýdyñ görnüp duran bolmaly bolansoñ, olary taýýarlamak gurnamanyñ ösmegine sebäp bolýar. Sisiliýanyñ şasy Rojer II Wizantiýadan ýesir alnanlaryñ arasyndan ussat dokmaçylary we keşdeçileri öz ýurduna alyp gidipdir. Gurnamanyñ özboluşly tehnikasynyñ (tilsiminiñ) ulanylmagy sisiliýa keşdeleriniñ aýratynlyklarynyñ biri bolupdyr. “ Kesimleýin sisiliýa mawutlary» atly uly meşhurlyga eye bolupdyr. Tiz wagtdan şunuñ ýaly

keşdeleri ýerine ýetirmek bütin Italiýa ýaýrapdyr. Atlas düşekligindäki mahmaldan edilen kesimleýin nagyşlar - ispan gurnamalary uly şöhrat gazanypdyr.

Irki döwürde keşde çekmek sungaty kämil derejä ýetýär, **ýygy-**ýygydan gurnamany ulanyp başlaýarlar.

Gurnama işleri XVI asyrda Italiýada we Ispaniýada buthana lybaslaryny taýýarlamakda gülläp ösen derejä ýetýär. Şol bir mazmunyň gaýtalanmagy we reňk öwüşginleriniň açyklyk we goýulyk boýunça dürli hili utgaşyklykda tapawutlanmagy olaryň häsiýetli aýratynlygy bolupdyr. Mysal üçin, biri-birine keseleýin ýerleşdirilen açarlar şekillendirilen gerb gyzyl mahmalyň ýüzünde sary ýüpek atlasy bilen gurnama usulynda keşdelenip çekilipdir (Germaniýa, XVII asyr); kürsi üçin daşlyk ülje reňkli mahmalyň ýüzünden sary ýüpek atlas bilen gurnamaly keşdelenip tikilipdir (Fransiýa, XVII asyr); keramatly Lawrentiniň keşbi gurnama usulynda, gyzyl mahmalyň ýüzünde daşky keşbi ýaşyl, sary mata bilen keşdelenip tikilipdir (Italiýa, XVII asyr).



Wagtyň geçmegi bilen matadan edilýän gurnamanyň ornuny kagyzdan edilýän gurnama tutýar. Bu ýagdaý kagyz önümçiliginiň başlanmagy bilen baglydyr. Kagyzdan kesilip ýasalan gara sudurlar (siluetler) gurnamanyň iň ýaş görnüşi hasaplanypdyr. Sudur (siluet) ýasamak şekillendiriş sungatynyň görnüşi hökmünde irki gadymy döwürde - biziň eýýamymyzdan ozalky VI asyrda peýda bolýar. Gadymy

Gresiýada Dibutaryň gyzynyň jaýyň diwarynda öz söýgülisiniň şekilini çyzyp çekendigi hakynda rowaýat döräpdir.

Gurnama («applicatio» - latyn sözünden bolup, ol «degşirmek"- diýmegi aňladýar) — dürli şekilleriň kesilip alynmagynda, olaryň başga bir zadyñ üstünde goýulmagyna we düşeklik (fon) hökmünde alnan beýleki bir serişde berkidilmegine esaslanýan şekillendiriş tehnikasynyň bir görnüşi.

Ýerine ýetiriliş tehnikasynyň meñzeşligi boýunça birleşen öz häsiýetleri we ölçegi boýunça dürli serişdelerden çeper şekilli eserleri döretmegiň usullaryny «gurnama» düşünjesi öz içine alýar. Her serişdeleriň öz häsiýetli aýratynlyklary bolup, olar gurnamany ýerine ýetirmegiň tehnikasyna kesgitleýji derejede täsir edýärler. Mysal üçin, kagyz, sypal, guradylan ösümlikler, gabyk düşeklige dürli ýelimler bilen ýelimlenip berkidilýär; matalar, deri, sütük, keçelik ýüñ, adatça, tikilýär; gerek übtügi barhat kagyzynyň üstünde goýlup berkidilýär.



Gurnama çeper zatlary işläp döretmegiñ iň sada we elýeterli usulydyr. Onda şekiliñ özüniň hakyky esasy saklanyp galýar. Bu bolsa diñe bir bezeg maksatlary (görkezme esbaplary, dürli oýunlar üçin gollanmalar, oýnawaçlar, baýdajyklar, baýramçylyk senelerine bagyşlanan

sowgatlyklar, baýramçylyk we beýleki eginbaş üçin bezegler ýasalanda, diwar gazetleri, diwarlyklar, sergiler, çagalar bagynyñ otaglary bezelende) üçin däl, eýsem suratlar, nagyşlar we şuňa meňzeş zatlar döredilende hem gurnamany giñden ulanmaga mümkinçilik berýär.

Siluetli (sudurly) bolmagy, keşbiň tekizleýin umumylaşdyrylyp görkezilmegi, uly reňk tegmilleriniň çäkleýinligi gurnamanyň esasy alamatlary bolup durýar.

Gurnama aýry-aýry şekillerden (sahypa, şaha, kömelek, güljagaz, guş, haýwan, jaý, awtoulag, adam we ş.m.) ybarat predmet1eýin; hereketleriň, wakalaryñ jemini şekillendirýän (“Ýeňiş”, “Biziň Watanymyz”, “Aşgabadyñ öňki, häzirki we geljekki keşbi”, “Adamyň kosmosa uçmagy”, “Obamyzyň bagy”, “Guşlar uçup geldiler” we ş.m.) sýužet1i; dürli predmetleri bezäp bolýan düzüminde nagyşlar we keşdeler bar bolan bezegleýin görnüşde bolýar.

**Gerekli esbaplar:** çyzgyç, galam, gaýçy, ýelim, çotka, dürli reňkli kagyz.

**Işiň gidişi:**

1. Gurnamak üçin surat taýýarlamaly.
2. Reňkleri gelişýän kagyzlary taýýarlamaly.
1. Reňkli kagyzy berk bolan kagyzyň ýerliginiň üstünden ýelmemeli. Ýerliginiň üstüne üç sany balyjak ýelmäp, aşagyny surata görä reňkli kagyzdan gyrkyp ýelmemeli.
3. Ýene-de ýerligine dürli ösümlikleri we balyk şekillerini ýelmemeli.
4. Çagalaryň öz pikirine görä, akwarium saýlap almaly.



## 21. Sypaldan taýýarlanylan gurnama



Sypaldan dürli şekilleri ýasamak bolar. Sypaly ulanmazdan bir gün öň sowuk suwa ýatyryp goýmaly. Şondan soň ol işlemäge amatlydyr. Işlemek üçin hökman bugdaý, şaly ýa-da süle sypalynyň eplenmedik görnüşini almaly. Sypallary pyçak we gaýçy bilen keseniñde seresaply ulanmaly.

Çagalar bagynda terbiýeçiniň ýolbaşçylygynda mekdebe taýýarlaýyş toparlarynyň sypaldan dürli oýnawaçlary ýasap bilerler. Bu iş ýerine ýetirilende çydamlylygy talap edýär. Uly bolmadyk toparlarda sypal bilen işlemek boýunça okuw geçmek bolar. Terbiýeçi sapagyň





başynda birnäçe taýýar işleri görkezip, düşünje berip hem taýýarlaýyş usullaryny öwretmeli. Çagalaryň sypaldan owadan şekilleri ýasamak bilen aň-düşünjesi ösýär, gözýetimi giňelýär. Sypal bilen işlenilende PWA ýelim bilen işlenilýär.

Çagalar bagynda terbiýeçiniň ýolbaşçylygynda çagalar sypaldan dürli görnüşdäki işleri ýerine ýetirip bilerler.

**Gerekli esbaplar**: sypal, ütük, surat depderiňiň li$ti, gaýçy, ýelim, işiň nusgasy we ş.m.

Işiň gidişi:

1. Arassalanan sypaly gaýnag suwda üç, dört minut saklamaly.
2. Sypalyň suwuny syrykdyryp, ütük bilen tekizlemeli.
3. Ýasaljak şekiliň ülňüsini taýýarlamaly.
4. Ülňi boýunça şekiliň çyzgysyny surat depderine geçirmeli.
5. Çyzgynyň ölçegi boýunça sypaly gyrkyp ýelmemeli.

## 22. Guradylan ösümliklerden gurnamalaryň taýýarlanylyşy

Guradylan ösümliklerden gurnamalar taýýarlanylýar. Olary tutuşlaýyn ösümlik görnüşlerinden hem, ösümlikleriň böleklerinden hem taýýarlap bolýar. Mundan başga-da, täsirli kompozisiýany tebigy serişdeden şekilleri kesip almak usulynda ýasaýarlar. Gurnama kompozisiýalary tutuşlaýyn Ösümlik görnüşlerinden ýasamak has ýeňil düşýär.



Gurnama, mysal üçin, dagdan agajyndan we käşir, derek ýapragyndan we şugundyryň güýzki ýapragyndan dürli şekilleril ýasap bolýar. Şeýle hem has çylşyrymlyrak

kompozisiýa hem düzüp bolýar, mysal üçin, dürli çemenleri döredip bolýar.

Şeýle kompozisiýany nähili ýerine ýetirmeli? Işi bellibir yzygiderlilikde ýerine ýetirýärler. tiki bilen kompozisiýanyň kontury (daşky keşbini) düzmekden - suraty jähekleýän bölekleri ýerli-ýerinde goýuşdyrmakdan başlaýarlar. Ösümlikleri suratyň gyrasyndan orta taraplygyna ýerleşdirip goýýarlar. Şunuň bilen birlikde, her ösümligiň aşaky böleginiň indiki goýlan ösümligiň ýokarky bölegi bilen ýapylmagyna, ýagny gow (balyk teňňesi) şekilli gurluşyň emele gelmegine gözegçilik etmek gerek.



Bu işde merkezi bölekleri ýerleşdirmek uly ähmiýete eýe bolýar. Ösümlikleri bada-bat düşeklige berkitmek maslahat berilmeýär. Düzülen kompozisiýasynyň üstüni kagyz bilen ýapyp goýmaly we birnäçe wagtdan oňa üns berip seretmeli. Eger iş şowly bolan bolsa, onda ösümlikleri berkidişdirmäge girişibermeli.



Guradylan ösümliklerden ýasalan gurnamany onuň üstünden uly bolmadyk

agramlyk(ýük)goýup guradýarlar.

Guradylan ösümliklerden çylşyrymly bolmadyk gurnamany ýasamak mekdebe çenli ýaşdaky çagalar üçin hem başaryp bolýan işdir. Olar tebigy serişdeden höwes bilen nagyş ýasamagy halaýarlar. Mysal üçin, stoluñ üstünde geljekki gurnamalary goýuşdyrýarlar. Nagşyñ ýerine düşendigine göz ýetirenlerinden soñ, näzik ösümligi döwmejek bolup, ony stoluñ gyrasyna süýşürýärler, şoñra bolsa elleriniñ aýasyna alýarlar,



ösümligiñ arka tarapyny tutuşlygyna ýelimlemän, diñe şekiliň gyrasynyñ kä ýerine ýelim damdyrýarlar we düşeklikdäki gerekli ýere geçirýärler. Stoluñ üstünden ýapraklary pinset bilen tutup galdyryp bolar, ýöne muny seresaplyk bilen ýerine ýetirmek gerek, sebäbi näzijek ösümlikleriñ pytrap gitmegi mümkin.

Gurnamany diňe güljagaz, ýaprajyk ýaly ösümligiñ bitin şekillerden däl, eýsem, olaryñ aýry-aýry böleklerinden hem ýasap bolýar. Mysal üçin, dagdan agajynyň, ýapraklaryndan «Kebelek», «Teneçir» «Nagyş» ýaly gurnamalary ýasap bolýar. Şunuñ ýaly kompozisiýalary ýasamak üçin bir ýyllyk georginleriñ, astralaryñ, çigildemleriñ, itburnuň, çopantelpegiň, kerkawyň gülleriniñ ýaprajyklary ajaýyp serişdedir. Guradylanda bu ösümlikler öz reñkini gowy saklaýarlar Tutuş ösümlik

şekillerinden ýasalan gurnamalar ýaly, böleklerden düzülen nagyşlary hem stoluñ üstünde goýuşdyrýarlar, kompozisiýanyñ bölekleriniñ haýsylardygyny anyklaşdyryp, düşekligiñ üstünde goýup ýelimleýärler

## 23. Dokma senagaty barada umumy maglumat

### Matalaryň dürli görnüşleri

Biziň mata önümçilik fabriklerimizde dürli görnüşde matalar dokalýar. Olaryň biri-birinden owadan görnüşleri hem bardyr. Biz matalaryň dürli görnüşlerini bilýäris: nah mata, ýüñ mata, ýuka mata, galyň mata, tekiz mata, gülli mata we ş.m. birnäçe görnüşli matalar bar. Biziň her dürli matalarymyzdan gelin-gyzlarymyz owadan köýnek tikip geýýärler. Olaryň geýýän köýnekleri biri-birinden tapawutlanýar. Matalardan dürli şekilleri tikip ýasamak bolýar.

Esasanam, matalaryň dürli görnüşlerini el tikinini tikmek üçin biziň gelin-gyzlarymyz ulanýarlar. Matalardan köýnekler, eşikler tikilip taýýarlanylýar. Matadan gurjaklara hem köýnek tikmek bolýar. Mysal üçin: matadan köýnek tikenimizde, ilki bilen şol matany sowuk suwda ýuwup, soňra ýaňkyny ütükläp, onuň inini-boýuny gerekli ölçegde biçýäris. Ony matanyň öz reňkindäki sapakda tikmek bolýar. Matany tikmegiň hem dürli görnüşleri bardyr: elde iňňe we maşyn bilen tikmek.

Matalar bilen işlenýän mahaly hem ýerine ýetirjek bolýan işimize örän ünsli bolmaly we dogry ýerine ýetirmeli. Matalaryň dürli görnüşleriniň bolşy ýaly, sapaklaryň hem dürli görnüşleri bar. Her matanyň öz reňkine görä hem sapagy saýlanyp alynýar. Biziň fabriklerimizde hem her dürli sapaklar matalaryň öz reňklerine görä saýlanyp alynýar. Şeýlelikde, biziň ýurdumyzda çykýan matalar öz sapaklaryna, öz reňkine görä hem owadan dokalýar.

Ýüň matalardan hem dürli görnüşli önümleri, köýnekleri tikip bolýar.



Biziň ýurdumyzda öndürilýän matalaryň hilleriniň gowudygyny, onuň nähili ýüpden nähili dokalandygyndan, ýüpleriň nämeden alynýandygyndan hem saýgaryp bolýar. Matalaryň hersi biri-birinden öz dokalyşy bilen tapawutlanýar.

Gurçuk tutup, pileden ülpüldäp duran ýüpek almagy başaran türkmen zenanlary ondan ýokary hilli matalary dokapdyrlar. Gadymyýetden bäri dowam edip gelýän dokmaçylyk asyrlaryň





dowamynda türkmen durmuşynyň aýrylmaz bölegine öwrülipdir. Inçe ýüpeklerden syk dokalýan matalar türkmen zenanynyň esasy el hünäri hasaplanypdyr. Türkmen öýlerinde ýüpekden bahar bägülleri bilen bäsleşýän keteni dokalmagy dünýäni haýran galdyrýar.

Dokma gurallarynyň miwe berýän agaçdan ýasalmagy bolsa, türkmeniň zenan maşgala goýýan sylag - sarpasynyň bimöçberdigine şaýatlyk edýär. Keteni asyrlar boýy öýlerde dokalyp, eneden gyza, nesilden- nesle geçip, şu günlere gelip ýetipdir. Häzirki döwürde dürli-dürli gadymky nusgalary salyp gelin-gyzlar keteniden gyňaçlary, torbalary dokaýarlar. Ol nusgalardan “Orak dişi”, “Ýedi gül”, “Kelep”, “Darak goçak”, “Çakmak” nagyşlary düýpli gyňaçlara salynýar. Häzirki wagtda paýtagtymyzyň merkezindäki « Altyn asyr» söwda merkezinde Türkmenistanyň Dokma senagaty ministrliginiň dükany bar. Daşary ýurtly zenanlar biziň bu işlerimize hormat goýýarlar, özleri üçin, ýakynlary üçin sowgat hökmünde alýarlar. Gyňaçlaryň nagşy bilen aralygy aýry dokalyp, soň tikilýär. Munuň üçin hem tejribeli ýörite tikinçilerimiz bar. Indi birnäçe ýyl bäri bolsa Türkmenistanyň Dokma senagaty ministrliginde, Aşgabatdaky ýüpek fabriginde keteni sehi işläp gelýär.

Türkmenistanda öndürilýän pagta çig malyny hili we möçberi boýunça pagta öndürijilerden kabul edip almak we ondan işlenen taýýar pagta önümleriniň hilini kesgitlemek işleri Türkmenistanyň Prezidentiniň «Pagtanyň we pagta önümleriniň hiline gözegçiligi güýçlendirmek hakynda» 2007-nji ýylyň mart aýyndaky kararlaryna laýyklykda amala aşyrylýar.

Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyzyň dokma pudagynyň kärhanalarynyň gurluşyna, hereket edýän kärhanalaryň täzeden üpjün edilmegine serişde gönükdirildi.

Daşoguz şäherindäki täze pagta egriji toplumy gurluşygyny tamamlady. Ol 2Ol0-njy ýylda pagta süýümini gaýtadan işlemegiň

*derejesini* 61%-e *çenli ýetirmäge we goşmaça üç müňden gowrak iş orunlaryny döretmäge mümkinçilik berýär.*

Häzirki zaman iri dokma toplumlarynyň we pagta egriji kärhanalaryň gurlup ulanmaga berilmegi bilen nah ýüplügiň öndürilişi 17 esse, nah matalaryň öndürilişi hem 7 esse artdy.

Dokma toplumynyň işläp başlamagy bilen täze iş orunlarynyň 500-den gowragy döredildi. Mundan başga-da Ahal welaýatynyň Ruhabat etrabynda hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen açylan pombarh kärhanasy hem-de birnäçe ýyllaryň dowamynda öz güýjüni gaçyrman işläp ýören jinsi toplumy hem halka hyzmat edýär.

## 24. Tikinleriň görnüşleri




Tikin tikmek üçin iňňe, sapak hem dürli matalar gerek. Tikin tikmegiň iki sany görnüşi bar: elde we maşynda. Elde tikmek üçin iňňe, gaýçy, sapak, matalar hem-de oýmak, ýüwse (ýüwse-matadan tikilen) gerek



bolýar. Tikin tikmek üçin özüňe laýyk görnüşdäki iňňäni almaly. Kiçi ýa-da uly bolmaly däl. Öz tikjek, başarjak işiňe görä, iňňe eliňe laýyk bolmaly. Hökman iňňe bilen işleseň, ýanyňda ýüwse hem bolmaly. Ilki tikin

tikmekden öň, matanyň reňkine laýyk sapak saýlamaly, matanyň ölçegine, inine laýyk iňňe almaly. Hökmany görnüşde bir tikin tikip oturan bolsaň, edýän işiňde ünsüň bolmaly, başga işe ünsüňi sowmaly däl. Iňňäni hökman dürtülýän ýassyjaga dürtmeli. Iňňäni düşekde, ýerde




goýmaly däl. Iňňe bilen işläniňde, hökman seresaply bolmaly. Stoluň hem oturgyjyň üstünde oturyp işläniňde, ilki bilen işleýän ýeriň ýagty bolmaly. Işlän mahalyň aýaklaryňy dogry goýmaly, özüň hem dikräk oturmaly, ýanyňda hem özüňe gerek zatlaryň bolmaly. Eger tikin tikip oturan mahalyň özüňe gerek zatlaryň ýanyňda bolmasa, her bir özüňe gerek zat üçin turmaly bolýar. Şonuň üçin işiňden ünsüňi sowmaz ýaly, ähli zat öňünden taýýar bolmalydyr.

Iňňä sapak sapylanda onuň sapagy 50-den 70 sm aralykda bolmaly, ondan köp bolsa, sapak çolaşmagy mümkin. Hem-de ýerine ýetirýän işiňe päsgel berýär.

Şeýle-de iňňede tikin tikmegiň ýörite usuly hem bar. Iňňäni sag eliňde tutup, ýüwsäni hem sag eliňe dakyp, tikin tikip başlamaly. Iňňe bilen tikin tikeniňde tikinleriň hem ýönekeý, hem kyn görnüşleri bar. Ýönekeý iňňe bilen tikinleriň aralygy 3-4 mm bolmaly. Şol aralykda sapaklary iňňe bilen geçirip tiksek, geçirýän sapaklarymyz hem dogry we göni bolýar.



Birnäçe mysallara seredip geçeliň. Ine, iki sany bölek matany alyp, bu iki bölek matany biri - birine çatmaly. Ýöne iňňe-sapak bilen çatjak şol matamyzyň biri-birine çatylany görünmeli däl. Şonuň üçin, ilki bilen, şol matanyň reňkine görä sapak saýlap almaly, soňra ýaňky matany iňňe-sapak bilen çatanymyzda, sapagyň matanyň ýüzünde görünmeli däl, diňe arasyndan ýaňky matany biri-birine çatanyň görünmeli. Matalary biri-birine çatyp bolanymyzdan soň, iňňäni sapakdan çykaryp, ýaňky sapagyň ujuny düwmeli, çatan matamyz sapakdan çykyp, sypyp, sökülip



gitmezligi üçin, galan sapagy gaýçy bilen seresaplyk bilen gyrkyp almaly. Tikin barada şunuň ýaly birnäçe görnüşli mysallar hem getirip bolýar. Tikin tikmegiň birnäçe görnüşleri bar, ýöne şol tikinleri gelin-gyzlar dogry biçip, tikip bilmegi öwrenmelidir.

Ine şunuň ýaly birnäçe görnüşli mysallar hem tikin barada getirip bolar. Tikin tikmegiň birnäçe görnüşleri bar, ýöne şol tikinleri gelin - gyzlar dogry biçip tikip, bilmegi öwrenmeli.

## 25. Ýorganyň taýýarlanylyşy



Gyzy göze görnüp, sawçy gelip ugrandan ene-mamalarymyz öz gyzyna niýetläp haly dokap, ýorgan - ýassykdyr, düşek tikipdirler.
Her hojalygyň gurbuna görä, çykýan gyza berilýän ýorgan-düşekleriniň arasynda mahmal, daraýy, atlas ýaly berk we saýlama matalardan tikilen ýorganlar myhman üçin niýetlenip, aýratyn goýlupdyr. Arassa ýüpek pilesinden dokalan şahy, alaça ýaly matalardan tikilen düşekçelerdir dürli ýassyklar toýda-märekede çog ýaly gyzyl halylaryň üstünden,





hormatly myhmanlar bolan bagşy - sazandalaryň, şahyr - ozanlaryň oturan ýerlerine ýazypdyrlar. Ýorgan tikmek üçin iki dürli berk we owadan mata gerek. Ýorgan üçin niýetlenilen mata gülsüz bolsa has gowy bolýar. Iki adamlyk ýorganlar üçin boýy 2 metre, ini 1 metr 80 santimetre deň bolan ölçegdäki mata alynýar. Ýorganyň daş ýüzi üçin mahmal, daraýy, atlas ýaly ýüpek matalar, iç ýüzi üçin bolsa nah ýüplükden dokalan jir, setin, ştapel ýaly matalar saýlanypdyr. Ýorganlyk matalar agzalan ölçegden kem bolan ýagdaýynda onuň töweregine döwürýan aýlanypdyr. Ýorganyň mäkämligi döwürýanlyk matasynyň berkligine baglydyr. Döwürýanyň ini, köplenç, 20 santimetre barabar edilip, biçilen ýorganyň dört tarapyna ýeter ýaly gyrkylýar. Döwürýanlyk matanyň owadan bolmagy üçin matanyň uçlary gytaklaýyn görnüşde gyrkylyp alnypdyr. Döwürýanly ýorganlar iki adamlyk we bir adamlyk, çagalar we bäbekler üçin dürli ululykda tikilýär. Ýorgan tikilende içine pagta salar ýaly 1 metr ölçegdäki ýerini tikmän, «agyz” goýulmalydyr.

Ýorganlyk tikilip taýýar bolansoň ony çöwrüp, gyýkyndy, ýüň-ýüwüsge ýelmeşmez ýaly takyr palasyň üstünde ýazypdyrlar. Ýorgany pagtalamak işine ökde aýala tabşyrylypdyr. Ol pagtanyň endigan düşüp, galyňlyk ýukalygynyň laýyk bolmagyny üpjün edipdir. Ähli ýeriniň pagtasy deň düşelensoň, ýorgany iki adam bolup bir tarapyndan başlap, gatyja tutup, «agzyna» tarap bir wagtda, deňje togalapdyrlar. Togalanylan



keçe ýaly ýorganyň iki tarapyny biri-birine tarap epip, ýaňky ortarada tikilmän goýlan agyzdan iç tarapyna, ýagny düz ýüzüne çykarypdyrlar. Düz ýüzüne öwrülen ýorgany pagtasy süýşmez ýaly ýuwaş-ýuwaşdan ýazyp,

tekizläpdirler. Her bir zatdan gözellik gözleýän gelin-gyzlarymyz ýorgan syrylanda hem dürli tikin usullaryndan peýdalanypdyrlar. Onuň sapaklarynyň 'birnäçe gat işilmegem, ýorganyň has berk bolmagyna getirýär.

## 26. Gurjak üçin türkmen köýneginiň biçilişi we tikilişi



Keteni türkmeniň ençeme ýüzýyllyklaryndan bäri dörän ajaýyp çeperçilik sungaty eserleriniň biridir. Bäş ýüz müň ýyl mundan öň Merwde ýüpekçilik ösüpdir. Türkmenleriň dokan ýüpek matalaryna dünýä bazarlarynda uly isleg bildiripdirler. Merwde, Nusaýda dokalanlygy barada taryhçylar hem birnäçe makalalar ýazypdyrlar. Türkmen ýaýlasy ýüpek matalary, ýüpek halylary bilen hem dünýäde meşhurlyk gazanypdyr.

Tut ýapragy bilen iýmitlenýän ýüpek gurçugyndan pile alynýar. Pile ýüpeginden bolsa keteni dokalýar, Keteni matasy ynsanyň saglygy üçin örän peýdalydyr. Ol adam bedenine gyşyna ýylylygy, tomsuna bolsa salkynlygy berýär.

Türkmen öz ketenisini özge ýurtlaryň ýüpek matalaryndan tapawutlandyryp, iki çägine sary zolaklar çekipdir. Bu sary reňk ýurdumyzyň güneşlidigini añladýar. Zolaklardaky alaja bolsa gözden-dilden goramak üçin niýetlenipdir.

Bir kişilik keteniniň ini egin ölçegine laýyk bolup, uzynlygy sekiz gatdan ybaratdyr. Türkmen gyzlary keteniniň gyzyl reňkini, durmuşa çykanda - gülgüne reňklisini, durmuşa çykandan soň, dürli reňklisini geýýärler. Häzirki döwürde-de gelin-gyzlarymyz keteni dokamaklygy dowam etdirýärler. Türkmen zenanlary toýdur baýramlarda keteni lybaslaryny geýýärler, keteniden bolan milli lybaslarymyzyň nepis- ligi, owadanlygy bilen göreni özüne haýran edýär. Indi bolsa **keteni matadan gurjak üçin köýnek tikip taýýarlamagyň yzygiderliligine üns bereliň. Onuň üçin ilki bilen keteni matasyny saýlamaly. Saýlanan keteni matany gurjagyň ölçegine görä alyp bolýar.**



Matany bellemek üçin, ony stoluň üstüne tekiz ýazmaly. Soňra tikiljek zadyň boýunyň we ininiň ölçeglerini bilip, çyzgyç bilen matanyň degişli ýerlerini çaklap görmeli. Çyzgyjy matanyň üstünde ýerleşdirmeli we barmaklaryň bilen onuň üstünden pugta basyp, ölçegiň uzynlygyny ujy çowlanan hek bilen çyzmaly. Ölçegler doly bellenip gutarandan soň çyzgyjy aýryp, matanyň bir tarapyny aýaň bilen stoluň üstüne basyp tutmaly we gaýçy bilen belgilenen çyzgy boýunça gyrkmaly. Soňra biçilen matanyň şekilini gaty kagyza geçirmeli. Oňa



bolsa gaty kagyzdan taýýarlanan ülňi diýilýär. Ülňi tikiljek önümiň bölekleriniň ýazgynydyr. Ülňi boýunça mata biçilende ülňini matanyň üstünde ýerleşdirip, ülňiniň gyralaryny yzarlap, matanyň ýüzüne. hek bilen çyzyp, şekilini matanyň ýüzüne geçirip biçmek bolýar.

Gaýçy, iňňe bilen işlenende seresaply boluň!

## Gurjagyň egin - eşigi

Milli eşiklerimiziň özboluşly aýratynlygy bolup, ol adam durmuşynyň bezegidir. Adamyň durmuşynda daşky eşikleriň zerur bolşy ýaly, içki geýimler hem şahsy arassaçylygy üçin gerekdir. Arassa, ykjam, özüňe gelişýän geýimleri kadaly geýmek her bir adam üçin zerurdyr.

Çagalar bagynda gurjaklaryň eşiklerini arassa saklamak, çagalar oýnap bolandan soň, gurjaklary çagalaryň özlerine tertipli, ýerli-ýerinde ýygnatmak, seresaplylyk düzgünlerini berjaý etmek terbiýeçiniň esasy işleriniň biridir.

Gurjaklaryň egin-eşigi tikilende ölçegleriň dogry alnyşyna, biçim çyzgylarynyň düzülişine, biçim nusgalarynyñ matanyň üstünde goýluş tertibine, tikin ýerlerini artdyrma, içki geýimiň dogry biçilişiniň, tikilişiniň usullaryna aýratyn üns berilmelidir.

Gurjaklaryň eşikleri gurjaklary dükanlardan satyn alanynda ýa- da çagalar baglaryna iberilende öz egninde taýýar gelýär. Ýöne gurjaklar üçin egin-eşikleri elde hem tikip bolýar.

Gurjagyň içki geýimini taýýarlamak üçin nah matalar ulanylsa, amatly bolýar.

**Gerekli esbaplar**: nah mata, iňňe, sapak, hek, ülňi, oýmak, gaýçy, rezin

**Işiň gidişi**:

1. Matany ilki epläp (çöwre tarapyndan), soňra içgi geýimiň ülňüsini matanyň üstünde goýup, daşyny hek bilen belgilemeli.
2. Belgilenen ýeri gaýçy bilen gyrkyp almaly.
3. Gyrkylyp alnan matany iňňä sapak sapyp, depjeme tikin bilen tikmeli.

4. Içki geýimiň ýokarsyny rezin geçirer ýaly epläp tikmeli.
5. Gurjagyň içki geýimini islendik ölçegde taýýarlamak bolýar.

## 27. Türkmen milli çabydy

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň ilkinji günlerinden başlap, Garaşsyzlygyñ ýyl ýazgysyna altyn harplar bilen ýazyljak buýsançly wakalaryň şaýady bolup ýaşaýarys. Bu ajaýyp zamanada ene-mamalarymyzdan miras galan türkmen milli egin-eşiklerimize uly sarpa goýulýandygy bizi buýsandyrýar.Türkmen zenan maşgala uly sarpa goýýar, ony mähriň, duýgynyň, saçagyň, ojagyň örki-özeni hasaplaýar. Aslynda zenanlarymyzyň elinden çykan keşdeler, haly-palaslar, köýnekdir donlar, olara sünnälenip salynýan nagyşlar bütin dünýä ýüzüni haýrana goýýar. Türkmen gelin-gyzlarynyň egin-eşikleriniň iň bir göze görnükliler iniň biri hem türkmen milli çabydydyr. Türkmen gelin-gyzlary çabyda uly sarpa goýupdyrlar. Ýaş aýratynlyklaryna görä, onuň dürli görnüşlerini geýipdirler. Türkmen gyzjagazy saçy örüme giren wagty çabydyň ýeňiljek nagyşlary sal- nan görnüşini geýen bolsa, uly gyzlar «erik gül», «kürte goçak» ýaly nagyşlar salnan çabytlary geýipdirler. Türkmen milli egin-eşigimize sarpa goýýandygymyz bizi begendirýär. Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk



döwrüniň talyp gyzlarynyň türkmeniň milli donuny, çabydyny gündelik geýýändigi bolsa bizi has hem begendirýär.



**Çabydy biçmek, tikmek we nagyşlamak.**

**Gerekli esbaplary:** çabytlyk mata, iňňe, sapak, oýmak, hek, ülňi, çyzgyç, gaýçy, dürli sapaklar.

**Işiň gidişi:**

Ilki bilen çabytlyk matany alyp, stoluň üstünde tekizläp ýazyp goýmaly, soňra matanyň üstünden ülňini goýup, hek bilen ülňiniň daşyndan belgilemeli. Belgilenen ýeri gaýçy bilen gyrkmaly. Edil şonuň ýaly-da içligini hem gyrkyp almaly. Gyrkylan çabydymyzyň gyrasyna dürli sapaklar bilen türkmen milli nagyşlaryny tikmeli. Nagyşlar ýerine ýetirlenden soň, işligini kökläp, birikdirip tikmeli, soňra iki göwresi birleşdirilip tikilýär we ýeňi oturdylýar. Şeýlelikde, milli nagyşlar bilen çabydy bezemek bolýar.

## 28. Bezeg nagyşlary

Ene-mamalarymyz özleriniň el hünäri bilen milli eginbaşlary tikip, halallyga gol berip ýaşapdyrlar. Elde ýerine ýetirilýän keşdesidir, gaýmasy, küjemedir, pugtamasy, basmasydyr süňşügi, alajasydyr aldymgajy, jähegidir, çepli sagy bilen egin- eşiklerini gözel görke getiripdirler. Egin- eşikleri, lybaslary bejermekde dürli hili owadan nagyşlary gelin- gyzlarymyz çeper elleri bilen ýerine ýetirýärler. Şol owadan nagyşlaryň biri-de «Sekizkeşde» nagşydyr. Bu nagyş gelin-gyzlarymyzyň köýnekleriniň ýakalaryna, çabytlaryna, oglan tahýalaryna salynýar. Bu gadymy nagyş ene-mamalarymyzyň üsti bilen biziň häzirki günümize çenli özüniň milliligini ýitirmän gelip ýetipdir.

### “Sekizkeşde” rowaýaty

Bu nagyş barada halkymyzyň arasynda şeýle rowaýat bar.

Gadym zamanlarda gum içindäki obalaryň birinde sekiz ogully adam ýaşaýar eken. Ogullarynyň hemmesini öýerip, öý-işikli edip, bir syrgyn bolup oturan ýaşulynyň iň kiçi ogluny öýerenine ýaňy kyrk gün bolupdyr. Körpesinden başgasynyň 2-3 çagasy bardy. Şol günleriň birinde goňşy obadan bir atly adam gelip, oba ýagy çozandygy baradaky şum habary getirýär.

Sekiz ogully ýaşuly obanyň gojalary bilen maslahat edip, goňşy oba kömek ugratmalydygy baradaky netijä gelýär we obanyň merdana ýigitlerine goşup, sekiz ogluny hem ýagy çozan oba kömege ugradýar. Ýagy yzyna serpikdirilýär. Urşa gidenler iki-ýeke gelip başlaýar. Emma ýaşulyň ogullarynyň biri hem gaýdyp gelmeýär. Ýaş gelin “Düşen döwletli öýümiň ýedi oglundan ýadygärlik bala çagalary bar, körpe oguldan ýadygär galdyryp bilmedim” diýip, zar- zar aglar eken. Gelin hem aglapdyr, hem pikir edipdir. Bir günem: «Körpe ogluňdan ýadygärlik üçin bir tahýa tikip bereýin» diýip, ýaşmak astyndan gaýyn atasyna ýüzlenipdir. Gelin bu işiň üstünde köp oýlanypdyr. Soňra tahýa üçin

tebigatyň ölmez- ýitmez mirasyndan nusga almak üçin, dag – düzleriň güllerini, ot – çöplerini gözden geçiripdir.Ahyry 8 sany bugdaý dänesini alyp 4-sini gara reňke, 2-sini ak we 2-sini sary reňke boýap, olary gelişdirip düzse, ol keşde görnüşini beripdir.

Ine-de, “sekizkeşde” emele gelýär. Sekiz ogluň keşbi emele geldi diýip hasap eden gelin ak ýol arzuwlap, akgaýma çekip başlaýar. Tahýanyň eteginiň ülňüsini telpekden we depesini okaradan alan gelin başgabyň ýerligini türkmeniň el ketenisinden, işligini nah matadan tutýar. Sekiz keşdäniň ýokarsyndan hem aşagyndan ýarym «sekizkeşde», soňra jähek çekip, “süňşük”, «üçgyýak» nagyşlar bilen bezeýär-de, tahýany boldum edýär. Soňra gelip, ony gaýyn atasynyñ başyna geýdirýär. - Gaýyn atasy tahýany eline alyp, körpe gelniniň ajaýyp işini synlaýar-da:

- Eliňe güller bitsin, neneňsi gözel iş diýýär. Gelin ýaşmak aşagyndan pyşyrdap:

- Sekiz ogluň bakydyr. Ol gelmedi diýip ýüregiňi agyrtma. Şu tahýada sekiz ogluňam bardyr.

Gaýyn atasy bu sözleri eşidip, bogazy dolup, gataňsy elleri bilen tahýany sypaýar-da:

- Taňryýalkasyn çeper gelnim! Seniň eliň hünäri merdana kowumymyzyñ başyny bezär diýýär.

Halyçylyk sungatynyň köp asyrlyk taryhy bar. Türkmen halylary barada ilkinji ýatlamany baryp XIII asyrda italýan syýahatçysy Marko Polo galdyryp gidipdir. Ol öz kitabynda şeýle ýazýar: «Bu ýerde dünýäde iñ nepis we owadan halylar dokalýar, şonuň ýaly-da örän gowy gymmatbaha gyzyl hem başga reñkli matalar dokalýar, başga-da köp zatlar dokalýar». Eger-de Marko Polonyň döwründe halylar şeýle ýokary derejä ýeten bolsa, onda haly önümçiliginiň taryhda has irki döwürlerde kök urandygyny çaklamak kyn däl bolsa gerek, çünki haly ussat türkmen gelin-gyzlarynyň köp nesliniň döredi- jilik zähmetiniň önümidir. Türkmende köp tire-taýpa bolandygy üçin halydaky nagyşlaram dürli-

dürlüdir. Mysal üçin, Ahalda dokalýan halylaryň merkezi bölegine «Guşly göl», «Garly göl» salynýan halylarydyr. «Garçyn göl», «Pendi göl», «Çakmak göl», «Gyýma göl» nagyşlary salnan halylar pendi halylarydyr. Daşoguzda, Balkanda dokalýan «Gabsa göl», «Dyrnak göl», «Japarbaý göl», «Pyşbaga» nagyşlary salnan halylardyr. Lebapda dokalýan merkezi bölegine «Gülli göl», ‚Derweze göl», «Küňreli göl», «Bäş aý beşir», «Harraty beşir», «Ýylanly beşir» nagyşlary salnan halylardyr. Merkezi bölegine «Gülli göl», «Guşly göl», «Wazzyk göl», «Dyrnak göl», «Towuk göl» nagyşlary salnan halylar Daşoguz halylarydyr. Ençeme syýahatçylar, sungaty öwrenijiler haly we haly önümleri barada, olardan galan täsirleri barada ajaýyp pikirleri aýdyp geçipdirler. Olar türkmen halylarynyň köptaraplylygy, owadanlygy, berkligi we ykjamlygy taýdan hemme halylaryň seresidigini belläpdirler. XX asyryň başlarynda Türkmenistana gelen sungat öwreniji S.M. Dubin türkmen halylaryny öwrenip ýazan «Orta Aziýanyň gadymy halylary» atly kitabynda «Türkmen halylary Gündogaryň iň gowy we gadymy halylary» diýip belläpdir.

Haly gölleri diňe bir halyny bezemek bilen çäklenmän, häzirki döwürde ol gelin-gyzlarymyzyň köýnekleriniň ýakalaryna, gonçsuz joraplaryna hem salynýar. Bu nagyş salnan ýakalar we beýleki el işleri has-da gözel, owadan, gelşikli bolýar. Türkmen halysynyň gölleri döwletimiziň Tugrasynda, ýaşyl Tugumyzda mukaddes nyşan bolup belentde parlaýar.

Türkmen zenan maşgala uly sarpa goýýar. Olar mähriň, duýgunyň, saçagyň, ojagyň eýesi hasaplanylýar. Maşgalada perzent terbiýesi, edep-görelde görkezmek, öý-ojagyň agzybirligini saklamak aýal maşgalanyň gerdenine düşýär. Şonuň üçin türkmenler öz gelin- -gyzlaryny boýdan-başa altyn-kümşe bezäp, gymmatdan-gymmat halat-serpaý ýapyp, öýüniň arzymany hasaplapdyrlar. Şahyryň «Al- ýaşyl geýinip çykar perisi» diýip wasp edişi ýaly, toýlaryň bezegi bolan gelin-gyzlarymyzyň geýýän göze

gelimli egin-eşiklerinde biygtyýar nazaryň eglenýär. Şol dürli biçüwdäki gelşikli lybaslaryň gaýmadyr keşde, basmadyr köjeme bilen ýetirilen bezegi hem zenan elleriniň hünäridir. Olaryň zehini yhlasy bilen sünnälenip bejerilen her bir nagyş ünsüňi çekýäri Türkmen gelin-gyzlarynyň dürli biçüwdäki egin - eşige islegi artdygyça, olaryň gaýmasynyň hem täze, üýtgeşik nagyşlar bilen bezelmegini höwes edýärler. Bu bolsa dürli- -dürli nagyşlaryň döremegine itergi berýär. Ýöne enelerimiziň bukjasynda bize miras galan nagyşlar görkanalygy, nepisligi bilen haýran edýär. «Siňirme», «tärim gözenek», «ak gyýak», «dört kelleli goçak», «ak gaňyrak» ýaly nagyşlary gelin-gyzlarymyz egin - eşiklerine, geýimlerine soňky döwürler hatda ýeňsizlerinede gaýamagy ýoň edipdirler. Bu nagyşlar, köplenç, iki ýörelip gaýalsa, «gülýaýdy” «saryganat», «aýna göl», «bilbil penje», «han ýumruk», “kürte goçak», «tegbent» ýaly ak nagyşlaryň dürli görnişleri gaýmada dört ýa-da alty ýörelse, has gelşikli bolýar. Soňky döwür gelin-gyzlarymyz ýakanyň gaýmada iki ýörelenini oňat görýärler. Sebäbi iki ýörelenen nagyş hem ýumşak, hemem ýeňil bolýar. Ony biziň howa şertlerimizde, köplenç, geýilýän ştapel, zygyr, ýüpek, nah matalara gaýamagam amatly. Köp ýörelip gaýalýan nagyşlar agyr bolansoň, esasan, galyň ýa-da pombarh ýaly sütükli matalarda ulanylýar. Nagyşlar matanyň reňki bilen sazlaşdyrylsa, has gözel keşbe girer. Gül ýa düz, ýuka ýa galyň, ýüpek ýa nah matalygyna görä, sapaklaryň inçe-ýogynlygyna, reňkiniň dürlüligine üns bermeli. Egin-eşigiň owadanlygy saýlanjak nagyşlaryň ululygyna, kiçiligine, syk hem-de nepis salnyşyna hem bagly,Gülli mata uly nagyşlar salnyp, ol güllerden saýlanyp dursa, gelşikli görünýär. Düz matada bolsa ownuk nagyşlar has gowy görner. Gaýma gaýalanda keşdelenjek matanyň aşagynda bir gat biz mata goýulanda, has ykjam bolýar. Nagyş salynjak ýer ölçenip bellenileniden soň, matаňa görä gara ýa-da gyzyl sapak bilen orta keşdäniň ýeri goýulýar. Alaja iki ak ýa-da iki gyzyl çyzygyň arasyndan geçirilýär.

«Döwrüň ösmegi bilen gelin-gyzlarymyzyň geýýän köýnekleriniň biçüwi, ýakasynyň açylyşy gün-günden özgerýär. Şu wagtlar ýaşlaryň arasynda «gyýak», «gülýaýdy», «şelpe» görnüşli ýaka açylyşy ýoň boldy. Ýöne türkmen gelin-gyzlarynyň geýimleri nähili ülňüde biçilse-de, olara salynýan nagyşlar, milli nusgalarymyz has gowy. Şol nagyşdyr nusgalar ene - mamalarymyzyň ýürek ýylysyny siňdirip, bize goýan milli mirasydyr.

**Gülýaýdy**

Türkmen nagyşlary özüniň ajaýyplygy bilen dünýäni haýrana goýýar. Hiç bir döwletiňkä meňzemeýän egin-eşiklerimiziň owadan görünmeginde nagyşlaryň tutýan orny örän uludyr. Türkmen nagyşlary türkmen milliliginiň bir görnüşidir. Şeýle ajaýyplyklary döredýän gelin-gyzlarymyz özleriniň ýürek arzuwlaryny şol nagyşlaryň üsti bilen beýan edipdirler.



Asyrlaryň dowamyndan gözbaşyny alyp gaýdýan türkmen nagyşlarynyň birnäçe görnüşi bardyr. Olardan «kürte goçak», «guşgözi», «erikgül», «guş yzy», «sekizkeşde» şeýle-de «gülýaýdy». Bu nagyşlaryň hersiniň döreýiş ýoly, taryhy bolup, olar biziň günlerimize gelip ýetipdir.

Biziň hemmämize mälim bolan «gülýaýdy» nagşynyň döreýşi barada rowaýat bar.

Gadym wagtlarda bir owadan şa gyzy bolupdyr. Onuň ajaýyplygy, owadanlygy görenleri haýrana goýýar eken. Günleriň bir güni oňa 2 sany gerçek ýigit aşyk bolupdyr. Olaryň ikisi hem gyz üçin janyny pida etmäge taýýar ekenler. Gyz bularyň haýsysyny saýlajagyny bilmän, olaryn öňünde şert goýupdyr. Olaryň ikisi göreşip, haýsy ýeňse, gyz şoňa durmuşa çykjakdygyny aýdypdyr. Aşyk gyzyñ ugrunda perwana bolan gerçekleriň ikisi hem bir-birini ýeňjek bolup,



kän söweşipdirler. Olar ahyry bir-birini ýeňip bilmän, goça öwrülipdirler. Gyzyň bolsa bulara nebsi agyryp, güle öwrülipdir. Şunluk bilen hem goçuň kellesine meňzäp duran «goçak» hem-de güle meňzäp duran «gülýaýdy» nagyşlary emele gelipdir.

«Gülýaýdy» nagşy häzirki günlerde türkmen ýigitleriň tahýasynyň depesine salynýar we ajaýyp ýakalarda gaýalýar.

## Gültahýa

Öz gözbaşyny asyrlaryň jümmüşinden alyp gaýdýan beýik türkmen halky öz beýik taryhy, maddy hem medeni gymmatlyklary bilen dünýä özüni tanatdy. Gelin-gyzlarymyz dürli nagyşlar bilen tahýanyň bezegini ösdürip, olary owadanlap, kämilleşdirip gadymylygynda müdimi sungat derejesine ýetiripdirler.

Gültahýanyň gül pürkülen ýaly keşdeli keşbi Aýyň, Günüñ, Asmanyň, Zeminiň, Älem-jahanyň baky gülmegini, baharyň bakylygyny, ýaşaýşyň dowamlylygyny aňladýar. Onuň depesi sekize bölünip, olar gülleriň baldagyny aňladýar. Gültahýanyň gül-gunçaly keşdeleriniň on

ikä bölünmegi bolsa, 1 ýylda 12 aýyň bardygyny we olaryň özboluşly gözelligini aňladýar. Şol on iki bölegiň öwrümlerine aýjagazlaryň keşbi keşdelenýär. Tahýadaky «Gül» nagşy türkmen gyzynyň açylmadyk gunça deňelýändigini görkezýär. «Ýylanagyz” gültahýanyň depesini etegine birikdirýän nagyşdyr. Gültahýanyň iň Soňky nagşy “Tegbentdir”. Ol «tegelek bent» diýmegi aňladyp, geljek bela-beteriň öňünde bent bolsun, bu tahýany geýen gyzy gözden-dilden gorasyn diýen ýagşy niýet bilen salynýar. «Ýylanagyz» nagşy ýaman niýetleri serpikdirse, “Ugbent” nagşy owadanlygyna ünsüňi çekýär -de, ýaman niýeti unutdyrýar. Tahýanyň etek gyrasyna goýy ýaşyl ýüpekden jähek salynýar. Tahýa başda ykjam durar ýaly gyrmyzy gyzyl ýüpek işilip, jähegiň gyrasyna ýörmelýär. Gelin-gyzlarymyz «Gyýak» nagşyny salyp hem gyz tahýalaryny bejeripdirler. Olara «Gyýakly» tahýa diýlipdir. Tahýanyň keşdelerini we durkuny synlanyñda, ol kümmetleriň we metjitleriň owadan gümmezlerini ýatladýar.

Türkmeniň ajaýyp tahýalary iň bir naýbaşy başgaplarynyň biridir. Taryhçylaryň aýtmagyna görä, irki döwürlerde Merkezi Aziýa sebitlerinde ähli halklar tahýa geýipdirler. Ilkibada biçilende ol başgaplar gönüburçluk mata alnyp, bir tarapyndan tikilipdir. Ýokarky böleginde bolsa matany jemläp, ýygjamlaşdyrypdyrlar. Soňabaka tahýanyň depe böleginiň biçimi çylşyrymlaşdyrylypdyr. Gadymy däbe görä, hatda gaty könelen tahýany - da başga birine bermek ýa-da zyňmak gadagan hasaplanypdyr. Çünki ol ynsanyň şowluklaryny, gizlin syrlaryny özünde



jemleýär diýip pikir edipdirler. Tükmen tahýasy pederlerimiziň nesillerine peşgeş beren iň ajaýyp gymmatlyklarynyň biridir.

## 29. Haltajyk



El işleri salynýan haltajyk - örän gerekli zatlaryň biri. Onda sapaklary, gutusyndäky gaýçyny, iňňe dürtülýän ýassyjagy, dürli tikinçilik esbaply (içinde galam, hekjagaz, santimetr ölçegli lenta we beýleki zatlar bar bolan) gutujygy saklamak amatly bolýar. Geljekki işde ulanyljak gowuja eplenen matany gaty kagyz daşlyga salyp, şeýle hem kagyzy bu haltajyga salýarlar.

Haltajygy iki bölekden (detaldan) tikýärler. Gaýma görnüşindäki keşdesi haltajygyň ortarasynda ýa-da aşaky böleginde tikilip ýerleşdirilýär. Gaýma göni ýa-da döwük görnüşindäki çyzyklardan (çyzyklardan) ybarat bolýar. Çyzyklaryň arasy 5-7 mm bolýar. Öňün- den kagyz ýüzünde suratyny çekýärler we sepleri tikmegiň tertibini kesgitleýärler.

Haltajygy keşdesiz, dürli reňkli matadan hem tikip bolýar. Haltajygyň daşky keşbi gelşiklije bolup, ony gyzjagazlar sumkajyga derek ýanlary bilen hem göterip biler. Şeýle sumkajygy gyz jigileri, ejeleri ýa-da mamalary üçin olar el işlerinde ulanýan esbaplaryny salar ýaly oglanjyklar hem tikip biler. Keşdeli haltajygy tikmek üçin tekiz reňklenen

açyk mata, haltajyk-sumkajygy tikmek üçin bolsa, islendik reñkdäki mata saýlanyp alynýar.

**Iş üçin gerekli materiallar:** 180x250 mm (2 sany detal) ölçegdäki mata, inçe ýüp, hersi 60 sm bolan iki bölek jähek (üç tarly elde örülen jähegi ýa-da örülen ýüpi hem ulanyp bolýar), reñkli sapaklary, reñki boýunça matalar, biçüw we surat üçin kagyz.

**Gurallar we esbaplar:** çyzgyç, gaýçy, iññeler, oýmak, santimetrli lenta, iññebagjyklar, galam.

Taýýarlamagyñ tehnologiýasy:

1. 180x250 mm ölçegdäki biçüwleri taýýarlamaly.
2. Biçüwleri matada berkitmeli, matany belgilemeli.
3. Iki sany taýýarlanýan bölegi kesişdirmeli.
4. Her taýýarlanan bölekde inligine gyrasyndan 90 mm aralyk- dan kömekçi çyzykdan «iññäni öñe etmek» tikin bilen tikmeli.
5. Keşdäniñ suratyny çekmeli (düzmeli).
6. Suraty belgilemeli.
7. Suraty keşdeläp tikmeli.
8. Iki sany taýýarlanan bölegi biri-birine ýüz tarapyny öwrüp epleýärler, kesimlerden 10 mm aralykda ýokarky kesimleriñ ýanyndaky kömekçi çyzyklara çenli üç tarapyndan köklemeli.
9. Belgilenen çyzyk boýunça «setirjik» tikin bilen biri-birine tikmeli.
10. Haltajygyñ gapdal kesimlerini we aşagyny «gyraüsti» tikin bilen aýlap tikmeli.
11. 9 mm uzynlykdaky gapdal kesim ýerlerini hersini 5 mm edip, iki gezek daşyna eplemeli, köklemeli we gyrasyny basdyrma tikin bilen tikişdirmeli.

Haltajygyñ ýokarky kesimlerinden 10 mm ölçegde gapdal daşyna tarap eplemeli we ony kömekçi tikin bilen köklemeli.

12. Ýüz tarapyndan belgilenen çyzyk boýunça «setirjik» tikin bilen tikmeli.
13. Ol sepden bir santimetr daşlykda ýokarlygyna haltajygyñ iki tarapyndan belgi geçirmeli. Ýüz tarapyndan «setirjik» tikin bilen tikmeli. Bu ýer jähekligi ýa-da ýüpi geçirmek üçin ýer bolar.
14. Daşky tikinleri (tikin aralary) reñkli sapaklar bilen ýylan şekillije edip tikişdirmeli ýa-da sapagy spiral (egrem-bugram) görnüşinde ýatyryp tikmeli.

Iki sany ýüpi gezekli-gezegine içinden geçirip birikdirýärler. Her ýüpüñ ujuny biri-biriniñ üstünde 1 sm ölçegde goýmaly we gyraky tikin bilen berkitmeli. Ýüpüñ berkidilýän ýerlerini iç tarapa çekmeli. Ikileýin ýüp petleler ol we beýleki tarapyndan bir wagtyñ özünde çekdirilende, ýokarky deşik emaý bilen çekilýär, ýüpleriñ özleri bolsa tutguç (ruçka) ýaly bolýar.

Bu işleriñ iñ kyny haltajygyñ ýokarky bölegini işlemekdir (taýýarlamakdyr). Şonuñ üçin bu amallaryñ hersini aýratynlykda düşündirmek zerur bolýar. Haltajygyñ ýokarky bölegini işlemegiñ sadalaşdyrylan görnüşi görkezilýär.

Oýunlar üçin täsin haltajygyñ tikilişi we gurnama bilen bezelişi.
Köp asyrlaryň dowamynda türkmen halky halta tikmegi oýlap tapypdyrlar. Sebäbi haltanyň içine dürli azyk önümlerini salyp bolýar. Meselem: haltalaryň dürli görnüşleri bardyr: halta, jadyly halta, süzme halta, aşyk salynýan halta.





Halta, esasanam un, sement, hek, çäge we birnäçe azyk önümleri üçin ulanmak bolýar.

Jadyly halta, esasanam, çagalarda ullakan gyzyklanma döredip bolýar. Jadyly haltanyň içine dürli şekiljikleri salmaly. Mysal üçin: haýwanjyklaryň ýa-da dürli ir-iýmişleriň, miweleriň şekiljiklerini salmaly. Terbiýeçi jadyly şekiljikleriň bardygyny çagalara aýdyp we şol şekiljikleri her bir çaga çekdirip, çeken şekiljikleriniň nämäniň şekilidigini sorap, dürli soraglar bermek bolýar. Mundan başga-da jadyly haltany toýlarda ulanýarlar. Haltajygyň içine iki sany süýji salýarlar we toýa gelen her bir kişä şol haltajygy paýlaýarlar. Jadyly haltanyň içine iki sany süýji salynmagy durmuş gurýan iki ýaş juwanyň süýji ýaly süýjülikde ýaşamaklaryny arzuw edýärler. Jadyly haltany Täze ýylda Aýaz baba getirýär. Çagalar bolsa, Aýaz babanyň sowgat getirjegine uly höwes bilen garaşýarlar. Aýaz baba şol haltajykdan dürli zatlary çagalara paýlaýar. Täze ýylda çagalar üçin sowgat almaklyk diýseň lezzetli bolýar. Diýmek, jadyly haltany dürli ýerlerde ulanmaklyk gyzykly bolýar.

Süzme halta, esasanam, hojalyk işlerinde giňden ulanylýar. Ol irki wagtdan häzirki güne çenli ulanylyp gelinýär. Süzme haltanyň içine gatyk guýulýar we ony bagda üç günläp asyp goýýarlar we gatyk süzülýär hem-de süzme emele gelýär. Süzme haltanyň hojalyk işlerine uly ähmiýeti bar.

Haltajyklaryň dürli-dürli görnüşleri bolup, olaryň çagalar baglaryndaky çagalar üçin hem ähmiýeti uludyr. Çagalar ony oýnawaçlaryny, egin-eşiklerini, gerek zatlaryny saklamak üçin ulanýarlar.

Matadan bejerilen elýaglyk

Elýaglygy sowgatlyk hökmünde ulanmak bolýar. Elýaglygy taýýarlamak üçin dürli reňk, ak hem açyk matalar gerek bolýar.

Elýaglyk üçin hem, el süpürgiç üçin hem nah matalar amatly bolýar. Sebäbi olar ýumşak, suwy özüne çalt siňdiregen bolýar.

Elýaglyklar erkekler we zenanlar üçin aýratyn bolýar. Erkekler üçin elýaglyklarda gül bolmaýar. Özi hem ýagty reňkde bolup, gyralaryndan 1-2 setir çyzyklary geçýär.




Zenanlaryň elýaglygynyň dört çüňkünde-de, ortasynda-dä gül bolup bilýär. Gül diňe bir çüňkünde-de bolup bilýär. Eger düz matadan bolup, gülsüz bolaýanda-da, gyzlaryň özi hem häzirki döwürde tikin maşynynda derrew sanjymda nagyşlap, bezäp bilýärler. Ýöne göwnüňe ýaran matadan tikseňem bolýar. Iň esasy zat gyralary sapak-supak bolup durmaly däl-de, ykjamja bürelen ýa-da basdyrylan bolmaly. Sanjym maşynda gyrasyny gürje sanjym bilen tolkun şekilli etseňem bolýar, soňra sanjymdan gyrasyny ýitije gaýçy bilen kesäýmeli. Her çüňküne güljagaz çekip, nagyşlasaňam owadan gelişýär.

Arassaçylyk düzgünlerini berjaý etmek üçin elýaglyk, el süpürgiç hem zerurdyr, her kimiñ ýanynda öz elýaglygy bolmaly.

*Işiň gerekli esbaplary:* 200/320mm mata bölegi, dürli reñkli sapaklar, ölçegli kagyz, basma kagyz.

*Işiň gerekli enjamlary:* çyzgyç, gaýçy, galam, ölçeg lentasy, tikin üçin nagyşly suratlar, iňňe.

Taýýarlamagyň yzygiderliligi:

1) Edilmeli işiň nusgasy, alnan ölçegleriñ ýazgysy. 160/200mm ölçegdäki görnüşi taýýarlamaly, ýöne 320/200 ölçegden uly bolmaly däl.

2) Matanyň gyralary deň eplenmeli. Ölçegiň uzyn tarapyndan başlap uşajyk edip depjemeli (çyzygyň üsti bilen).

3) Dyrnagyň bilen matanyň çyzyklaryny yzarlamaly, çyzyk bolan ýerine matany eplemeli.

4) Matanyň ýüzüne şekil saýlananda okuwçylar şekiliň gurluşyna, ölçegine we şekil ýerleşdirilenden soň matanyň iki gapdalynda, ýokarsynda ölçegleriñ deňligine üns bermeli.

5) Işiň gidişiniň bir böleginde matanyň ýüzüne basma kagyzy goýup, şekili geçirmeli.

6) Suraty yzarlap tikmeli.

7) Matanyň gapdal gyrasyny 10mm epläp, ýüzbe-ýüz çatmaly.

8) Bellenen çyzygyň üsti bilen «setirleýin» tikin görnüşinde, «arka ýüzleýin» tikin görnüşinde çatmaly.

9) Görnüşiň arka tarapyndan iki gezek geçirmeli (7/10mm). Görnüşiň ýüz tarapyna bolsa islän görnüşiňde tikmek bolýar.

## 30. Çiş bilen örüm örmek

Çiş bilen örüm örmek el zähmetiniñ bir görnüşi bolup durýar. Ýüpüñ, üstaşyr örümli sütünjikleriñ we üstaşyr bolmadyk örümli sütünjikleriñ örülişi ýaly, örüm örmegiñ esasy görnüşleri bilen tanşyp, nusga ýa-da surat boýunça köp dürli önümleri taýýarlap (ýasap, örüp) bolýar.

Örümi ýüñ, nah we ýüpek ýüplüklerden örüp bolýar. Esasy gural çişdir. Ol metaldan, agaçdan, plastmassadan, süñkden ýasalan bolup biler. Çişleriñ 2-den 6-a çenli belgili ölçegleri bolýar. Çişiñ belgisi işlenilýän





ýerdäki deşigiñ galyñlygyna, ölçegine we onuñ uçlugynyñ ölçegine bagly bolýar. Çişler ýüplükleriñ galyñlygy we sorty boýunça saýlanyp alynýar. Ýüplükler çişiñ işleýän bölegindäki (uçlugyndaky) deşikden (gözünden) bir ýarym iki esse galyñ bolmalydyr.

Örüm örülende çiş sag elde orta barmak bilen tutubrak we ugrukdyrybrak, başam we süýem barmaklar bilen tutulýar.

Çiş bilen örülen önüm görnüşi we ölçegi boýunça dürli halkalardan ybarat bolýar. Örüm tekiz bolar ýaly, ýüplügi bir wagtyñ özünde çekdirmeli, halkalary surat boýunça etmeli, olaryñ mukdaryna we görnüşine gözegçilik edip durmaly. Eger halkalaryñ hasabyny ýöretmeseñ we olaryñ ölçegine gözegçilik etmeseñ, onda önümiñ suraty we görnüşi ýoýulýar.

Okuwçylary tanyşdyryp boljak örümiñ esasy görnüşleriniñ üstünde durup geçeliñ.

Birinji halka - örüm başlanýan halkadyr.

Çiş sag elde bolmalydyr. Ýüplügiñ ujuny petle edip egmeli We çep eliñ başam we süýem barmaklary bilen saklap durmaly. Halkanyñ içinden çişiñ gözüni sokýarlar, ýumakdan gaýdýan ýüplügi tutup alýarlar we ony halkanyñ içinden geçirýärler. Soñra ýene bir gezek ýüplügi çişe ildirip alýarlar we täze emele gelen halkanyñ içinden geçirýärler. Şunda «howa halkasy» diýilýän halka emele gelýär. Ýüplügiñ ujuny çekdirýärler we ol 1 sm-den uzyn bolmaz ýaly edip gyrkýarlar.

Birnäçe howa halkasy zynjyr ýa-da ýüpjagaz şekili emele getirýär. Şol ýüpjagaz önümleriñ köpüsini örmek üçin esas bolup durýar. Howa halkalarynyñ mukdary önümiñ ölçegine ýa-da halkalaryñ hasabyna bagly bolýar. Howa halkalary örülende, olaryñ birmeñzeş ölçegde bolmagyna gözegçilik edip durmalydyr.

**Üstaşyr bolmadyk örümli sütünjagaz.** Gerekli ölçegdäki ýüpjagaz taýýar edilenden soñ, öwrüm ýerine ýetirilýär. Zynjyrjygy ýüz tarapyny ýokarlygyna tutup, çep eliñ süýem barmagynyñ ugruna ýatyryp goýýarlar, ony çep eliñ başam barmagy bilen saklap, ýüz tarapyndaky (çişdäki halkany, ýagny öwrüm halkasyny hem hasaplanyñda) çişden üçünji halkanyñ içinden geçirilýär. Çiş bilen ýumakdan ýüplügi ildirip alýarlar-da, ony howa halkasynyñ içinden geçirilýär. Çişde iki sany halka emele gelýär. Ýene-de çiş bilen ýumakdan ýüplügi ildirip alynýar-da, şol iki halkany örüp baglanýar. Çişde bir sany howa halkasy bolup,





ikinji sütünjigi örüp başlamak üçin, çişi indiki howa halkasynyñ ortasyna salynýar, ýüplügi ildirip, şol howa halkasynyñ işinden çekip geçirilýär. Çişde ýene-de iki sany halka emele gelýär, olar hem örülip berkidilýär. Indiki sütünjikleri hem şeýdip örülýär. Üstaşyr bolmadyk örümli sütünjikler bilen baglanan önüm dykyz we çeýe bolýar.




**Üstaşyr örümli sütünjagaz.** Üstaşyr örümli sütünjagazlar bilen örülende önüm has ýumşak; owadan bolýar. Bir üstaşyr örümli sütünjagazlar şeýle örülýär: öñbaşçy halka bar bolan çişiñ uçjagazyna sag

tarapdan ýüplük üstünden goýulýar - muña hem üstden oklama ýa-da üstlük örüm diýilýär. Şol ýüplükli çişi gyradan üçünji halkanyñ içinden geçirilýär. Ýumakdan ýüplügi çişiñ ujuna ildirip alynýar-da halkany çişiñ üstüne tarap çekilýär. Şol pursatda çişde iki halka bolup, olaryñ arasynda hem üstaşyr atylan ýüplük bolýar. Çiş bilen ýumakdan ýüplük ildirilip alynýar-da, ol çetki halkadan we üste atylanýüplükden geçirilýär, çişde iki halka bolýar. Soñra ýene-de ýüplük ildirilip alynýar we ol iki halkanyñ içinden geçirilýär. Çişde bolsa bir öñbaşçy halka galýar.

Eger sütünjikleri zynjyrjyk boýunça däl-de, üstaşyr örümli ýa- da üstaşyr örümsiz sütünjiklerden ybaratdyr. Birinji sütünjik üç sany howa halkasy bilen emele gelýär. Öñbaşçy üçünji halkadan üstaşyr örümli sütünjigi örülip başlanýar.

Çiş bilen işlenilende käbir ýörite adalgalary (terminleri) bilmek zerurdyr. Öwrüm halkasy diýlip, örümiñ bir hataryndan beýlekisine geçilende çişde duran halka aýdylýar. Çiş bilen örüm örülende hataryñ ýa-da zynjyrjygyñ ýokarky gyrasy surat boýunça biri-birinden çekilip çykyp duran ýüzük şekillije halkajyklary ýatladýar. Örülýän zadyñ örüm edilýän daşky tarapyndaky halkanyñ ýarysyna daşky ýarym halka





diýilýär, örýän adam tarapyndan örülýän zadyň içki tarapynda ýatan halkanyň ýarysyna içki ýarym halka diýilýär. Daşky we içki ýarym halkalar esasy halkany emele getirýärler,



Sütünjik (üstaşyr örümli ýa-da üstaşyr bolmadyk örümli) örülenden soň, çişde galýan halka öňbaşçy halka diýilýär. Ol indiki sütünjigiň ýa-da zynjyrjygyň başlangyjy bolýar.

Käbir önümler örülende olary biraz giňeltmek ýa-da daraltmak, ýagny halkalaryň sanyny köpeltmek ýa-da azaltmak gerek bolýar. Birnäçe halkany goşmak üçin esasy halka üstaşyr örümli ýa-da üstaşyr örümli bolmadyk sütünjigiň birini däl-de, iki-üçüsini örüp birleşdirmeli bolýar. Önümi goşmaça howa halkalarynyň hasabyna giňeldip bolýar, olar üstaşyr örümli ýa-da üstaşyr örümli bolmadyk sütünjikleriň arasyndan örülip birleşdirilýär.

Önümi halkalaryň sanyny azaltmak arkaly daraldyp bolýar: üstaşyr örümli ýa-da üstaşyr örümli bolmadyk sütünjikleri her bir esasy halka däl-de, arasynda goýberip, Örüp birleşdirilýär.

Çiş bilen gowy örüm örmegi öwrenmek üçin, görnüşi boýunça howa halkalary birmeňzeş bolan zynjyrjyklary örmekde türgenleşmek zerurdyr. Örülen zynjyrjyklary ýüp hökmünde ulanyp bolýar. Eger uzynlygy, mysal üçin, 25 sm bolan ýüp gerek bolsa, onda ondan üç esse uzyn ýüplük alynýar.

Işe başlamazdan ozal aýagyň ölçegini almaly. Aýagy kagyz sahypasynyň üstünde goýup, dabanyň daşyndan galam bilen çyzyk çyzýarlar. Şol çyzgy boýunça kagyzy kesip, dabanyň biçüwini alýarlar.

Biçüwi jorabyñ inini we tutuş önümiñ uzynlygyny kesgitlemek üçin örüm wagtynda ulanylýar.

Biçüw bilen deñeşdireniñde, aýagyñ galyñlygyna baglylykda örülen jorap 15-20 sm giň (inli) bolmalydyr. Köwşüň öñ tarapynyň uzynlygy isleg boýunça kesgitlenýär, sebäbi islendik beýleki aýakgap ýaly, açyk we ýapyk görnüşde bolup bilýär.

Alty sany howa halkasyndan ybarat zynjyrjyk örümiň başy bolýar. Zynjyrjyklaryñ gyralaryny birikdirip, ýapyk şekilli halka emele getirilýär, ony hem çişi halkanyñ merkezinden geçirip, üstaşyr örümli bolmadyk 10 sany



sütünjikler bilen daşyndan örýärler. Soñra, her aýlawda 3 — 4 sany sütünjigi goşup, bu galňadylan halkanyň daşyndan örýärler. Wagtal-wagtal örülýän zady biçüwüñ üstünde goýup görýärler.

Jorabyñ ini biçüwdäki dabanyñ giñligine laýyk gelýänçä, oña halkalary goşup durmaly. Soñra bolsa (biçüwe baglylykda) halka goşmazdan, ýedi-sekiz (ýa-da ondan hem köpräk) hatar örülýär.

Daşyndan önümiñ burun bölegi haltajygy ýatladyp duran bolýar. Köwşüň bu böleginiñ örümini tamamlap, onuñ gapdal taraplaryny we sagyny örmäge başlanýar. Eger şol wagta çenli tegelekleýin örülen bolsa, onda hatarlaýyn, bir hatardan beýlekisine geçip örmeli bolýar. Bu şeýle edilýär: jorabyñ - halkajygyň daşyndan % bölegini örüp, hal- kany öwürýärler we sütünjikleri ters tarapyna örüp başlaýarlar.

Biçüwden ugur alyp, dykyz örülýär, sebäbi bu ýerleri gapdal diwarlary bolup durýar. Haçan-da örülen uzynlygy biçüwüñ uzynlygyna laýyk bolar welin, iki epläp, ökje berkidilýär. Şeýdileninden soñ, örümi tamamlanar. Ýüplügi gyrkman, aýaga sokar ýaly agyz gyrasy boýunça üstaşyr örümli bolmadyk sütünjikler ýa-da balykgulak şekilinde örülip çykylýar. Ikinji taýy hem edil şunuñ ýaly edilip örülýär.

## 31. Ýumşak oýnawaçlar



Oýnawaçlar gadymdan gelýän el bilen ýasamanyň sungat derejesindäki bir görnüşidir. Bu sungat biziň durmuşymyzy bezeýär. Oýnawaçlary hemmeler gowy görýär: çagalaram, ulularam. Çagalar üçin oýnawaçlar güýmenjedir. Oýnawaçlar ulularyñ çagalyk dünýäsini ýatlamaga jadyly zatdyr.

Oýnawaçlar gadymy Ýegiptde, Gresiýada, Rim imperiýasynda-da gazuw-agtaryş işleri geçirilende tapylypdyr. Gadymy döwürlerde oýnawaçlary ýasaýan kärhanalar ýok wagtynda, çagalar üçin oýnawaçlary ilkinji halk suratkeşleri döredijilikli ýasap, nesilden-nesle geçirip kämilleşdiripdirler. Oýnawaç ýasamakda halk döredijiliginiň bu ugurdaky däpleri şu güne çenli gelip ýetipdir.

Zagorsk muzeýinde geçen asyrlaryň kärhanalarynda ýasalan oýnawaçlar saklanyp galypdyr. Häzirki wagtda oýnawaç öndürýän

kärhanalar bar. Olar gadymy kärhanalaryň oýnawaç ýasamakdaky däplerini dowam etdirýärler.

Häzirki döwürde çagalara oýnawaçlary ýasatmak ýaly işleri geçirmek giň gerime eýe bolýar. Sebäbi bular ýaly işler geçirilende, ösüp barýan ýaş nesil zähmet terbiýesini alýar. Tejribede berlişi ýaly, ýasalýan oýnawaçlar çagalara güýmenje bolup, pikirlenişini ösdürýär, gowy duýgulary oýarýar, ylham berýär, çaganyň aňyna täsir edýär. Çaganyň özüniň ýasan oýnawajy onuň zähmetiniň däl, eýsem, döredijiliginiň hem miwesidir. Çaganyň öz zähmetini, döredijiligini, söýgüsini siňdiren oýnawajy çaga üçin aýratyn gadyrly bolýar. Näzigiň ýatlamasyna seredeliň.





Men bir gyzjagazy tanaýardym, onuň örän köp owadan oýnawajy bardy, ýöne oýnawaçlarynyň içinde iň gymmatlysy onuň özüniň matadan ýasan Maýsa atly gurjajygydy.

Maýsa atly gurjagynyň kellesi tegelek gülgüne matadan, burny ilikden, gözleri gara monjuklardan, saçlary

bolsa ykjam ýygnalan sary ýüň sapakdandy. Gyzjagaz şol gurjagyny örän gowy görýärdi. Onuň bilen gezelenç edýärdi, gürleşýärdi, hüwdüläp ýatyrýardy. Näme üçin Maýsa gyzjagaza şeýle gadyrly?! Sebäbi gyzjagaz ony ýasady, özüniň bar yhlasyny, söýgüsini şol gurjaga siňdiren ýalydy, ýagny ony özi döretdi.



Munuň ýaly mysallary durmuşda köp getirmek mümkin. Her birimiz geçmişe göz aýlasak, çagakak özümiziň plastilin ýa-da kükürt gutujygyndan, arçadan ýasan ýasama oýnawaçlarymyz biz üçin gadyrlydy.

Çagalar ilkinji gezek oýnawaç ýasap başlanlarynda gerekli netije alynmaýar. Işe zähmetsöýerlik, sabyrlylyk, emellilik, iň esasy bolsa öz edýän işine söýgi talap edilýär. Şular ýaly häsiýetleri özünde jemlemedik çagalar oýnawaç ýasamagy başarman, işi taşlaýar. Emma beýle çagalar az. Köpçülikdäki çagalarda bolsa öz eli bilen oýnawaç ýasamaga bolan söýgi, gyzyklanma has ýokary bolýar. Şeýle çaga ähli kynçylyklary ýeňip, gyrkmagy, reňklemegi, bezemegi, serişdeleriň dürli görnüşlerinden ýerlikli peýdalanyp, işlemegiň düzgünlerini öwrenýärler. Owadan oýnawaçlary ýasamak çagalary özüne çekýär we olara işi anyk ýerine ýetirmäge mejbur edýär.

Çagalaryň durmuşynda ilkinji ýasalan oýnawaç talaba laýyk bolmasa-da, bu esasy zat däl. Oýnawajy çagalaryň öz eli bilen ýasamagy möhümdir.

Çaga oýnawajy nähili ýasamalydygy öwredilse-de, çaga şol oýnawajy ýasanda özünden täzelik döretmäge, bir söz bilen aýdylanda, dörediji hökmünde çykyş etmäge rugsat bermelidir.

Çagalar belli tema boýunça işe başlamankalar, ol barada pikir alyşmaly, tema boýunça çagalar bilen gürrüň geçirmelidir. Bu barada düşünje bermek çagalara gören, eşiden, synlan zatlaryny ýatlamaga kömek edýär we olaryň ukyplaryny oýarýar. Döredijilikli işlemäge iterýär.

Meselem: Çagalar bagynda Mähri atly gyzjagaz güjüjek oýnawaç ýasamak isläpdir. Emma ol güjügi göz öňüne getirip bilmändir. Şonda Mähriniň ejesi howluda günde säher bilen bir garry mamanyň bir «Garagöz» güjügi bilen gezelenç edýändigini aýdýar. Şondan soň gyzjagaz ir säher bilen daşaryk çykyp güjügi synlapdyr. Gyzjagaz güjügiň suratyny çekip bilipdir we şol güjügiň şekilini kagyz- dan ýasapdyr. Mähri oýnawajy ýasanda özüçe döredijiligini ulanyp, üýtgeşiklik girizip ýasaýar.

Çaga öz eli bilen zat ýasanda döredijiliginiň, zähmetsöýerliginiň terbiýelenýändigini görýäris. Çaga oýnawajy ýasalandaky tehniki endikleri kämilleşenden soň, esasy ünsi onuň işe döredijilikli çemeleşmesine gönükdirmeli. Çagalaryň özbaşdak döredijilikli işlemegi

 

her çagada dürli-dürlüdir. Käbir çaga döredijilikli özbaşdak işlemäge başlasa, beýleki çaga diňe görenini ýasaýar.

Çagalaryň döredijiligini ösdürmekde halk oýnawaçlary köp peýda getirýär. Halk döredijiliginde oýnawaç çaganyň ünsüni özüne çekýär. Sebäbi bu gurjak ýa-da oýnawaç hakykata ýakyn, öwüşginli, owadan bolýar. Bu bolsa çaga gözellik terbiýäni berýär. Eger munuň ýaly oýnawaç iş burçunda saklanylyp goýulsa, çagalar şekil ýasanlarynda ony synlap, ondan nämedir bir zady almaklary mümkin.

Çagada gözellige bolan teşnelik onuň durmuşynyň ilkinji ýyllaryndan başlanýar. Eger çaganyň otagyny owadan gurnamalar, (guramalar) owadan tikilen matalar, her hili reňkli oýnawaçlar bilen bezeseň, çaga gözellige öwrenişip, ondan aýrylasy gelmez. Çaga entek kiçijek bolsa-da gözelligi duýýar we oňa ymtylýar. Terbiýeçi bilen ene-atalar çagalaryň owadanlygy tapawutlandyryp bilmek ukybyny kämilleşmeklerine kömek etmelidir.





Terbiýeçi ýumşak oýnawaçlary taýýarlanda, çagalarda zähmete bolan söýgini oýarmak üçin ýönekeýje ýumuşlary tabşyrmalydyr. Meselem: Öňden taýýarlanan balyjagyň şekiline terbiýeçi Jerenjige pagtalary salmagy buýurýar. Şunluk bilen çagalar tehniki hereketleri gowy özleşdirenlerinden soň, olar özleri boýunça dürli-dürli üýtgeşik zatlary ýasap başlaýarlar. Çagalaryň uly şatlygy terbiýeçiniň ýolbaşçylygynda ýasalan oýnawaçlardyr. Her ýylyň dowamynda «Ýylyň terbiýeçisi» atly bäsleşik geçirilip durulýar. Şol bäsleşige gatnaşýan terbiýeçileriň arasynda elde ýasalan işleriň, oýnawaçlaryň sergisi geçirilýär. Sergi bolsa terbiýeçileriň biri - birinden nusga almagy üçin peýdalydyr.

## Dürli oýnawaçlaryň bejeriliş usullary

Çagalar bagynyň özboluşly aýratynlygy bar. Esasan, çagalar bagy dürli oýnawaçlaryň, kitaplaryň köp saklanýan ýeri bolup durýar. Terbiýeçi çagalara ilkinji gelen gününden başlap, çagalar nähili oýnawaçlary ulanmaly we olary nähili saklamagy öwretmelidir. Çagalaryň öz öňünde duran borçlarynyň her biri şol oýnamaga berlen oýnawaçlary ýa-da okamaga berlen kitaplary arassa ulanyp bolandan soň, öz ýerinde goýmagydyr hem-de terbiýeçi her bir çagadan oýnawajy ýerinde goýmagy talap etmegi başarmalydyr. Terbiýeçi talap edip dursa, çagalar hökman ony başaryp bilmegi öwrenýärler. Eýýäm şol talap ýaş çagalaryň endigi bolup başlaýar. Şol düzgünleri her bir terbiýeçi çagalara ýerine ýetirdende wagtyň geçmegi bilen oýnawaçlar, kitaplar könelip ýa-da döwlüp bilýär. Şonuñ üçin her bir terbiýeçi hem şol oýnawaçlary bejermegi ýa-da kitaplary ýelim bilen ýelimlemegi başarmalydyr hem-de çagalara şolaryň bejeriş usullaryny öwretmegi, şol bejeriş işleri el bilen ýerine ýetirmegi hem başarmalydyr. Şol işleri eliñ bilen ýerine ýetirseñ

hem olar ykjam dur- ýar hem-de köp wagtlap saklap bolýar. El bilen bejerilse, has arassa hem owadan görünýär.

Köp işleri terbiýeçi çagalaryň öňünde ýerine ýetirmegi başarmalydyr. Sebäbi çagalar şol döwürden oýnawaçlaryň ýa-da ýyrtylan kitaplaryň, nähili ýagdaýda öňki derejesine getirilýändigini görýärler. Çagalar şol terbiýeçiniň olary nähili birnäçe işlerine üns bilen seredip oturýarlar, soňra bolsa terbiýeçiniň kömegi bilen oýnawaçlaryň ýa-da ýyrtylan kitaplaryň bejeriş usullaryny öwrenýärler. Çaga öýüne baryp, oýnawaç ýa-da kitap alyp, terbiýeçiniň nädip olary bejerendigini ýadyna salyp, şol usulda-da şony özüçe ýerine ýetirýär. Diýmek, her çaga nirede we haçan nähili-de bir iş görse, ilki bilen şol edilýän işe üns bilen syn edýär, soňra bolsa şony özbaşdak ýerine ýetirjek bolýar. Her dürli oýnawaçlar hem dürli-dürli serişdelerden tikilýär. Geliň, birnäçe bejeriş ýa-da tikiniň tikiliş usullarynyň, düzgünleriniň üstünde durup geçeliň. Birnäçe görnüşli oýnawaçlary sypaldan, ýüpi örüp, biri-birinden geçirip ýa-da dürli matadan tikip, içine pagta goýup ýasaýarlar, tikýärler. Esasan, ýüp bilen işlänimizde, eger ýüpi berk bolmasa, onda ol ýüp ilki bilen üzülip, soňra sökülip gider. Şonuň üçin ýasan oýnawaçlarymyzy berk ýüp bilen örüp başlamaly. Ören mahalyň ýüpüňi sykrak örmeli. Şonuň ýaly işleri hem çagalara öwretmäge çalyşmalydyr. Ýuka metaldan taýýarlanan oýnawaçlary öňki durkuna getirmek üçin ýagly reňkler bilen reňklemek bolýar.

Agaçdan ýasalan oýnawaçlar beýleki oýnawaçlardan berkräk bolýar. Agaçdan oýnawaç ýasanymyzda örän seresaply bolmalydyr, sebäbi olar diňe çüý hem şrub bilen berkidilip ýasalýar, ýene-de rezinden hem ýasalan birnäçe oýnawaçlar bar. Olaryň, esasan, alan rezini has gowy bolmaly, sebäbi gowy bolmasa, olaryň ýasajak oýnawaçlary emele gelmeýär. Soňra olary täzeden bejermeli bolýar. Bejeriş usully oýnawaçlary ýasanymyzda, ilki bilen, has ünsli bolmaly hem-de seresaplyk düzgünini ýerine ýetirmelidir.

## Papýe-maşe



Papýe-maşe, esasan, bölek kagyzlaryň dürli görnüşlerinden ýasalýan bir şekildir. Papýe-maşe bir taýýar şekiliň üstüne birnäçe dürli görnüşli kagyzlary ýelmemegiň bir görnüşidir. Dürli taýýar şekiller hem kagyzyň gaty görnüşinden ýasalan bolmalydyr. Papýe-maşe ýasamak üçin dürli-dürli kagyzlar, ýelim, gaýçy, boýaglar, palçyk, boýaglaryň dürli çotgalary gerek bolýar. Palçyk ýa-da agaç- dan birnäçe şekilleriň ýasalyş usullary: ilki bilen şol ýasajak şekiliniň görnüşini taýýarlap, soňra şony palçykdan ýasajak bolsak, ilki palçygy çalyp, soňra ýaňky guraýança garaşyp, gurandan soňra ýaňky palçygyň ýüzüne kagyz bilen ýelmäp başlaýarys. Soňra gurar ýaly ýerde birnäçe minut durandan soňra, ýaňky palçygy döwüp aýranymyzda, kagyzdan ýasan papýe-maşe şekilimiz emele gelýär. Ýene-de birnäçe görnüşli papýe-maşeden şekiller ýasamak bolýar. Ine, çagalar bu suratda biz gipsden ýasalan birnäçe şekilleri görýäris. Ine, bu suratda birinji kömelek ýasalypdyr, soňra onuň üçin gaty kagyzdan gutujyk ýasap ýerleşdiripdirler, ýaňky gutujygy bolsa 3 gezekde aýrypdyrlar. Diýmek, bu şekiller kagyz bilen, esasan, gips, hek bilen ýasalypdyr.

Çagalar ýene-de biz şutaýda kagyzdan gyrkylyp palçyk bilen plastilinden ýasalan şekili görýäris. Bu ýerde bize ýöne armydyň şekilini alyp görkezipdirler, ikinjide armydyň kagyzdan ýelmenen görnüşi, üçünjide ýaňky armydy deň ikä bölüp, gurar ýaly goýupdyrlar, dördünjide gurandan soňra ýaňky şekili biri-birine birikdiripdirler, bäşinjide ýaňkynyň ýüzüne plastilin ýelmenen görnüşi, altynjyda bolsa plastilinden taýýar bolandan soňra, ýene-de armydyň ýaprajyklaryny plastilinden ýelmäpdirler. Ine, çagalar şular ýaly alty görnüşde biziň bir şekilimiz kagyzdan, plastilinden, palçykdan, gipsden ýasalýandyr.



Her bir papýe-maşe görnüşli işini ýerine ýetirenimizde palçykdan, gipsden, dürli kagyzlardan ýasamaklygyň özüne mahsus bolan usuly, görnüşi bardyr.

**Amaly-tejribe iş:**

1. Papýe-maşeden dürli görnüşleri ýasamak: kömelek, käşir, hyýar.
2. Arçalaryň oýnawaçlaryny taýýarlamak: kömelek, gök-önümler, ir-iýmişler.
3. Maskalaryň şekillerini ýasamak: tilki, aýy, towşan, möjek.

Kömelek, esasan, material görnüşde alynýar. Arça oýnawaçlary, ir-iýmişler we gök-önümler, ýapraklardan we arçalaryň taýajyklaryndan ýasalýar. Arça oýnawaçlaryny dürli, özüne gelşikli bolan boýaglar bilen hem boýaýarlar. Nikaplaryň (maskalaryň) şekilleri bolsa dürli ertekilerde, oýunlarda geýmek üçin ýasalýar. Bu ýerde biz oýun oýnalanda papýe-

maşe üçin alnan materiallary hem-de arçadan alnan we papýe-maşe görnüşde ýasalan oýnawaçlary görýäris.

### Çagalar bagynda iş burçy

*Oýnawaçlarda bejeriş işlerini geçirmegiň görnüşleri.* Çagalar bagynyň iş tertibinde terbiýeçi dürli görnüşli matalardan, agaçlardan, rezinlerden oýnawaçlar ýasap hem-de oýnawaçlaryň üstünde bejeriş işlerini geçirmelidir. Şu iş tertibinde hem çagalar bilen işlemelidir. Birnäçe oýnawaçlar bejerilende terbiýeçiniň ýanynda özüne, çagalara gerek boljak esbaplar bolmalydyr. Bejeriş ýa-da ýasalyş usullaryny geçenimizde, ilki bilen, işlejek otagymyzyň arassaçylygyna seretmeli, ol otag ýagty bolmalydyr. Biz işlänimizde, ilki bilen, özümize laýyk stoluň üstünde işlemeli, çagalar bolsa ýörite öz boýuna laýyk stoluň üstünde işlemelidir. Birnäçe oýnawaçlary ýasap, bejerip bolanymyzdan soňra, olary ýörite şkafda goýmalydyr. Şkaf hem çagalaryň öz boýuna laýyklykda ýasalan bolmaly. Biziň otagymyzda ýerleşýän ähli zatlarymyz çagalaryň eli ýeter ýaly bolmalydyr.

*Jemleýji iş:* Hepdede bir sapar çagalaryň, terbiýeçiniň elleri bilen ýerine ýetirilen, taýýarlanan işleri barlap, sergi geçirmelidirler. Bu çagalaryň edýän işlerine bolan höwesini artdyrmalydyr.

### Çagalar bagynda zähmet howpsuzlygynyň umumy düzgünleri

1. Işi diňe terbiýeçiniň ýolbaşçylygynda ýerine ýetiriň.
2. Işi diňe terbiýeçiniň rugsat bermegi bilen başlaň.
3. Düzüw däl, kütek abzallar bilen işlemäň.
4. Iş wagty gurallary terbiýeçiniň görkezişi ýaly tutuň.
5. Iş ýerinde tertip-düzgüni we arassaçylygy saklaň.
6. Iş wagty ünsli boluň, gürrüň etmäň, başga işe ünsüňizi sowmaň.

### Gaýçy bilen işlenilende howpsuzlyk düzgünleri

1. Gaýçynyň ujuny ýokary edip saklamaň.

2. Nurbaty gowşan gaýçy bilen işlemäň.
3. Ýöräp barýarkaňyz gaýçy bilen hiç bir zady gyrkmaň.
4. Gaýçyny açyk ýagdaýda goýmaň.
5. Ýoldaşyňyza gaýçyny ýapyk görnüşde uzadyň, ony ujundan tutup uzatmaň.
6. Gaýçyny partanyň gyrasynda goýmaň.

**Ýelim bilen işlenilende howpsuzlyk düzgünleri**

1. Ýelimi çotga bilen çalyň.
2. Ýelimiň göze düşmeginden ägä boluň.
3. Ýelim bilen işläp bolanyňyzdan soň, eliňizi sabyn bilen gowy ýuwuň.

**Şahsy arassaçylygyň düzgünleri**

1. Iş ýerine ýetirilenden soň, eliňizi sabyn bilen ýuwuň.
2. Eliňizi gury we arassa elýaglyga süpüriň.
3.Tejribe işlerine başlamazdan öň, iş egin-eşikleriňizi geýiň.
4. Işi tamamlanyňyzdan soň, iş ýeriňizi tertibe salyň.

**Peýdalanylan edebiýatlar**

1. Gurbanguly Berdimuhamedow. “Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr”. Aşgabat: TDNG , 2007.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy. Aşgabat: TDNG, 2007.
3. “Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow”. Gysgaça terjimehal. Aşgabat: TDNG, 2007.
4. “Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty”. Aşgabat: TDNG , 2007.
5. Gurbanguly Berdimuhamedow. “Parahatçylyk, döredijilik progres syýasatynyň dabaralanmagy ”. Aşgabat: TDNG, 2007.
6. Türkmenistanyň XX Halk Maslahatynyň resmi namalary, çykyşlar we metbugatdaky seslenmeler . (Mary şäheri, 2007-nji ýylyň Nowruz aýynyň 30-y) Aşgabat: TDNG, 2007.
7. Gurbanguly Berdimuhamedow. “Türkmenistanda saglygy goraýşy ősdürmegiň ylmy esaslary” Aşgabat : TDNG, 2007.
8. “Türkmenistanyň ykdysady, syýasy we medeni taýdan ősdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry” Milli maksatnamasy. Aşgabat, 2003.
9. Çaryýew N, Jumaýewa O. Zähmet okuwy.1synp. Aşgabat- Türkmen dōwlet neşirýat gullugy. 2005 ý
10. Çaryýew N.,Jumaýewa O. Zähmet okuwy.2 synp. Aşgabat- Türkmen döwlet neşirýat gullugy. 2005ý
12. O.Jumaýewa , Çaryýew N .Zähmet okuwy. 3 synp. Aşgabat- Türkmen döwlet neşirýat gullugy. 2009ý
13. Myradow B.J.Başlangyç klaslarda zähmet sapaklary. Türkmenabat-2000

14. O.Jumaýewa we başgalar. Orta mekdepleriň I-VI synplary üçin zähmet okuwy dersleri boýunça okuw maksatnamasy. Aşgabat.Türkmen döwlet neşirýat gullugy. 2007 ý.

15. Tursunow J.Ş. Geljekki mugallymlarda kommunikatiw başarnygyň kemala gelmeginde didaktiki oýunlary ulanmak. Mary, 1996, 45 sah.

16. Атутов П.Р. и другие.Связь трудового обучения с основами наук. Москва «Просвещение» 1988

17. Богатеева А.Г. Аппликация по мотивам народного орнамента в детском саду.Москва «Просвещение» 1982

18. Богатеева А.Г. Чудесные поделки из бумаги.Москва «Просвещение» 1992

19. Глущенко А.Г.Трудовое воспитание младших школьников в внеклассной работе.Москва «Просвещение» 1985

20. Калней и другие. Основы методики трудового и профессионального обучения.(Под ред. В.А.Полякова. Москва «Просвещение» 1987

21. Конышева Н.М. Методика трудового обучения с практикумом в учебных мастерских, вып.4.Лепка. Москва «Просвещение»

22. Маркова Т.А. Воспитание трудолюбия у дошколников. Москва «Просвещение»1991

24. Рожнев Я.А.Методика трудового обучения с практикумом в учебных Мастерских. Москва «Просвещение»1988.

25. Перевертень Г.И. Самодельки из бумаги. Москва «Просвещение»198